TÜRKMENISTANDA SAÝLAWLARY WE SALA SALŞYKLARY GEÇIRMEK BARADAKY MERKEZI TOPAR

# SAÝLAW ULGAMYNYŇ ESASLARY

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2013

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow:**

*– Biziň halkymyz oňat işläni tanamagy, saýlamagy we oňa hormat goýmagy başarýan halk.*

*– Bizde Türkmenistanyň kanunçylygyna we halkara hukugynyň kadalaryna doly laýyk gelýän demokratik saýlawlary guramak we geçirmek boýunça oňat tejribe toplandy. Biz geljekki saýlawlary hem şol ülňülere doly laýyklykda, giň dalaşgärlik esaslarda, aç-açanlyk we aýanlyk şertlerinde, gizlin ses bermek arkaly geçireris.*



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

*“Türkmenistan – demokratik, hukuk we dünýewi döwlet bolup, onda döwleti dolandyrmak prezident Respublikasy görnüşinde amala aşyrylýar”.*

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 1-nji maddasy

# GIRIŞ

Türkmen halkynyň durmuşynda raýatlaryň saýlamaga we saýlanmaga bolan hukuklary özüniň gözbaşyny taryhyň jümmüşinden alyp gaýdýar. Taryhy jähtden bu wajyplygy şeýle düşündirip bolar. Türkmenleriň taryhy durmuşyndaky kiçi parlament geňeşlerinde her bir halkyň agzasy deň görlüpdir. Şol geňeşlerde çopanyňam, kethudanyňam ses bermek hukugy bolupdyr. Adalatlylyk, açyklyk, deňlik wezipeli adamlary saýlamaklygyň esasy ugry saýylypdyr we bu esaslar doly derejede ýerine ýetirilipdir.

Türkmenistanyň taryhynda saýlawlaryň halkyň erk-ygtyýaryna eýermek kadalary durmuşyň içinden eriş-argaç bolup geçýär. Taryhda her bir döwlete dahylly we beýleki meseleler bilen baglanyşykly maslahatlarda halkyň erk-islegi – saýlawy netijesinde çözülipdir. Eger bir mesele çözülmän galaýanda-da, ol açyk häsiýetde galdyrylypdyr. Bellenen möhletde şol mesele çözülmese, soň halkyň açyk ses bermegi bilen çözülipdir.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň pähim-parasada ýugrulan öňdengörüjilikli we milli demokratik döwlet syýasaty netijesinde ýurdumyz günsaýyn

gülläp ösýär. Gysga wagtyň içinde «Döwlet – adam üçindir!» diýen dana şygarymyz esasynda bedew bady bilen öňe barýan ýurdumyzda ähli ugurlarda asyrlara barabar netijeli uly işler ýerine ýetirildi.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe beýleki ähli ulgamlar bilen birlikde ýurt Baştutanymyzyň saýlaw ulgamyna içgin üns berip, Merkezi saýlaw toparynyň işine ýakyndan ýardam etmegi bilen, ýurdumyzda saýlawlar milli demokratiýamyz esasynda we halkara ölçeglerine laýyklykda geçirilýär hem-de saýlaw ulgamy barha kämilleşdirilýär.

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2013-nji ýylyň 14-nji ýanwarynda Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlary bilen duşuşygynda eden çykyşynda "Türkmenistanyň raýatlarynyň iň möhüm syýasy hukuklarynyň birini – saýlamaga we saýlanmaga bolan hukugyny kepillendirýän milli hukuk kadalaryny tertipleşdirmek boýunça işleri dowam etmeli, geljekde bolsa Saýlaw kodeksini işläp taýýarlamaly we kabul etmeli" – diýip beren tabşyrygy esasynda Türkmenistanyň Saýlaw kodeksi taýýarlanyldy we kabul edildi.

Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy esasynda, saýlawlar we sala salşyklar hakyndaky kanunçylygy kämilleşdirmek işleriniň çäklerinde, halkara we milli tejribelerden ugur alnyp, Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň kabul edilmegi ýurdumyzda geçirilýän saýlawlaryň halkara derejesinde we guramaçylykly geçirilmegine uly ýardam berýär.

Mähriban Prezidentimiziň alyp barýan "Açyk gapylar" we demokratik döwlet syýasaty esasynda Türkmenistanyň

dünýä derejesinde abraýy has-da belende göterilip, ol iň bir ygtybarly halkara dostluk-doganlyk hyzmatdaşlygynyň we gatnaşyklarynyň amala aşyrylýan ýurduna öwrüldi. Türkmenistan dünýäniň abraýly halkara guramalary bolan Birleşen Milletler Guramasy, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy, Ýewropa Bileleşigi, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy we beýleki guramalar bilen ýakyndan aragatnaşyk saklaýar.

Bu gatnaşyklar saýlaw ulgamynda hem özüniň doly beýanyny tapýar. Saýlawlara Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna girýän ýurtlardan, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasyndan, Birleşen Milletler Guramasyndan halkara synçylaryň gatnaşmagy saýlawlary geçirmekde halkara derejesinde tejribe alyşmaga ýardam berýär. Munuň özi bolsa ýurdumyzda saýlawlaryň demokratik esaslarda, halkara kadalaryna laýyklykda geçirilýändiginiň, milli demokratiýamyzyň dabaralanýandygynyň we Türkmenistanyň halkara derejesinde ykrar edilen demokratik ýörelgelere doly derejede ygrarlydygynyň aýdyň subutnamasydyr.

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2013-nji ýylyň 17-nji awgustynda Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň VII gurultaýynda sözlän sözünde saýlamaga we saýlanmaga bolan konstitusion hukuklaryndan peýdalanýan raýatlarymyzyň ýurduň wekilçilikli edaralarynyň üsti bilen döwleti we jemgyýeti dolandyrmaga işjeň gatnaşmagynyň zerurdygyny aýratyn belledi.

Türkmen halkyna mahsus bolan milli demokratik ýörelgelerimizden ugur alnyp, ýurdumyzda saýlawlar saýlaw hukugynyň halkara derejesinde ykrar edilen kadalara laýyklykda we bäsleşik esasynda geçirilýär.

Şunuň bilen birlikde saýlawlary geçirmekligiň halkara tejribelerini, saýlaw ulgamynyň ugurlaryny giňişleýin öwrenmek, bular barada saýlawçylaryň arasynda, saýlaw toparlarynyň arasynda düşündirişler geçirip, ony halk köpçüliginiň aňyna ýetirmek, şonuň netijesinde-de jemgyýeti has-da demokratiýalaşdyrmak, saýlaw ulgamyny kämilleşdirmek esasy wezipelerimiziň biri bolup durýar.

Şu nukdaýnazardan, Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi toparyň edarasy tarapyndan “Saýlaw ulgamynyň esaslary” ady bilen şu gollanma işlenilip taýýarlanyldy. Gollanmada Türkmenistanyň saýlaw ulgamy, saýlaw ulgamynyň esasy üç ugry: mažoritar saýlaw ulgamy, proporsional saýlaw ulgamy we garyşyk saýlaw ulgamy hem-de bu ulgamlaryň halkara tejribelerinde ulanylyşy, şeýle hem beýleki döwletlerde ulanylýan, saýlawlary geçirmekligiň halkara tejribeleri beýan edilýär.

**Türkmenistanda Saýlawlary
we sala salşyklary geçirmek
baradaky Merkezi topar**

*“Türkmenistanyň öz ygtyýarlylygyny halk amala aşyrýar, halk döwlet häkimiýetiniň ýeke-täk gözbaşydyr. Türkmenistanyň halky öz häkimiýetini gös-göni ýa-da wekilçilikli edaralaryň üsti bilen amala aşyrýar”.*

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň
2-nji maddasy

# I. SAÝLAW ULGAMY BARADA DÜŞÜNJE

Saýlaw ulgamy diýen düşünje saýlaw hukugyny bermegiň tertibini, saýlawlary we sala salşyklary geçirmegiň we ses bermegiň netijelerini takyklamagy sazlaşdyrýan ähli hukuk kadalarynyň ygtyýarlyklarynyň jemini aňladýar. Şeýle-de saýlaw ulgamy diýen düşünje ylmy edebiýatlarda, adatça, iki manyda – giň we dar manyda ulanylýar.

Saýlaw ulgamy diýlip giň manyda aýdylanda – bu jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ulgamy bolup, häkimiýet edaralarynyň açyk saýlawlary bilen baglanyşyklydyr. Munuň çäklerindäki gatnaşyklar örän giňişleýin häsiýete eýedir. Oňa saýlawçylar we saýlanýanlar bilen bagly meseleler, saýlaw möwsümi – saýlawlaryň başyndan tä aýagyna çenli alnyp barylmaly işleriň hemmesi girýär. Saýlaw ulgamy konstitusion hukuklaryň bir bölegi bolan saýlaw hukugynyň kadalary esasynda düzgünleşdirilýär. Ýöne hemme saýlaw ulgamy hukuk kadalary esasynda düzgünleşdirilmeýär. Sebäbi oňa saýlaw ulgamynyň düzümine korporatiw kadalary (syýasy jemgyýetçilik birleşikleriniň düzgünnamalary we ş.m.) we şol jemgyýetiň däp-dessurlary esasynda düzgünleşdirmek hem girýär.

Saýlaw ulgamynyň dar manysy biziň üçin has wajyp bolup durýar. Sebäbi saýlaw ulgamynyň bu manysy bellige alnan dalaşgärleriň haýsysynyň degişli wezipä ýa-da deputatlyga saýlanandygyny kesgitlemek bilen baglanyşykly bolup durýar. Kimiň saýlanandygyny kesgitlemek bolsa haýsy saýlaw ulgamynyň ulanylýandygyna garaşly bolup durýar. Haýsy saýlaw ulgamynyň ulanylýandygy bilen bagly ses bermegiň netijeleri düýpgöter üýtgeşik bolup biler. Şol sebäpli-de syýasy partiýalaryň özleri üçin has bähbitli saýlaw ulgamyny saýlap almaga bolan çekişmeleri seýrek bolmaýar.

Mysal üçin, 1993-nji ýylda Italiýa proporsional saýlaw ulgamyndan garyşyk saýlaw ulgamyna, Täze Zelandiýa bolsa mažoritar saýlaw ulgamyndan proporsional saýlaw ulgamyna geçdiler. Ýöne esasy bellemeli zadyň biri döwletleriň ikisinde-de bu sorag ählihalk sala salşygyny geçirmek arkaly çözüldi.

## II. SAÝLAWLARYŇ HALKARA HUKUK ESASLARY

Dünýäniň jemgyýetçilik durmuşynda adam hukuklaryny we azatlyklaryny kanun esasynda goramak maksady bilen, halkara guramalary bilen işlenilip taýýarlanylan, döwlet häkimiýet edaralarynyň saýlawlaryny geçirmegiň standartlaryna gyzyklanma ösüp başlaýar. Elbetde, bu kanunçylyklar diňe bellibir döwlet üçin däl-de, eýsem, halkara derejesinde ykrar edilen kadalardyr.

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan 1948-nji ýylyň 10-njy dekabrynda Pariž şäherinde kabul edilen Adam hukugynyň ählumumy jarnamasynyň 21-nji maddasynda adam hukuklarynyň saýlawlar bilen baglanyşykly şu aşakdaky düzgünleri bellenilýär.

1. Her bir adamyň öz ýurduny dolandyrmaga gönüden-göni ýa bolmasa erkin seçilen wekilleriň üsti bilen gatnaşmaga hukugy bar.

2. Her bir adamyň öz ýurdunda döwlet gullugynyň elýeter bolmagyna hukugy bar.

3. Halkyň erk-islegi hökümetiň häkimiýetiniň esasy bolmaly; şol erk-isleg döwürleýin we galplaşdyrylmadyk saýlawlarda öz beýanyny tapmaly, olar ählumumy we saýlaw hukugynyň bolmagynda, gizlin ses bermek arkaly ýa bolmasa ses bermegiň azatlygyny üpjün edýän beýleki barabar görnüşler arkaly geçirilmeli.

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan 1966-njy ýylyň 16-njy dekabrynda Nýu-Ýork şäherinde kabul edilen Raýatlar we syýasy hukuklar hakyndaky halkara ylalaşygynyň 25-nji maddasy bilen, her bir raýatyň hukugy we mümkinçiligi hiç bir kemsidilmesiz şu aşakdaky tertipde berkidilýär.

Her bir raýatyň 2-nji maddada görkezilen haýsydyr bir kemsitmeler we esaslandyrylmadyk çäklendirmeler bolmazdan, şulara hukugy we mümkinçiligi bolmaly:

a) döwlet işlerini ýöretmäge göni bolşy ýaly, şeýle hem erkin seçilip alnan wekilleriň üsti bilen gatnaşmaga;

b) ählumumy we deň saýlaw hukugy esasynda gizlin ses bermek arkaly geçirilýän we saýlawçylaryň erk-isleginiň azat beýan edilmegini üpjün edýän hakyky döwürleýin saýlawlarda saýlamaga we saýlanylmaga;

ç) öz ýurdunda umumy şertlerde döwlet gullugynyň elýeter bolmagyna.

Ýewropa Geňeşi tarapyndan 1950-nji ýylyň 4-nji noýabrynda Rim şäherinde kabul edilen Adam hukuklaryny we esasy azatlyklaryny goramak hakynda Ýewropa Konwensiýasynyň №1 Teswirnamasynyň 3-nji maddasy indiki düzgünlerden ybaratdyr:

"Gepleşik geçirýän beýik taraplar kanun çykaryjy häkimiýeti saýlamakda halkyň erk-islegleriniň erkinligini üpjün edýän şertlerdäki gizlin ses bermek arkaly oýlanyşykly, wagtly-wagtynda erkin saýlawlary geçirmeklige borçlanýarlar".

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan 1965-nji ýylyň 21-nji dekabrynda Nýu-Ýork şäherinde kabul edilen Jynsy kemsitmäniň ähli görnüşlerini ýok etmek hakyndaky halkara Konwensiýasynyň 5-nji maddasynda şu düzgünler beýan edilýär:

Şu Konwensiýanyň 2-nji maddasynda beýan edilen esasy borçnamalara laýyklykda gatnaşyjy döwletler jynsy kemsitmäniň ähli görnüşlerini gadagan we ýok etmäge hem-de jynsyna, teniniň reňkine, milletine ýa etniki aslyna garamazdan, her bir adamyň kanun öňünde deňligini, aýratyn-da, aşakda görkezilen hukuklary amala aşyrmaklygy üpjün etmäge borçlanýar.

Syýasy hukuklar – hususan-da, ählumumy we deň saýlaw hukugy esasynda saýlawlara gatnaşmak – ses bermek we sese goýulmak hukugy, ýurdy dolandyrmak, hut şonuň ýaly-da islendik derejede döwlet işlerine ýolbaşçylyk etmek hukugy, şeýle hem döwlet gullugynyň deň derejede elýeter bolmagyna degişli hukuklardyr.

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan 1952-nji ýylyň 20-nji dekabrynda Nýu-Ýork şäherinde kabul edilen Aýallaryň syýasy hukuklary hakyndaky Konwensiýada aşakdaky düzgünler beýan edilýär:

## 1-nji madda

Aýallaryň ähli saýlawlarda hiç hili kemsitmesiz erkekler bilen deň şertlerde ses bermäge hukugy bar.

## 2-nji madda

Aýallar milli kanun bilen bellenilen, açyk saýlawlaryň geçirilmegini talap edýän ähli edaralara hiç hili kemsitmesiz, erkekler bilen deň şertlerde saýlanylyp bilner.

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan 1952-nji ýylyň 19-njy dekabrynda Nýu-Ýork şäherinde kabul edilen Aýallar barada kemsitmäniň ähli görnüşlerini ýok etmek hakyndaky halkara Konwensiýasynyň 7-nji maddasynda şu aşakdaky düzgünler beýan edilýär:

Gatnaşyjy döwletler ýurduň syýasy we jemgyýetçilik durmuşynda aýallar baradaky kemsitmäni ýok etmek boýunça ähli degişli çäreleri görýär we hususan-da, aýallara:

a) ähli saýlawlarda we sala salşyklarda ses bermek hem-de ähli köpçülikleýin saýlawly edaralara saýlanmak;

b) hökümetiň syýasatynyň kesgitlenilmegine we amala aşyrylmagyna gatnaşmak hem-de döwlet wezipelerini eýelemek, şeýle hem döwlet dolandyryşynyň ähli derejelerinde ähli döwlet wezipelerini amala aşyrmak;

ç) ýurduň jemgyýetçilik we syýasy durmuşynyň meseleleri bilen meşgullanýan, hökümete dahylly däl guramalaryň we birleşmeleriň işine gatnaşmak hukugyny erkekler bilen deň şertlerde üpjün etmek. Saýlawlary kanuna we halkara standartlaryna laýyklykda geçirmegiň usullary özünde birnäçe demokratik ýörelgeleri jemleýär. Şonuň esasynda-da ýurtlarda saýlawlaryň geçişiniň aýanlygyna, hakykydygyna hem-de adalatlydygyna baha berilýär.

Saýlawlary demokratik ýörelgelere we halkara standartlaryna laýyklykda geçirmegiň kadalary: 1) ählumumy saýlaw hukugy; 2) deň saýlaw hukugy; 3) göni saýlaw hukugy; 4) gizlin ses bermek; 5) yzygiderli we hökmany saýlawlar; 6) açyk we aýan saýlawlar; 7) erkin saýlawlar; 8) hakyky saýlawlar; 9) adalatly saýlawlar.

### 1. Ählumumy saýlaw hukugy:

a) Konstitusiýada, Kanunda bellenilen ýaşa ýeten her bir raýatyň döwlet häkimiýet edaralaryna, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna hem-de beýleki saýlawly wezipelere saýlamaga we saýlanmaga hukugy bolmaklyk;

b) her bir raýatyň döwlet häkimiýet edaralaryna, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna hem-de beýleki saýlawly

wezipelere saýlamaga we saýlanmaga bolan hukugyny raýatlaryň haýsy millete degişlidigine, teniniň reňkine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk hem wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, dine garaýşyna, syýasy ygtykadyna, haýsy partiýa degişlidigine ýa-da hiç partiýa degişli däldigine garamazdan, göni ýa-da gytaklaýyn çäklendirmezlik;

ç) saýlawlaryň geçirilýän döwründe öz döwletiniň çäginden daşarda ýaşaýan ýa-da bolýan her bir raýatyň, öz döwletindäki beýleki raýatlar bilen bir hatarda deň saýlaw hukugynyň bolmagy. Daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalar we konsullyk edaralary, olaryň wezipeli adamlary tarapyndan raýatlaryň saýlaw hukuklarynyň we erkinlikleriniň üpjün edilmegine ýardam bermek;

d) her bir raýata saýlawçylaryň sanawlaryndaky özüne degişli maglumatlaryň anyk we dolulygyny takyklamak maksady bilen, onuň tanyşdyrylmagyny guramak, sanawlardaky nätakyklyklar hakyndaky arzalary kabul etmek we olara garamak, oňa degişli düzedişleri girizmek baradaky meseläni çözmek.

## 2. Deň saýlaw hukugy:

a) her bir raýatyň beýleki raýatlar bilen deň derejede bolan bir ýa-da birnäçe sesi bardyr, asla onuň sesiniň agramy beýleki saýlawçylaryň sesi nähili bolsa, şonuň ýaly hem bolmalydyr, şunuň bilen baglylykda döwletde ulanylýan saýlaw ulgamy sesleriň deň derejeliligini saklamalydyr;

b) bir mandatly (bir mandatly saýlaw okrugynda birnäçe dalaşgär bäsleşýär, ýöne ses bermegiň netijelerine laýyklykda, şol okrugdan diňe bir dalaşgär saýlanylýar)


2. Sargyt № 2236

ýa-da köp mandatly (köp mandatly saýlaw okrugynda birnäçe dalaşgär bäsleşýär, ses bermegiň netijelerine laýyklykda hem şol okrugdan birnäçe dalaşgär saýlanylýar) saýlaw okruglary boýunça ses bermeklik geçirilende, bu okruglar deň esaslarda döredilýär, ýagny ses bermekligiň jemleri takyk we doly saýlawçylaryň erk-isleglerini beýan eder ýaly takmynan deň bolan saýlawçy sany bilen döredilýär. Deňligiň esasy ölçegi bir mandatly saýlaw okrugynda saýlawçylaryň sanynyň köplüginiň takmynan deňligi bilen ýa-da köp mandatly saýlaw okrugynda bir mandata düşýän saýlawçylaryň takmynan deň sany bilen kesgitlenilýär.

Diýmek, her bir saýlawçynyň deň derejede we hiç bir garşylyksyz saýlaw uçastogynda hem-de ses berilýän jaýda bolmaga hukugy bardyr. Şonuň bilen birlikde, saýlawçylaryň öz hukuklaryny berjaý etmekleri üçin saýlawlar gününden öň ses bermek, saýlaw uçastogynyň daşynda ses bermek we beýleki ses bermekligiň oňaýly şertlerini üpjün edýän mümkinçilikler döredilmelidir.

Her bir raýatyň saýlawlarda özüniň kandidaturasyny hem dalaşgärlige hödürlemäge bolan deň hukugy bolmalydyr.

Dalaşgärleriň saýlaw möwsümine gatnaşmagy bilen bagly çäklendirilen hukuklary, ýagny saýlawly wezipä saýlananlaryň täzeden ikinji ýa-da ondan-da köp möhlete saýlanmagy konstitusiýa, milli kanunçylyk bilen düzgünleşdirilýär.

Dalaşgärleriň saýlawlaryň öň ýanyndaky möwsümi alyp barmak, saýlanmak maksady bilen öz wezipe we gulluk ýagdaýyny peýdalanmagyna ýol berilmeýär. Deň saýlaw

hukugynyň düzgünleriniň bozulmagy we şu düzgün bozulmalar bilen bagly jogapkärçilik çäreleri milli kanunçylyk esasynda kesgitlenilýär.

## 3. Göni saýlaw hukugy:

Göni saýlaw hukugynyň esaslarynyň berjaý edilmegi diýlip milli kanunçylyga laýyklykda saýlawçylaryň gönüden-göni dalaşgäriň we (ýa-da) dalaşgärleriň sanawnamasynyň tarapyna ýa-da dalaşgärleriň ählisiniň we (ýa-da) dalaşgärleriň sanawnamasynyň garşysyna ses bermegine düşünilýär.

Bir ýa-da iki palatadan (käbir döwletlerde Parlament iki palatadan, ýagny ýokarky we aşaky palatadan durýar, ýöne palatalaryň hersiniň deputatlarynyň özüne degişli aýratyn ygtyýarlyklary bolýar) ybarat bolan milli kanun çykaryjy wekilçilikli döwlet häkimiýet edarasynyň ähli deputatlyk mandatlary, ählihalk (ählumumy) saýlawlarda dalaşgärleriň we (ýa-da) dalaşgärleriň sanawnamasynyň erkin bäsleşmeginiň obýekti bolup durýar.

Eger-de deputatlyk mandatlarynyň bellibir böleginiň ýa-da beýleki palatasynyň hemmesiniň ählihalk (ählumumy) saýlawlarda dalaşgärleriň we (ýa-da) dalaşgärleriň sanawnamasynyň erkin bäsleşmeginiň obýekti bolmaýanda-da, bu ýagdaý demokratik saýlawlaryň kadalaryna garşy gelmeýär diýlip düşünilýär.

## 4. Gizlin ses bermek:

Ses bermekligiň gizlinligini berjaý etmek diýlende, saýlawçynyň erk-islegini beýan etmegini haýsy-da bolsa

bir hili ýol bilen gözegçilikde saklanmagy aradan aýyrmaga düşünilýär.

Raýatyň gizlin ses bermäge bolan hukugyny hiç hili ýagdaýda we nähili ýagdaýda bolsa-da çäklendirmäge ýol berilmeýär. Saýlawlar ses bermek gizlinliginiň düzgünlerini doly berjaý etmek esasynda geçirilmelidir.

Saýlaw toparlary konstitusiýada, milli kanunçylykda we beýleki hukuk kadalarynyň namalarynda göz öňünde tutulan düzgünlere laýyklykda, saýlawçynyň (referenduma gatnaşyjynyň) saýlaw býulleteninde özüniň erk-islegini gizlin beýan etmekligini üpjün edýär we onuň kimdir biri tarapyndan bozulmagyna ýol berilmeýär.




## 5. Yzygiderli we hökmany saýlawlar:

Döwlet häkimiýet edaralaryna, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna, beýleki halkyň wekilçilikli edaralaryna hem-de saýlawly wezipelere saýlawlar hökmanydyr we

konstitusiýada, milli kanunçylykda bellenilen möhletlerde geçirilmelidir.

Saýlawlaryň konstitusiýada, milli kanunçylykda bellenilen möhletlerde we yzygiderlilikde geçirilmeginiň hökmanylygy, saýlawly döwlet häkimiýet edaralarynda, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynda, beýleki halkyň wekilçilikli edaralarynda hem-de saýlawly wezipelerde hemişe halkyň erk-isleginiň hasyl bolmagy bilen baglanyşyklydyr.

Saýlawly edaralaryň, saýlawly wezipeleriň şahslarynyň ygtyýarlylyk möhleti konstitusiýada, milli kanunçylykda kesgitlenilýär we diňe göz öňünde tutulan düzgünlere laýyklykda üýtgedilip bilinýär.

Konstitusiýada, milli kanunçylykda kesgitlenen wagtda bellenilen saýlawlary hiç bir esassyz bökdemek we ýatyrmak ýa-da saýlawlaryň möhletini yza süýşürmek häsiýetli çagyryşlary, hereketleri etmäge düýbünden ýol berilmeýär.

Ýöne döwletiň içinde adatdan daşary ýagdaýlar ýüze çykan halatynda, raýatlaryň howpsuzlygyny we goraglylygyny üpjün etmek maksady bilen konstitusiýa, milli kanunçylyga laýyklykda saýlawlaryň möhleti öňe ýa-da yza süýşürilip bilner.

## 6. Açyk we aýan saýlawlar:

Saýlawlara taýýarlyk görmek we ony geçirmek işleriniň hemmesi aýanlyk we açyklyk ýörelgeleri esasynda amala aşyrylýar.

Döwlet häkimiýet edaralarynyň, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň, saýlaw toparlarynyň öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde saýlawlara taýýarlyk görmek we ony geçirmek, raýatlaryň saýlaw hukuklarynyň goraglylygyny we erkinligini üpjün etmek maksady bilen kabul edýän kararlary milli kanunçylykda bellenilen düzgünlerde hem-de möhletlerde hökmany suratda köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň üsti bilen ýa-da başga usullar arkaly ilatyň dykgatyna ýetirilmelidir.

Saýlaw topary saýlawlar hakyndaky milli kanunçylykda kesgitlenilen möhletiň içinde öz metbugat edarasynyň üsti bilen ýa-da beýleki köpçülikleýin habar beriş serişdeleri arkaly ses bermegiň jemleri hakyndaky we saýlanylan dalaşgärleriň degişli maglumatlary hakyndaky habary ilatyň dykgatyna ýetirýär. Saýlawlaryň açyklyk we aýanlyk esaslarynyň berjaý edilişi bilen jemgyýetçilik hem-de halkara synçylarynyň hem tanşyp bilmekleri üçin şert döredilmelidir.

## 7. Erkin saýlawlar:

Konstitusiýa baş kanun bolmak bilen erkin saýlawlary geçirmegiň esasyny düzýär we saýlaw möwsümine gatnaşýan raýatlara – saýlawçylara, saýlaw toparlarynyň agzalaryna we beýlekilere zorluk ulanmak, haýbat atmak ýa-da başga usullar arkaly gytaklaýyn täsir etmek hereketleriniň gadagandygyny hem-de bu hereketleriň jogapkärçilige getirýändigini belleýär.

Şonuň esasynda bolsa raýatlaryň saýlawlara erkin şertlerde gatnaşmaklyk ýa-da gatnaşmazlyk bilen bagly hukuk kepillikleriniň goraglylygy üpjün edilýär hem-de saýlaw möwsüminiň ähli tapgyrlarynyň, şol sanda sesleriň netijelerini takyklamak işleriniň garaşsyz şertlerde alnyp barylmagy berjaý edilýär.

Raýatlaryň saýlawlara gatnaşmak işleri erkinlik we meýletinlik esaslarynda amala aşyrylýar.

Hiç kim saýlawçyny haýsy-da bolsa bellibir dalaşgäriň (dalaşgärleriň), bellibir dalaşgärleriň sanawnamasynyň tarapyna ýa-da garşysyna ses bermäge mejbur edip bilmez. Saýlawçyny saýlawlara gatnaşmaga ýa-da gatnaşmazlyga mejbur etmek ýaly gytaklaýyn hereketleri ulanmaga, onuň öz erk-islegini erkin beýan etmegine garşylyk görkezmäge hiç kimiň hukugy ýokdur. Hiç bir saýlawçy haýsy dalaşgäriň (dalaşgärleriň), dalaşgärleriň sanawnamasynyň tarapyna ses bermek niýetiniň bardygyny ýa-da olaryň haýsysynyň tarapyna ses berendigini aýtmaga mejbur edilip bilinmez.

Konstitusiýa, milli kanunçylyga laýyklykda, mejburlyk ulanan dalaşgärler, syýasy partiýalar, beýleki saýlawa gatnaşyjylar döwletiň we jemgyýetiň öňünde jogapkärçilik çekýärler. Hiç bir dalaşgäriň, hiç bir syýasy partiýanyň, hiç bir jemgyýetçilik birleşikleriniň we guramalarynyň psihiki we fiziki täsir etmäge, zorluk ulanmaga, haýbat atmaga ýa-da başga usullar arkaly gytaklaýyn täsir etmäge düýbünden hukugy ýokdur.

## 8. Hakyky saýlawlar:

Hakyky saýlawlarda gös-göni halkyň erk-isleginiň erkin beýan edilmegi we şonuň amala aşyrylmagy dogry üpjün edilmelidir. Hakyky saýlawlarda saýlawçylara konstitusiýa, milli kanunçylyk esasynda dalaşgärleri saýlamaga ygtyýar berilýär. Hakyky saýlawlarda köppartiýalylyk we syýasy partiýalaryň wezipeleriniň ýerine ýetirilmegi, döwletiň ýuridiki goraglylygy esasynda hereket edýän kanunlar wajyp bolup durýar.

Hakyky saýlawlarda saýlawçylaryň dalaşgärler, dalaşgärleriň sanawnamasy, syýasy partiýalar we saýlaw möwsüminiň barşy baradaky maglumatlar bilen köpçülikleýin habar beriş serişdeleri arkaly erkin, dogry tanşyp bilmekleri üpjün edilýär. Saýlawlara taýýarlyk görlende we saýlawlar geçirilende döwlet dili ulanylýar ýa-da milli kanunçylykda kesgitlenilen düzgünlere laýyklykda, döwletiň gurluşyny düzýän bölege degişli bolan beýleki halklaryň, milletleriň ýaşaýan ýerlerinde olaryň resmi dilleri hem ulanylýar. Mysal üçin, dalaşgärler baradaky maglumatlary, saýlaw býulletenlerini we şuňa meňzeşleri şol halklaryň, milletleriň dillerinde çap etmek arkaly.

Saýlawlary bellemek we saýlaw möwsümini geçirmek bilen bagly çäreleriň tapgyrlaýyn hereketleri, kanuny düzgünlere we tertibe laýyklykda amala aşyrylmalydyr. Şonuň netijesinde bolsa dalaşgärlere, syýasy partiýalara we beýleki saýlawlara gatnaşyjylara saýlawlaryň öňüsyrasyndaky wagyz işlerini doly derejede alyp barmaga kanun esasynda, deň şertlerde mümkinçilik döredilmelidir.

Hakyky saýlawlarda dalaşgärleri, dalaşgärleriň sanawnamasyny we syýasy partiýalary bellige almaklyk üçin deň we adalatly hukuk şertleri göz öňünde tutulmalydyr. Bellige almaklygyň talaplary örän düşnükli bolmalydyr we bellige almaklygyň şertleri hukuk kemsidilmelere getirip biläýjek häsiýetleri özünde jemlemeli däldir. Dalaşgärler, dalaşgärleriň sanawnamasy we syýasy partiýalar bellige alnanda esassyz we hukuk kemsidilme alamatly kadalary ulanmak bolmaýar.

Saýlawlara gatnaşýan her bir dalaşgäriň we her bir syýasy partiýanyň ses bermegiň netijelerini, demokratik saýlawlaryň jemlerini ykrar etmekleri hökmanydyr, ses bermegiň jemleri, saýlawlaryň netijeleri, raýatlaryň saýlaw hukuklarynyň we erkinlikleriniň bozulandygy barada kazyýet edaralaryna we beýleki degişli edaralara milli kanunçylykda göz öňünde tutulan tertiplerde we möhletlerde şikaýat etmäge hukugy bolmalydyr.

Sesleriň sanalyşyny, sesleriň jemlerini, saýlawlaryň netijelerini galplaşdyran, raýatlaryň saýlaw hukugyny we erkinligini amala aşyrmagyna garşylyk ulanan, saýlaw çärelerini we hereketlerini ýerine ýetirmekden boýun gaçyran adamlar we edaralar kanun esasynda jogapkärçilge çekilmelidir.

## 9. Adalatly saýlawlar:

Adalatly saýlawlaryň esaslaryny berjaý etmeklik üçin saýlaw möwsümine gatnaşýanlaryň hemmesi üçin deň hukuk şertleri üpjün edilmelidir.



Adalatly saýlawlar geçirilende şu aşakdaky şertler hökmany suratda berjaý edilmäge degişlidir:

a) ählumumy we deň saýlaw hukugy;

b) her bir dalaşgär üçin ýa-da her bir syýasy partiýa üçin saýlaw möwsümine gatnaşmaklyk we şonuň bilen birlikde hem köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde çykyş etmek üçin deň şertleri döretmek;

ç) saýlaw möwsümini, dalaşgärleri, syýasy partiýalary adalatly we aýanlykda maliýeleşdirmek;

d) ses berlende, sesler sanalanda dogruçyllyk, ses bermegiň jemleri, saýlawlaryň netijeleri hakynda maglumatlary doly we öz wagtynda işjeň ýagdaýda yglan etmek;

e) saýlaw möwsüminiň saýlaw toparlary tarapyndan tarapgöýsüzlikde, jemgyýetçilik we halkara synçylygynda, aýanlykda hem-de açyklykda guralmagy;

ä) kazyýet we beýleki ygtyýarly edaralar tarapyndan raýatlaryň, dalaşgärleriň, syýasy partiýalaryň saýlaw

möwsüminiň çäklerinde ýüze çykan saýlaw hukugy we erkinligi bilen bagly düzgün bozulmalar baradaky şikaýatlaryna haýal etmän seretmek, şeýle-de raýatlara özleriniň saýlaw hukugyny we erkinligini goramak ýa-da öwezini dolmak maksady bilen halkara şertnamalarynyň kadalaryna laýyklykda, halkara kazyýet edaralaryna ýüz tutmak mümkinçiligini döretmek.

Adalatly saýlawlarda dalaşgärler degişli saýlaw okruglary boýunça saýlawçylar tarapyndan hödürlenilip bilner we (ýa-da) öz-özüni hem dalaşgärlige hödürläp biler. Dalaşgärler we (ýa-da) dalaşgärleriň sanawnamasy syýasy partiýalar, başga jemgyýetçilik birleşikleri, beýleki dalaşgärleri we (ýa-da) dalaşgärleriň sanawnamasyny hödürlemäge hukugy bolan subýektler tarapyndan konstitusiýada, milli kanunçylykda görkezilen düzgünlere laýyklykda hödürlemäge deň mümkinçilik döredilýär.

## III. SAÝLAW HUKUGYNYŇ ESASLARY BARADA DÜŞÜNJE

Saýlaw hukugy – munuň özi iň bir möhüm syýasy hukuklaryň biri bolup durýar. Saýlaw hukugynyň esaslary özüniň gözbaşyny ýurduň konstitusiýasyndan alyp gaýdýar. Konstitusiýada saýlaw hukugynyň esasy başlangyçlary beýan edilýär. Saýlaw hukugy dürli ýurtlarda dürlüçe göwrümlerde beýan edilýär. Mysal üçin, käbir konstitusiýalarda diňe degişli maddalar boýunça beýan edilýär, başga birinde bolsa aýratyn bölümiň ýa-da babyň üsti bilen görkezilýär.

Saýlawlary geçirmekligiň galan düzgünleri saýlawlar hakyndaky kanunlarda ýa-da Saýlaw kodeksinde beýan edilýär. Elbetde, saýlaw möwsümini geçirmekligiň käbir düzgünleri Kanuna laýyklykda Mejlisiň we Merkezi saýlaw toparynyň kabul edýän kararlary bilen hem ýerine ýetirilýär. Soňky ýyllarda Türkmenistanda, daşary ýurtlarda hem saýlawlar hakyndaky kanunçylyklar has giňişleýin we jikme-jik häsiýete eýe bolup başlady.

Saýlaw kanunçylygyny düzgünleşdirmek diňe ses bermegi öz içine almak bilen çäklenmän, eýsem onuň içine syýasy partiýalaryň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, raýatlar toparlarynyň saýlawlar möwsümi bilen baglanyşykly hereketleri, dalaşgärleriň saýlaw möwsümine gatnaşmagy bilen bagly çykdajylary deň şertlerde üpjün etmek, düzgün bozulmalara garşy iş alyp barmak, döwlet häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň, wezipeli adamlaryň işleri, saýlawlaryň wagyz işlerini alyp barmak, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleriniň, synçylaryň hereketleri girýär.



**“Saýlaw hukugy” diýen düşünjäniň iki sany – obýektiw we subýektiw manylary bar.**

**Obýektiw saýlaw hukugy** – bu döwlet häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň saýlawlar bilen baglanyşykly jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän hukuk kadalarynyň ulgamydyr. Muňa başga-da birnäçe pudaklaryň kadalaryny özünde jemleýän zähmet, raýat, administratiw, jenaýat ýaly Kodeksler girýär. Muňa mysal hökmünde Türkmenistanyň administratiw hukuk bozulmalary hakyndaky kodeksinde, saýlaw hukugynyň amala aşyrylmagy bilen bagly düzgün bozulmalar baradaky maddalaryň bardygyny aýtmak bolar.

Has giň manyda aýdylanda bolsa obýektiw saýlaw hukugy saýlaw ulgamynyň yzygiderliligini düzgünleşdirýär.

**Subýektiw saýlaw hukugy** – munuň özi döwletiň raýatynyň döwlet häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň saýlawlaryna gatnaşmaga bolan mümkinçiliginiň kepilligidir. Subýektiw saýlaw hukugy aktiw we passiw saýlaw hukugy diýen iki bölekden durýar.

**Aktiw saýlaw hukugy** – bu raýatyň hut özüniň wekilçilikli edaralaryň ýa-da wezipeli adamlaryň saýlawlaryna saýlawçy hökmünde gatnaşmaga – ses bermäge hem-de referendumyň doly hukukly gatnaşyjysy bolmaga bolan kanuny hukugydyr.

**Passiw saýlaw hukugy** – munuň özi şol bir saýlawçynyň wekilçilikli edaralara ýa-da saýlawly wezipelere saýlanmaga bolan hukugy bolup, onuň saýlawçylaryň sesleriniň kanunda bellenilen sanyny alyp, degişli orna saýlanylmagydyr.

Ady agzalyp geçilen aktiw (saýlamak) we passiw (saýlanmak) hukuklary, adatça, konstitusiýada we saýlawlar hakyndaky kanunçylyklarda bellenilen birnäçe talaplar bilen şertlendirilendir. Bu şertler şol döwletiň öz raýatlaryna degişlilikde ýüze çykýar.

Mysal üçin:

Aktiw saýlaw hukugynda saýlawlar gününe çenli 18 ýaşy dolan saýlawçylaryň ses bermäge hukugy bardyr diýlip bellenilýär. Mundan başga-da saýlawlarda ses bermäge gatnaşmak üçin saýlawçynyň hökmany ýagdaýda şol döwletiň raýaty bolmaklygy şertlendirilýär. Şeýle-de saýlawlara kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen raýatlar, azatlykdan mahrum ediliş ýerlerinde jeza çekýän adamlar gatnaşmaýarlar.

Passiw saýlaw hukugynda bolsa saýlawlar gününe çenli ýigrimi bir ýaşy dolan we degişli çäkde ýaşaýan Türkmenistanyň raýaty halk maslahatynyň, Geňeşiň agzalygyna dalaşgär hödürlenilip bilner diýlen şertler bellenilendir.

Hödürlenilen wagtyna çenli iş kesilenlik aýybynyň öz-özünden aýrylmadyk ýa-da kanunda bellenilen tertipde aýrylmadyk adam dalaşgär hödürlenilip bilinmez diýlen şertler passiw saýlaw hukugyna degişli bolup durýar.

Saýlaw hukugynyň şertleriniň arasynda, esasan, ýaş aýratynlygy göz öňünde tutulýar.

Köp döwletlerde (aktiw saýlaw hukugy üçin) saýlawlarda ses bermek hukugy saýlawçylaryň 18 ýaşdan ýokary bolan şertinde bellenilendir. Mysal üçin, ABŞ-da, Beýik Britaniýada, Germaniýada – 18 ýaşdan, Ýaponiýa-

da, Şweýsariýada, Finlýandiýada – 20 ýaşdan, emma Braziliýa, Eýran, Nikaragua we Kuba ýaly dört sany döwletde bolsa 16 ýaşdan bellenendir.

Passiw saýlaw hukugynda hem belli bir ýaş aýratynlygy çäklendirilýär. Mysal üçin, Italiýanyň Prezidenti wezipesine saýlanmak üçin dalaşgäriň 50 ýaşa ýeten bolmaklygy şertlendirilýär. Elbetde, Prezident saýlawlarynda ýaş aýratynlygynyň beýleki saýlawlardan has ýokary derejede şertlendirilmegi, döwletiň ykbalyny çözjek we oňa täsir etjek adamynyň has tejribeli, dünýägaraýşynyň giň bolmagy bilen baglanyşyklydyr.

Ýene-de has esasy şertler hökmünde oturymlylyk we raýatlyk şertlerini mysal getirmek bolar. Ýöne bularyň ikisini garyşdyrman, oňa aýratynlykda düşünmek gerek. Oturymlylyk bolanda bellibir döwletde ýa-da degişli ýerde raýat kesgitlenen wagtda ýaşan bolmalydyr. Mysal üçin, Fransiýada islendik saýlawlarda ses bermeklik üçin laýyk 6 aý oturymlylyk şerti bellenendir. Emma raýatlyk şerti bu döwletde ýaşamaklygy talap etmeýär.

Mysal üçin, ABŞ-nyň Konstitusiýasyna laýyklykda, ABŞ-nyň Kongresiniň wekilligine 7 ýyldan az bolmadyk döwürde raýatlyga degişli bolan adamlar saýlanylyp bilinýär, senatorlyga bolsa 9 ýyldan az bolmadyk döwürde raýatlyga degişli bolmalydyr.

Mundan başga-da halkara tejribelerinde ahlak, emläk, jynsy, sowatlylyk we dini talaplar hem gabat gelýär. Mysal üçin, dini talap hökmünde Eýranyň Parlamentine saýlanmaklyk üçin yslam dinine uýýan adam bolmak şertini ýa-

-da jynsy şert hökmünde käbir arap döwletlerinde iki sany zenan maşgalanyň sesiniň bir ses diýlip hasap edilýändigini aýtmak bolar. Elbetde, bu şertler döwletiň alyp barýan syýasaty we kanunçylygy bilen baglanyşykly bolup, her döwletiň içki ýagdaýlaryna degişlidir. Ýöne saýlaw ulgamynda näçe talap köp bolsa, şonça-da raýatlaryň iň bir möhüm syýasy hukuklary bolan saýlamak we saýlanmak hukugynyň çäklendirilmegine getirip biljekdigini belläp geçmek gerek.

## IV. SAÝLAW ULGAMYNYŇ GÖRNÜŞLERI

Taryhda saýlaw ulgamy özüniň birnäçe görnüşini ýüze çykardy. Dünýäniň ýurtlary bolsa amatly ýagdaýlary göz öňünde tutup, özleri üçin peýdaly diýen saýlaw ulgamyny saýlap aldylar. Halkara tejribelerinde saýlaw ulgamynyň esasy aşakdaky görnüşleri ulanylýar:

**1. Mažoritar saýlaw ulgamy;**

**2. Proporsional saýlaw ulgamy;**

**2.1. Ýarym proporsional saýlaw ulgamy;**

**2.2. Artykmaç sesleri başga dalaşgäre bermek saýlaw ulgamy;**

**3. Garyşyk saýlaw ulgamy.**

Görnüşi ýaly, ýokarda ady agzalan proporsional saýlaw ulgamy öz içinde-de ýarym proporsional we artykmaç sesleri başga dalaşgäre bermek diýlen iki sany saýlaw ulgamlaryna hem bölünýär.

# 1. Mažoritar saýlaw ulgamy

Mažoritar saýlaw ulgamy diýlende, dalaşgäriň bir mandatly saýlaw okruglary boýunça we kanunda bellenilen tertipde sesleriň *otnositel, absolýut* we *kwalifisirlenen* köplügi esasynda saýlawçylar tarapyndan gös-göni saýlanylmagyna düşünilýär.

Ýagny kime köp ses berlen bolsa, şol hem saýlanylan diýlip hasap edilýär. Beýleki dalaşgärleriň tarapyna berlen sesler bolsa öz güýjüni ýitirýär.

Mažoritar saýlaw ulgamy beýleki saýlaw ulgamlarynyň hemmesinden öň dörän saýlaw ulgamy bolup, dürli döwletlerde onuň dürli görnüşi hereket edýär. ABŞ-da, Kanadada, Beýik Britaniýada, Täze Zelandiýada otnositel köplügi ulgamy hereket edýär. Awstraliýada bolsa absolýut köplügi ulanylýar. Kähalatlarda iki görnüşiň-de bilelikde ulanylýan ýerlerine hem gabat gelmek bolýar. Mysal üçin, Fransiýada Parlamentiň deputatlarynyň saýlawlarynyň birinji tapgyrynda ses bermegiň absolýut köplügi, ikinji tapgyrynda bolsa otnositel köplügi görnüşi ulanylýar. Sesleriň kwalifisirlenen köplügi ulgamy seýrek gabat gelýär.

Mysal üçin, Gruziýanyň Parlamentiniň deputatlarynyň bellibir bölegi bir mandatly saýlaw okruglarynda mažoritar saýlaw ulgamynyň kwalifisirlenen, ýagny ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň 30% -den az bolmadyk sesini alan deputat saýlanylan diýlip hasap edilýär.

3. Sargyt № 2236

**Mažoritar saýlaw ulgamynda ses bermegiň görnüşleri:**

| Mažoritar saýlaw ulgamynyň **otnositel** köplügi | Mažoritar saýlaw ulgamynyň **absolýut** köplügi | Mažoritar saýlaw ulgamynyň **kwalifisirlenen** köplügi |
|---|---|---|
| Ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň **sesleriniň iň köpüsini** alan dalaşgär saýlanylan hasap edilýär, ýagny beýleki dalaşgärlerden köp ses alan | Ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň **sesleriniň absolýut köplügini** (ýarysyndan köpüsini) alan dalaşgär saýlanylan hasap edilýär, ýagny 50%+1 ses alan | Ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň **sesleriniň kwalifisirlenen köplügini** alan dalaşgär saýlanylan hasap edilýär, ýagny kanunda bellenen sesleriň köplügini, (ýagny Gruziýada kanunda 30% bellenen) |

Mažoritar saýlaw ulgamynyň birinji kemçilik tarapy ses bermegiň jemleri boýunça partiýanyň birnäçe okruglarda alan seslerini goşanyňda, köp ses alyp, az dalaşgäriň düşýän we az ses alyp, köp dalaşgäriň düşýän wagtyna duş gelmek bolýar.

**Mysal üçin:**

| Okruglar | **“A” partiýa** | **“B” partiýa** | **“Ç” partiýa** |
|---|---|---|---|
| 1-nji saýlaw okrugy | 45 müň | 40 müň | 15 müň |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 2-nji saýlaw okrugy | 40 müň | 39 müň | 21 müň |
| 3-nji saýlaw okrugy | 25 müň | 60 müň | 15 müň |
| ***Jemi:*** | ***110 müň*** | ***139 müň*** | ***51 müň*** |
| **Mandatlar:** | **2 mandat** | **1 mandat** | **Mandat ýok** |
| Ýiten sesler: | 25 müň | 79 müň | 51 müň |
| **Üç okrug boýunça jemi ýiten sesler 155 müň** | | | |

Mažoritar saýlaw ulgamynyň ikinji kemçilik tarapy öň dörän iri partiýalar dalaşgärleriň köp bölegini alýarlar we entek halkyň arasynda meşhurlyga eýe bolmadyk täze dörän ownuk partiýalara saýlawly edaralarda özleriniň wekillerini oturtmaga bökdençlik döredip bilýär.

Mysal üçin, ýokardaky sanawly görkezijiniň "A" partiýasy we "Ç" partiýasy ýaly. Mažoritar saýlaw ulgamy iki ýa-da üç partiýaly ýurtlarda ulanmak üçin amatly hasap edilýär. Sebäbi partiýalaryň sany näçe köp boldugyça, şonça-da ownuk partiýalara mandat almak mümkinçiligi pes bolýar.

**Mažoritar saýlaw ulgamynyň otnositel köplügi** – ses bermegiň iň bir ýönekeý görnüşi bolmak bilen, ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň sesleriniň iň köpüsini alan dalaşgär saýlanylan diýlip hasap edilýär. Ýöne bir bellemeli zat, ses bermegiň bu görnüşinde iki ýa-da ondan köp dalaşgärleriň birmeňzeş köplükdäki sesi alaýmak ähtimallygy ýüze çykýar we munuň ýaly ýagdaý gaty seýrek duş gelýär.

Bu ýagdaý ýüze çykan halatynda gaýtadan ses bermek ýa-da gaýtadan saýlawlar geçirilmän, dalaşgärleriň arasynda bije atylýar.

Şeýle-de ses bermegiň bu görnüşinde okrug ýa-da uçastok boýunça bir saýlawçy ses bermäge gatnaşan hem bolsa (eger şol bir ses beren saýlawçy dalaşgäriň özi bolsa-da) saýlawlar geçirildi diýlip hasap edilýär. Okrug boýunça bir dalaşgär hödürlenen bolsa we hiç kim ses bermäge gatnaşmadyk ýagdaýynda-da, şol dalaşgär öz-özünden saýlanylan hasap edilýär.

**Mažoritar saýlaw ulgamynyň absolýut köplügi** – munda ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň ýarysyndan köpüsiniň (50%+1) sesini alan dalaşgär saýlanylan diýlip hasap edilýär. Ses bermegiň bu görnüşinde şu aşakdaky sanlar dogry hasap edilmelidir:

1. Sanawa girizilen saýlawçylaryň umumy sany;
2. Ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň umumy sany;
3. Hakyky däl diýlip ykrar edilen saýlaw býulletenleriniň umumy sany.

Ses bermegiň bu görnüşinde dalaşgäriň ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň azyndan näçesiniň sesini almalydygy bellenilýär. Mysal üçin, 50%+1.

Bu görnüşdäki ses bermegiň kemçilik tarapy, eger-de saýlaw okrugy boýunça bellige alnan dalaşgärleriň hiç biri-de bellenen derejedäki sesleri alyp bilmese, saýlawlar geçirilmedi ýa-da saýlawlar hakyky däl diýlip hasap edilýär.

Diýmek, saýlaw okrugy boýunça bellige alnan dalaşgärleriň sany näçe köp boldugyça, şonça-da ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň sesleriniň ýarysyndan köpüsini al-

maga mümkinçilik azalýar. Dalaşgärleriň hiç biri hem ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň sesleriniň ýarysyndan köpüsini alyp bilmeýän ýagdaýlary duş gelip bilýär.

Şonuň netijesinde hem saýlaw okrugynda gaýtadan ses bermeli bolýar ýa-da gaýtadan saýlawlar geçirmeli bolýar. Mažoritar saýlaw ulgamynyň absolýut köplüginiň alternatiw görnüşi hem käbir ýurtlarda ulanylýar.

Absolýut köpçülik ulgamynda saýlaw okrugynda dalaşgärleriň sanynyň köp boldugyça, şonça-da olardan kimdir biriniň absolýut köp ses almagynyň mümkinçiligi azalýar. Şonuň üçin hem bu ulgam boýunça saýlawlaryň netijesiz bolmagy ýygy bolup geçýär. Mundan gaça durmagyň dürli mümkinçilikleri bardyr.

Birinji usul – alternatiw (mümkin bolan iki ýa-da birnäçe çözgütlerden birini saýlamak zerurlygy) ses bermek diýlip atlandyrylýar. Ol bir mandatly saýlaw okrugynda saýlawçynyň diňe bir dalaşgäre däl-de, özi üçin tapawutlylykda, birnäçe dalaşgäriň familiýalarynyň garşysynda san bilen görkezip, ses bermegini talap edýär. Has islenýän familiýanyň garşysynda “1” sanyny, makul hasaplanýanlygy boýunça indiki familiýanyň garşysynda (ýagny eger-de birinji dalaşgär geçmedik ýagdaýynda ikinji haýsy dalaşgäriň saýlanmagyny islärdi) “2” sanyny we ondan beýläk hem şeýle görnüşde dowam edýär.

Ses sanalanda býulletenler “1” – birinji makul hasaplanylýanlar boýunça goýulýar. Birinji makul hasaplanylýan hökmünde ýarysyndan köp ses alan dalaşgär saýlanan hasaplanýar. Eger-de ondan soň hem dalaşgärleriň hiç birinde býuletenleriň absolýut köplügi jemlenmese, birinji we ikinji makullanma sesleri az bolan dalaşgär

aýrylýar, bu ýagdaý dalaşgärleriň haýsy hem bolsa birinde býulletenleriň absolýut köplügi toplanmagyna çenli dowam edýär. Bu usulyň artykmaçlygy bir gezeklik ses bermek bilen oňup bolýanlygyndadyr. Mysal üçin, ol Awstraliýada Parlamentiň aşaky palatasynyň saýlawynda ulanylýar. Dogry, nazaryýetçiler(teoretikler) ikinji, has hem üçünji makullanmany birinji bilen deňeşdirmekligiň esaslandyrylanlygyna şübhelenýärler.

Başga, has giň ýaýran usul – sesleriň belli paýyny toplan dalaşgärleri gaýtadan sese goýmaklykdyr. Bu saýlawlaryň ikinji tapgyry ýa-da gaýtadan ses bermeklikdir. Birinji tapgyrda has köp ses alan dalaşgärleriň gaýtadansese goýmaklaryna ýygy duş gelmek mümkin. Mysal üçin, fransuz Milli ýygnagyna saýlawda birinji tapgyrda okrugyň hasaba alnan saýlawçylarynyň 12,5%-inden az bolmadyk sesini alan ähli dalaşgärler ikinji tapgyra geçýärler. Ikinji tapgyrda saýlanmak üçin sesleriň otnositel köplügi ýeterlikdir, şonuň üçin hem şeýle ulgamy iki tapgyrly ulgam diýip atlandyrýarlar. Eger-de ikinji tapgyrda hem sesleriň absolýut köplügi talap edilýän bolsa, meselem, Germaniýada Federal prezidenti aýratyn kollegiýa - Federal ýygnak bilen saýlanlaryndaky ýaly, otnositel köplük bolsa diňe üçünji tapgyrda ýeterlik bolanda, onda ulgam üç tapgyrly ulgam diýlip atlandyrylýar.

**Mažoritar saýlaw ulgamynyň kwalifisirlenen köplügi** – ses bermegiň iň bir seýrek duş gelýän görnüşi bolmak bilen, ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň sesleriniň kanunda bellenilen köplügini alan dalaşgär saýlanylan hasap edilýär.

Halkara tejribelerinde Kanunda bellenilen sesleriň köplügi absolýut köplükden ýokarda-da, aşakda-da bolup bilýär.

Mysal üçin, ýokarda bolan ýagdaýynda 1993-nji ýyla çenli dalaşgärler Italiýanyň senatorlygyna saýlanmaklyk üçin sesleriň 65%-ini (üçden iki bölegine golaýyny) almaly bolupdyrlar. Bu usulyň pes netije bermegi esasynda 1993-nji ýylda Italiýada Mažoritar saýlaw ulgamynyň otnositel köplügi esasynda ses bermeklik kabul edilýär. Mysal üçin, aşakda bolan ýagdaýynda häzirki wagtda Gruziýanyň Parlamentiniň deputatlygyna saýlanmaklyk üçin ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň sesleriniň azyndan 30%-ini almaly.

## 2. Proporsional saýlaw ulgamy

Proporsional saýlaw ulgamy diňe köp mandatly saýlaw okruglary boýunça partiýalaryň tarapyna hem-de dalaşgärleriň sanawnamasynyň tarapyna ses bermek arkaly geçirilýär. Munda deputatlyk mandatyny almak üçin partiýalara bellibir derejede ýurt boýunça saýlawçylaryň seslerini almakda iň azyndan göterim sany (barýer) bellenilýär. Sesleriň bellenen derejedäki göterimine ýetip bilmedik partiýalar mandata eýe bolup bilmeýärler.

Mysal üçin, Müsürde 8%, Türkiýede – 10%, Şwesiýada – –ýurt boýunça 4% we okrug boýunça 12%, GFR we Russiýada – 5%, Ysraýylda iň pes hasap edilýän – 1,5% umumy saýlawçylaryň sesini almak bellenilendir.

Diýmek, ýokarda Şwesiýada bolşy ýaly, diňe bir ýurt boýunça däl-de, eýsem her bir saýlaw okrugynda hem bir mandat almak üçin saýlaw ölçegi bellenilýär.

Mysal üçin, üç mandatly saýlaw okrugynda üç sany “A”, “B”, “Ç” partiýalar dalaşgärleriniň sanawnamasyny bäsleşige goýdular we saýlawlarda okrug boýunça 180 müň saýlawçy ses berdi. Şolardan “A” partiýanyň tarapyna 90 müň ses, “B” partiýanyň tarapyna 70 müň ses we “Ç” partiýanyň tarapyna bolsa 20 müň ses berlen. Indi mandatlary nähili tertipde bölmeli?

Saýlaw okrugynda mandat almak üçin saýlaw ölçegi bellenilýär. Ýagny bir mandat almak üçin syýasy partiýa saýlaw okrugy boýunça özüniň tarapyna saýlawçylaryň azyndan 60 müňüsiniň sesini almaly. Saýlaw okrugynda 180 müň saýlawçy ses berdi.

Netijede:

“A” partiýa 1 deputatlyk mandatyny alýar we 30 müň sesi artyk galýar. “B” partiýa 1 deputatlyk mandatyny alýar we 10 müň sesi artyk galýar. “Ç” partiýanyň sesleriniň 60 müňe ýetmeýändigi sebäpli, oňa 1 mandat sany hem düşmeýär – berilmeýär.

“Ç” partiýanyň alyp bilmedik 1 mandaty bolsa has köp artykmaç sesi galan partiýa berilýär. “A” partiýa 30 müň artykmaç galan sesi bilen ýene-de 1 mandat alýar. Şeýlelikde, 90 müň ses bilen “A” partiýa 2 deputatlyk mandatyny alýar we “B” partiýa 70 müň ses bilen 1 deputatlyk mandatyny alýar. “Ç” partiýa bolsa sesleriniň 1 mandat almak üçin bellenen saýlaw ölçegine – 60 müňe ýetmeýändigi sebäpli,

20 müň ses bilen ýeke deputatlyk mandatyny hem alyp bilmeýär.

Proporsional saýlaw ulgamynyň ýetmezçilik tarapy saýlawçylar partiýalaryň sanawy boýunça ses berenlerinde göni saýlaw hukugy doly derejede amala aşyrylmaýar, ýagny saýlawçylar dalaşgärleri gös-göni saýlamaýarlar-da, olaryň sanawnamasy esasynda partiýalary saýlaýarlar we partiýalar hem öz bellän deputatlaryny Parlamentde ýa-da saýlaw okruglarynda oturdýarlar.

## 2.1. Ýarym proporsional saýlaw ulgamy

Bu at bilen döredilen saýlaw ulgamy mažoritar esaslarda oýlanyp düzülendir, ýagny saýlanmak üçin sesleriň köplügini almak talap edilmek bilen, wekilçiliklere we saýlawçylara bellibir derejede hukuk mümkinçiligi ýüze çykýar. Bu ýagdaý çäklendirilen wotum (sesleriň çäklendirilen derejesi) arkaly saýlawçylaryň haýsydyr bir partiýanyň hem-de saýlaw okrugyna degişli bolan deputatlyga saýlanylmaly dalaşgärleriň köpçülik sanawnamasynyň tarapyna ses bermegi bilen däl-de, bellibir dalaşgäriň ýa-da bellenilen sanlardaky dalaşgärleriň tarapyna anyk ses bermegi netijesinde döreýär.

Mysal üçin, saýlaw ulgamynyň bu görnüşi 1993-nji ýyla çenli Ýaponiýada hereket edipdir. Bu ulgamda degişli partiýalar köp mandatly saýlaw okruglary boýunça dalaşgärleriň sanawnamasyny saýlaw býulletenine umumy birlik görnüşinde däl-de, hersini aýratynlykda girizýärler. Şonuň esasynda hem saýlawçy köp mandatly saýlaw okrugyndan birnäçe ýa-da köp dalaşgär saýlanylmaly bolsa-da,

ol diňe bir dalaşgäriň tarapyna ses berýär. Sesleriň köplügini alan dalaşgär bolsa saýlanylan diýlip hasap edilýär.

Başga bir görnüşi – Ispaniýanyň senatorlarynyň belli bir bölegi köp mandatly saýlaw okruglary boýunça, ýagny bir okrugdan dört sany senatoryň saýlanylmagy bilen geçirilýär. Ýöne saýlawçy üçden köp bolmadyk dalaşgäriň tarapyna ses berýär. Şeýlelikde, saýlaw okrugy boýunça has köp ses alan dört sany dalaşgär saýlanylan diýlip hasap edilýär.

Çäklendirilen wotum syýasy partiýalardan dalaşgärleri hödürlemekde takyk hasap etmekligi talap edýär. Syýasy partiýalaryň näçeräk ses alyp biljekdigi we şol sesleriň partiýalaryň hödürlän dalaşgärleriniň arasynda nähili bölünip boljakdygy göz öňünde tutulmalydyr. Eger-de partiýalar saýlaw okrugy boýunça çakdanaşa köp dalaşgär hödürlese, saýlaw okrugy boýunça sesleriň dalaşgärleriň arasynda pytrap gitmegine getirýär we bir dalaşgär hem saýlanyp bilmeýär.

Başga bir tarapdan bolsa saýlaw okrugy boýunça dalaşgärleriň sany az bolsa, onda olar saýlanmaklyk üçin gereginden artyk ses alyp bilýär we bu artykmaç sesleriň bolsa partiýalar üçin hiç hili ähmiýeti bolmaýar. Has dogrusy, olar şol sesleri oýlanyşykly peýdalanyp, başga ýene-de bir dalaşgäriň saýlanmaklygy üçin ulanan bolsalar peýdaly bolardy.

Diýmek, saýlawçy köp mandatly saýlaw okruglary boýunça býulletende dalaşgärleriň umumy sanawnamasyny saýlaman, köp mandatly saýlaw okrugyndan bir ýa-da

birnäçe dalaşgäriň tarapyna aýratynlykda ses berýär. Netijede saýlaw okrugynda partiýalaryň kesgitlän deputatlary saýlanylman, saýlawçynyň öz sesi bilen gös-göni saýlan deputaty saýlanylýar. Şonuň üçin hem bu usul ýarym proporsional saýlaw ulgamy diýlip atlandyrylýar.

Ýene-de şu görnüşe degişli bolan we Bawariýada hem-de Germaniýanyň käbir beýleki ýerlerinde ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň saýlawlarynda ulanylýan kumulýatiw watum saýlaw ulgamy hem bardyr.

Bawariýada saýlawçynyň üç sesi bar. Üç sesiň degişli saýlaw okrugy boýunça deputatlaryň sanyndan azlygyna garamazdan, saýlawçy ol üç sesiň hemmesini bir dalaşgäriň tarapyna hem berip biler we iki sesini bir dalaşgäriň tarapyna berip, üçünji sesini başga bir dalaşgäre berip biler ýa-da bolmasa seslerini ýeke-ýekeden aýratynlykda üç dalaşgäre hem paýlap biler. Bu usul çägi uly bolmadyk saýlaw okruglarynda we saýlawçylaryň dalaşgärleriň hemmesini tanaýan ýagdaýynda ulanmak has oňaýlydyr.

Kumulýatiw latyn sözi bolup, ýygnamak, tygşytlamak diýen manyny berýär. Diýmek, saýlawçy sesleriniň hemmesini ýygnap bir dalaşgäre ýa-da seslerini tygşytlap, sesleriniň hersini aýratynlykda dalaşgärleriň tarapyna berip biler.

Elbetde, ýokarda bellenip geçilişi ýaly, bu usulda hem partiýalaryň özleriniň näçe ses alyp biljekdiklerini anyk hasaplap bilmekleri we ol sesleri dogry ulanmaga çemeleşmekleri zerurdyr.

## 2.2. Artykmaç sesleri başga dalaşgäre bermek saýlaw ulgamy

Saýlaw ulgamynyň bu görnüşi saýlawlary geçirmekligiň iň bir adalatly ulgamy hasaplanylýar, ýagny saýlawçylaryň özleriniň gös-göni ses bermegi netijesinde we proporsional esaslarda partiýalaryň wekilçiligi esasynda amala aşyrylýar. Ýöne bu ulgamyň giňden ulanylmazlygy ses bermegiň netijelerini takyklamagyň kyndygy bilen baglanyşykly bolup durýar.

Partiýalar köp mandatly saýlaw okrugy boýunça dalaşgärleri gerek bolan möçberde hödürleýärler. Ýagny her partiýa näçe gerek bolar diýip hasap eden sanlarynda dalaşgärleri hödürläp bilýärler.

Saýlawçy ses bermäge gatnaşanda mažoritar ulgamdaky ýaly hereket edýär. Saýlawçy iň makul görýän dalaşgäriniň familiýasynyň deňinde birinji belligi edýär, soňra indiki dalaşgäriň deňinde ikinji belligi edýär we soň hem şonuň ýaly tertipde dowam edip bilýär.

Ses beren saýlawçylaryň umumy sany ýa-da hakyky býulletenleriň jemi sany anyklanylandan soňra saýlaw kwotasy kesgitlenilýär. Soňra sesler dalaşgärleriň hersi boýunça aýratynlykda sanalýar we iň köp ses alan birinji dalaşgäriň kimdigi anyklanylýar hem-de bellenen sandaky sesleri (kwotany) alyp bilen dalaşgär saýlanylan diýlip hasap edilýär. Adatça, iň köp ses alan birinji dalaşgär bellenen kwotadan ýokary, ýagny gerek bolmadyk artykmaç sesleri alýarlar. Şol artykmaç sesler bolsa kwotany alyp bilmedik we makul hasap edilýän ikinji dalaşgäre berilýär.

Mysal üçin, kwota 2700 sesden ybarat bolup durýar. “A” dalaşgär 3700 ses alyp artykmaçlyga eýe bolýar. Onuň 1000 sany artykmaç sesi bar. Şol artykmaç sesler bolsa kwotada bellenen sandaky sesleri alyp bilmedik “B” dalaşgäre berilýär.

Eger-de 1000 sesi goşanyňda öz alan sesleri bilen bilelikde kwota ýetýän bolsa, “B” dalaşgär hem saýlanylan hasap edilýär. Eger-de sesleriň artykmaçlary paýlanylyp gutarylandan soň hem boş mandat we has az ses alan saýlanylmadyk dalaşgärler galan bolsa, sanawdan aýrylýar. Ýöne olaryň birinji makul bilnip berlen sesli saýlaw býulletenleri başga ikinji makul bilnip, iň köp ses berlen dalaşgäre berilýär. Şu ulgam boýunça Hindistanyň Parlamentiniň ýokarky palatasynyň saýlawlary geçirilýär.

## 3. Garyşyk saýlaw ulgamy

Garyşyk saýlaw ulgamy haçanda şol bir wekilçilikli palatanyň saýlawlarynda dürli ulgamlar ulanylanda ýüze çykýar. Bu görnüş, adatça, dürli ulgamlaryň önjeýli we bähbitli taraplaryny birleşdirmek bilen we olaryň kemçiliklerini aradan aýyrmak ýa-da öwezini dolmak bilen baglylykda ulanylýar. Saýlaw ulgamynyň bu görnüşi Germaniýada Bundestagyň saýlawlarynda we beýleki birnäçe ýurtlarda, şol sanda Russiýa Federasiýasynda ulanylýar.

1994-nji ýylda kabul edilen saýlaw kanunyna laýyklykda, Bundestagyň 328 deputatdan ybarat bolan düzüminiň ýarysy bir mandatly saýlaw okrugy boýunça saýlanylýar, ýagny mažoritar saýlaw ulgamynyň otnositel köplügi

esasynda. Beýleki ýarysy bolsa dalaşgärleriň ýerler boýunça bölünen sanawnamasy boýunça saýlanylýar, ýagny her bir köp mandatly saýlaw okruglary boýunça mandatlaryň syýasy partiýalaryň arasynda proporsional ulgam boýunça paýlanylmagy, bölünmegi esasynda bolup geçýär.

Şeýlelik bilen her bir saýlawçynyň iki sesi bar, birinjisi bir mandatly saýlaw okrugynda, ikinjisi ýer sanawnamasy boýunça köp mandatly saýlaw okrugynda. Iki ses hem bir bukjada berilýär. Partiýadan bolan dalaşgär şol bir wagtyň özünde bir mandatly saýlaw okrugynda we ýer sanawnamasy boýunça-da köp mandatly saýlaw okrugynda hem dalaşgärlige bellige alnyp bilinýär.

Ses bermegiň netijeleri boýunça bir mandatly saýlaw okruglarynda saýlawçylaryň beren birinji sesleri esasynda kimiň ýeňiji bolandygyny kesgitlemekde onçakly kynçylyk ýüze çykmaýar, ýagny haýsy dalaşgär sesleriň iň köpüsini alan bolsa, şol hem saýlanylan diýlip hasap edilýär.

Ýöne ýer sanawnamalary boýunça saýlawçylaryň beren ikinji sesleri esasynda saýlawlaryň netijelerini kesgitlemek has çylşyrymlyrakdyr. Munda her bir ýer sanawnamasy üçin berlen ikinji sesler sanalýar.

Ýagny mandatlaryň ýurt boýunça umumy sany partiýanyň sanawnamasynyň tarapyna ýurt buýunça berlen ikinji sesleriň jemi sanyna köpeldilýär we onuň jemi hem partiýanyň sanawnamasynyň tarapyna ýurt boýunça berlen ikinji sesleriň umumy sanyna bölünýär. Şeýlelikde, partiýa ýokardaky bölünişik esasynda düşýän mandat sanlaryny alýar.

Eger-de partiýalar gazanan sesleri esasynda özlerine düşýän mandat sanlaryny alanlaryndan soň hem ýurt boýunça ýene-de mandat galýan bolsa, ol mandatlar partiýalaryň arasynda has köp droblar esasynda paýlanylýar.

Garyşyk saýlaw ulgamynda bir mandatly saýlaw okrugynda dalaşgäriň tarapyna ses berip bolýar, federal (köp mandatly) saýlaw okrugynda bolsa islendik partiýanyň sanawnamasynyň tarapyna ses berip bolýar.

## V. SAÝLAW ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ TARYHY

Haýsydyr bir döwletiň saýlaw ulgamyny öwrenmeklik üçin ilki bilen şol döwletiň gurluş esaslaryny bilmek zerur bolup durýar. Munuň özi bolsa saýlaw ulgamynyň döwlet gurluşy bilen berk baglanyşyklydygyny görkezýär. Döwlet gurluşynyň esaslary-da şol döwletiň konstitusiýasynda beýan edilýär.



Döwlet hukugy her ýurduň esasy, milli hukuk ulgamynyň baş pudagy bolup durýar. Edil beýlekiler ýaly hukuk pudagy hem hukuk kadalarynyň jemini, ýagny syýasy dolandyryş ýa-da sosial jemgyýetçilik toparlarynyň beýan edýän erk-islegini görkezýär. Konstitusion hukugy halkyň özygtyýarlylygy baradaky esasy ýörelgeleri, parlamentiň ýokary derejeliligini, hemmeleriň kanunyň öňünde deňligini we kanunyň birmeňzeş ýerine ýetirilmegini berkidýär.

Şonuň bilen birlikde-de konstitusion hukugy syýasy häkimiýetiň gurluşyny, ony döretmegiň we amala aşyrmagyň görnüşini, jemgyýetiň ykdysady esasyny, döwlet dolandyrylyşynyň we döwlet gurluşynyň görnüşlerini, ýokary we ýerli döwlet dolandyryş häkimiýet edaralarynyň ygtyýarlyklaryny we iş tertibini, raýatlaryň hukuklaryny we borçlaryny, saýlaw hukugyny we saýlaw ulgamyny özünde berkidýär.

Konstitusiýa döwletiň baş kanuny bolmak bilen, beýleki ähli pudaklaýyn kanunlar öz gözbaşyny şondan alyp gaýdýarlar.

Demokratik düzgünler raýatlaryň syýasy erkinliklerini häsiýetlendirýär. Raýatlaryň saýlamaga we saýlanmaga bolan hukuklarynyň erkinligini berjaý edýär. Saýlawlar döwründe we saýlawlardan soň hem raýatlaryň öz pikirlerini beýan etmäge bolan hukugy, döwletiň saýlawlar döwründe hemmeler üçin kanun esasynda deň şertleri döretmek kepilligi, saýlawlaryň hemişe bäsleşik esasynda geçirilmegi demokratik düzgünlere degişli bolup durýar.

Has dogrusy, demokratiýa saýlawlar bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Häzirki zaman döwletinde halk häkimiýetliligi saýlawly wekilçiliklerden başga hiç bir görnüş-de

amala aşyrylyp bilinmeýär, şonuň üçin hem wekilçilikli diýlip atlandyrylýar.

Saýlawlar – munuň özi, hakykatdan hem, jemgyýetçilik durmuşynda zerur bolan demokratik şertlerdir.

Saýlaw hukugy – munuň özi hukuk kadalarynyň jemi, raýatlaryň saýlawlarda, saýlawlary guramakda we geçirmekde yzygiderli gatnaşmaklary, saýlawçylaryň saýlaw toparlarynyň ýa-da wezipeli adamlaryň arasynda özara gatnaşygy, şeýle-de saýlawçylaryň ynamyny ödäp bilmedik saýlanan wekilleri yzyna çagyrmagyň düzgünleri diýen düşünjeleri özünde jemleýär. Bu düşünje başga bir has gysgaça manyda, ýagny raýatlaryň saýlawçy hökmünde (aktiw saýlaw hukugy esasynda) saýlawlara gatnaşmagyna we şonuň ýaly-da saýlanmaga bolan hukukly kişi hökmünde (passiw saýlaw hukugy esasynda) saýlawlara gatnaşmagyna düşünilýär.

Aktiw we passiw saýlaw hukugy bilen birlikde halkara tejribelerinde döwletiň kanunynda saýlamaga we saýlanmaga bolan hukuklaryny peýdalanmaklary üçin raýatlaryň öňünde bellenen tertipde talaplar hem goýulýar.

Häzirki zamanda dünýä döwletleriniň köpüsinde aktiw saýlaw hukugyndan peýdalanmagyň şerti hökmünde her raýatyň saýlawlar gününe çenli 18 ýaşy dolan bolmak şerti bellenilendir.

Ýöne halkara tejribelerinde Koreýa Halk Demokratik Respublikasynda raýatlara 17 ýaşdan ses bermäge hukugynyň bardygyna we Kubada hem-de Nikaraguada bolsa 16 ýaşdan raýatlaryň ses bermäge hukugynyň bardygyna duş gelmek bolýar.

4. Sargyt № 2236

Passiw saýlaw hukugyndan peýdalanmak üçin kanun esasynda has uly ýaşda bolmaklyk talap edilýär. Russiýa Federasiýasynda Döwlet Dumasynyň deputatlygyna dalaşgärlige bellige alynmaklyk hukugyna 21 ýaşy dolan raýatlar degişlidir. ABŞ-nyň Senatory bolmak hukugy bolsa 35 ýaşdan kiçi bolmadyk raýatlara degişlidir.

Adatça, passiw saýlaw hukugynyň has ýokary ýaş şertleri Prezident saýlawlarynda bellenilýär. Mysal üçin, Russiýada, ABŞ-da, Portugaliýada, Hindistanda 35 ýaşdan kiçi bolmadyk adamlar, Germaniýada 40 ýaşdan we Italiýada bolsa 50 ýaşdan kiçi bolmadyk adamlar prezident bolup bilýärler.

Köp döwletlerde aktiw saýlaw hukugyndan peýdalanmak üçin oturymlylyk şerti hem bardyr. Oturymlylyk şerti kanun esasynda 1 aýdan başlap 2 ýyla çenli dowam edýär. Munuň özi saýlawçy saýlawlarda ses bermek üçin degişli administratiw çäkde saýlawlar gününe çenli bellenen möhletiň içinde ýaşan bolmalydyr.

Passiw saýlaw hukugy üçin oturymlylyk şerti has berk tertipde talap edilýär. Mysal üçin, ABŞ-da kim prezidentlige dalaşgärlige hödürlenilýän bolsa, ol hökmany şertde saýlawlar gününe çenli azyndan soňky 14 ýylyň dowamynda döwletiň çäginde hemişelik ýaşan we ABŞ-da doglan bolmaly.

Göni saýlaw hukugy halkara tejribesinde köp duş gelmek bilen, şol saýlawly edaranyň agzalary gös-göni saýlawçylar tarapyndan saýlanylýar. Mysal üçin, Russiýada göni saýlaw hukugy esasynda ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň we Döwlet Dumasynyň deputatlary, Prezident saýlanylýar.

ABŞ-da Senatlar, Fransiýada Prezident we Parlamentiň agzalary saýlanylýar.

Göni däl saýlawlar gytaklaýyn we köptapgyrlaýyn diýen iki sany aýratyn görnüşe bölünýär: Gytaklaýyn saýlawlarda saýlawly edaranyň agzalary saýlawçylar tarapyndan däl-de, saýlawlary amala aşyrmak üçin ýörite saýlanan saýlaýançylar – bellibir adamlar tarapyndan saýlanylýarlar. Mysal üçin, ABŞ-da ilki raýatlar, ýagny saýlawçylar tarapyndan Prezidenti saýlajak saýlaýançylar – bellibir adamlar saýlanylýar. Şol bellibir adamlar bolsa Prezidenti saýlaýarlar we ses bermek tamamlanan badyna özleriniň saýlaýançylyk ygtyýarlyklaryny ýitirýärler.

Köptapgyrlaýyn saýlawlarda ilki bilen bir saýlawly edaranyň agzalary saýlanylýar we şol edaranyň agzalary bolsa başga bir derejedäki edaranyň agzalaryny saýlaýarlar. Mysal üçin, Wengriýada saýlawçylar etrap, şäher halk maslahatlarynyň agzalaryny saýlaýarlar. Etrap, şäher halk maslahatlarynyň agzalary bolsa soň welaýat halk maslahatlarynyň agzalaryny saýlaýarlar. Hytaýda hem şonuň ýaly käbir ýerli wekilçilikli edaralaryň agzalary köptapgyrlaýyn saýlawlar esasynda saýlanylýarlar.

Saýlaw ulgamlarynyň bähbitli we ýetmezçilik tarapyny kesgitlemeklik, köp ýurtlaryň tejribelerinde ýüze çykyşy ýaly, syýasy we jemgyýetçilik durmuşynyň çynlakaý töwekgelçiligini kemeltmäge mümkinçilik döredýän maksatlar bilen saýlawlaryň birnäçe gezek tapgyrlaýyn ýa-da döwürleýin geçirilmegi netijesinde ýüze çykýar. Saýlaw ulgamynyň birden üýtgedilmegi bilen bagly şowsuzlyklaryň ýüze çykmagy hakykata ýakyndyr. Esasan

hem syýasy taýdan durnukly bolmadyk şertlerde. Şonuň üçin-de saýlaw ulgamyny üýtgetmek meselesine gaty oýlanyşykly çemeleşilmelidir.

Saýlaw ulgamynyň emele gelmegi, ösüp kämilleşmegi bilen bagly tas üç asyrlyk döwri özünde jemleýän we häzirki zaman döwletleriniň birnäçesinde giňden ulanylýan mažoritar we proporsional saýlaw ulgamlarynyň derňew geçirijiler tarapyndan ýetmezçilik taraplaryny ýüze çykarmaga hem-de bu saýlaw ulgamlaryny birikdirip ulanmaga bolan meýillerini iş ýüzünde ulanmaga mümkinçilik berdi.

Häzirki günlerde ABŞ, Kanada, Awstraliýa, Hindistan ýaly döwletlerde ulanylýan mažoritar saýlaw ulgamy iň bir taryhy we iň ilkinji ýüze çykan, ses bermegiň köplügi bilen, sesleriň netijelerini takyklamak esasynda peýdalanylýan saýlaw ulgamydyr.

Ýeterlik derejede uzak bolan taryhy döwürde mažoritar saýlaw ulgamyny ulanmaklyk onuň üç sany – sesleriň absolýut we otnositel hem-de kwalifisirlenen köplügi görnüşleriniň ýüze çykmagyna getirdi.

Mažoritar saýlaw ulgamy sesleriň netijesini takyklamakda oňaýly ýaly bolup görünse-de, ýetmezçilik tarapyda ýüze çykýar. Bu ulgamda belli bolmadyk ownuk partiýalar öňe çykyp bilmeýär hem-de birnäçe saýlaw okruglary boýunça sesleriň netijeleri jemlenende az ses alyp köp dalaşgäriň ýeňiş gazanmagy we ýeňiş gazanyp bilmedik dalaşgärlere berlen sesleriň ýitmegi netijesinde müňlerçe saýlawçylaryň pikirleriniň puja çykmagyna getirýär.

Şunuň ýaly ýagdaýlar proporsional saýlaw ulgamy ulanylanda aradan aýrylýar. Şonuň netijesinde hem dür-

li partiýalaryň, jemgyýetçilik birleşikleriniň wekilleriniň saýlanmagy esasynda demokratik ýörelgeler berjaý edilýär.

Proporsional saýlaw ulgamy mažoritar saýlaw ulgamyndan ýüz ýyl soň dörän ýaş ulgamdyr. Bu ulgam Şweýsariýada XIX asyryň ahyrlarynda ulanylyp başlanýar, ondan soň Belgiýada we 1906-njy ýylda Finlýandiýada ulanylýar. Proporsional saýlaw ulgamy häzirki wagtda Günbatar Ýewropany-da öz içine almak bilen dünýäniň 60-dan gowrak döwletinde ulanylýar.

Ýöne bu saýlaw ulgamynyň hem gowy taraplary bilen birlikde kemçilik taraplary-da bar. Bu ulgamda dalaşgärleri syýasy partiýalaryň özi hödürleýär we saýlawçylar anyk haýsydyr bir dalaşgäriň tarapyna ses bermän, dalaşgärleriň sanawnamasynyň ýa-da partiýanyň tarapyna ses berýärler. Şonuň netijesinde bolsa şol adamlaryň uzak ýyllaryň dowamynda mandat alyp oturmaklaryna getirýär. Bu ýagdaý bolsa saýlawçylaryň erk-islegleriniň doly derejede hasyl bolmagyna bökdençlik döredýär. Sebäbi partiýalar özüne ýaran adamlary dalaşgärleriň sanawnamasyna goşýarlar we saýlanandan soň öz isleglerine görä olary degişli mandatlarda oturdýarlar. Proporsional saýlaw ulgamy Germaniýa, Ispaniýa, Şwesiýa, Latwiýa, Italiýa ýaly döwletlerde ulanylýar.

Mažoritar we proporsional saýlaw ulgamlarynyň kemçilik taraplaryny aradan aýyrmak maksady bilen birnäçe döwletler garyşyk saýlaw ulgamyny peýdalanýarlar. Garyşyk saýlaw ulgamy şol bir wagtyň özünde saýlawça anyk bir dalaşgäri saýlamaga we özüne ýaran partiýasyny saýlamaga mümkinçilik döredýär.

# VI. TÜRKMENISTANYŇ SAÝLAW ULGAMY

Mähriban Prezidentimiziň alyp barýan “Açyk gapylar” we demokratik döwlet syýasaty esasynda Türkmenistanyň dünýä derejesinde abraýy has-da belende göterilip, iň bir ygtybarly halkara dostluk-doganlyk hyzmatdaşlygynyň we gatnaşyklarynyň amala aşyrylýan ýurduna öwrüldi. Türkmenistan dünýäniň abraýly halkara guramalary bolan Birleşen Milletler Guramasy, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy, Ýewropa Bileleşigi, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy we beýleki guramalar bilen ýakyndan aragatnaşyk saklaýar.

Bu gatnaşyklar saýlaw ulgamynda hem özüniň doly beýanyny tapýar. Saýlawlara Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna girýän ýurtlardan, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasyndan, Birleşen Milletler Guramasyndan halkara synçylaryň gatnaşmagy saýlawlary geçirmekde halkara derejesinde tejribe alyşmaga ýardam berýär.

Munuň özi bolsa ýurdumyzda saýlawlaryň demokratik esaslarda, halkara kadalaryna laýyklykda geçirilýändigini, demokratiýanyň dabaralanýandygynyň we Türkmenistanyň halkara derejesinde ykrar edilen demokratik ýörelgelere doly derejede ygrarlydygynyň aýdyň subutnamasydyr.

Şonuň bilen birlikde “Administratiw hukuk bozulmalary hakynda” Türkmenistanyň kodeksinde raýatlaryň saýlaw hukuklary bilen baglanyşykly hukuk bozulmalary

baradaky maddalaryň giňişleýin beýan edilmegi ýurdumyzda mundan beýläk-de saýlaw ulgamynyň kämilleşmegine, jemgyýetiň has-da demokratiýalaşmagyna uly itergi boljakdygyny görkezýär. Şeýle-de saýlawlary geçirmekligiň halkara tejribelerini, saýlaw ulgamynyň ugurlaryny giňişleýin öwrenmek, bular barada saýlawçylaryň arasynda, saýlaw toparlarynyň arasynda düşündirişler geçirip, ony halk köpçüliginiň aňyna ýetirmek, şonuň netijesinde-de jemgyýeti has-da demokratiýalaşdyrmak, saýlaw ulgamyny kämilleşdirmek esasy wezipelerimiziň biri bolup durýar.

**Türkmenistanda geçirilýän saýlawlar, esasan, şu aşakdaky tapgyrlary özünde jemleýär:**

1) saýlawlary bellemek;
2) saýlawçylaryň sanawyny düzmek;
3) saýlaw okruglaryny we saýlaw uçastoklaryny döretmek;
4) saýlaw toparlaryny döretmek;
5) dalaşgärleri hödürlemek we bellige almak;
6) saýlawlaryň öň ýanyndaky wagyz işlerini geçirmek;
7) ses bermek;
8) sesleri sanamak we saýlawlaryň netijelerini kesgitlemek.

## SAÝLAWLARYŇ UMUMY DÜZGÜNLERI

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, welaýat, welaýat hukukly şäher, etrap,

etrap hukukly şäher halk maslahatlarynyň, Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlary we sala salşyklar gizlin ses bermek arkaly ähluma, deň we göni saýlaw hukugynyň esasynda geçirilýär. Saýlawlar bäsleşik esasynda geçirilýär. Saýlawlar bir mandatly saýlaw okruglary boýunça geçirilýär. Saýlawlar ähluma. Türkmenistanyň on sekiz ýaşy dolan raýatlarynyň saýlamaga hukugy bardyr.




**1-nji surat**

Türkmenistanyň raýatlarynyň haýsy millete degişlidigine, teniniň reňkine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk hem wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, dine garaýşyna, syýasy ygtykadyna, haýsy partiýa degişlidigine ýa-da hiç partiýa degişli däldigine garamazdan, olaryň saýlamaga, saýlanmaga gatnaşmaga bolan hukuklaryny göni ýa-da gytaklaýyn çäklendirmek gadagan edilýär.




**2-nji surat**

Saýlawlara kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen raýatlar, azatlykdan mahrum ediliş ýerlerinde jeza çekýän adamlar gatnaşmaýarlar. Beýleki halatlarda raýatlaryň saýlaw hukuklarynyň çäklendirilmegine ýol berilmeýär we Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen jogapkärçilige eltýär.

Türkmenistanyň raýatlary saýlawlara we sala salşyklara deň esaslarda gatnaşýarlar. Her bir saýlawçynyň ýa-da sala salşyga gatnaşyjynyň bir sesi bardyr.

Saýlaw uçastogynda ses bermek geçirilende saýlawçylara görner ýaly oňaýly ýerlerde ses bermegiň tertibini öwredýän ündewsuratlaryň türkmen we rus dillerindäki görnüşleri goýulýar *(1-nji, 2-nji suratlardaky görnüşde).*

Saýlawlar göni saýlawlardyr. Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlary, halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň agzalary raýatlar tarapyndan gös-göni saýlanylýarlar. Türkmenistanyň raýatynyň saýlawlara gatnaşmagy erkin we meýletindir. Saýlawlarda ses bermek gizlindir. Saýlawçylaryň öz erkini beýan edişine gözegçilik etmäge ýol berilmeýär.

## SAÝLAWLARY WE SALA SALŞYKLARY BELLEMEK

Saýlawlar Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, halk maslahatlarynyň, Geňeşleriň agzalarynyň ygtyýarlyk möhletiniň tamamlanmagyna azyndan üç aý galanda Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan bellenilýär.

Ählihalk sala salşygyny geçirmek barada karary kabul etmek hukugy Türkmenistanyň Mejlisine degişlidir.

Ýerli sala salşygyny geçirmek barada karary kabul etmek hukugy degişli Geňeşe degişlidir. Ählihalk sala salşygyny geçirmegiň senesi Türkmenistanyň Prezidenti, ýerli sala salşygy geçirmegiň senesi degişli Geňeş tarapyndan bellenilýär.

Saýlawlary we sala salşygy bellemek hakyndaky karar kabul edilen gününden beýläk bäş günden gijä goýman köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde resmi taýdan çap edilmäge degişlidir.

Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi topar saýlaw möwsüminiň başlanýandygy hakynda saýlawlar ýa-da ählihalk sala salşyk gününe çenli azyndan ýetmiş gün galanda yglan edýär. Bu habar köpçülikleýin habar beriş serişdeleri arkaly ilatyň dykgatyna ýetirilýär.

## SAÝLAWÇYLARYŇ SANAWLARY

### Saýlawçylaryň sanawlary we olary düzmegiň tertibi

Saýlawçylaryň sanawy her bir saýlaw uçastogy boýunça düzülýär we oňa uçastok saýlaw toparynyň başlygy bilen kätibi tarapyndan gol çekilýär. Uçastok saýlaw topary saýlawçylaryň sanawlaryny düzmek işine jemgyýetçilik wekillerini çekip biler.

Harby bölümlerde bolýan harby gullukçy saýlawçylaryň, şeýle hem harby gullukçylaryň maşgala agzalary we

beýleki saýlawçylar harby bölümleriň ýerleşýän çäginde ýaşaýan bolsalar, saýlawçylaryň sanawy harby bölümleriň serkerdeleriniň berýän maglumatlary esasynda düzülýär. Harby bölümleriň ýerleşýän çäginiň daşynda ýaşaýan harby gullukçylar saýlawçylaryň sanawyna ýaşaýan ýeri boýunça umumy esaslarda girizilýär.

Şypahanalarda we dynç alyş öýlerinde, ýatymlaýyn kesel bejeriş edaralarynda, administratiw mejbur ediş ýa-da jenaýat iş ýörediş ätiýaçsyzlandyryş çäresi ulanylýan adamlaryň saklanylýan ýerlerinde saýlawçylaryň sanawy bu edaralaryň ýolbaşçylarynyň berýän maglumatlary esasynda düzülýär. Şu ýagdaýlarda saýlawçylaryň sanawyna diňe degişli saýlaw uçastogynyň çäginde ýaşaýan raýatlar girizilýär.

Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalarynyň ýanynda döredilen saýlaw uçastoklarynda saýlawçylaryň sanawyna Türkmenistanyň daşary ýurtda bolýan raýatlary girizilýär.

Saýlawçylaryň familiýalary saýlawçylaryň sanawynda ses bermegi guramak üçin amatly bolan tertipde görkezilýär.

## Raýatlary saýlawçylaryň sanawyna girizmegiň tertibi

Saýlawçylaryň sanawyna saýlawlaryň, sala salşygyň geçiriljek gününe çenli on sekiz ýaşy dolan (saýlawlar, sala salşygyň güni hem), şol saýlaw uçastogynyň çäginde hemişelik ýa-da köplenç (saýlawlaryň, sala salşygyň geçiriljek gününe çenli azyndan soňky üç aýyň dowamynda) ýaşaýan we saýlaw hukugy bolan Türkmenistanyň raýatlary girizilýär.

Türkmenistanyň saýlaw hukugy bolan raýaty haýsydyr bir sebäbe görä saýlawçylaryň sanawyna girizilmedik bolsa, degişli uçastok saýlaw topary tarapyndan bu saýlawçy saýlawçylaryň goşmaça sanawyna girizilýär.

Her bir saýlawçy saýlawçylaryň sanawyna diňe bir saýlaw uçastogynda girizilip bilner.

## Raýatlary saýlawçylaryň sanawy bilen tanyşdyrmak

Saýlawçylaryň sanawy saýlaw uçastogynda saýlawlaryň, sala salşygyň geçiriljek gününe çenli azyndan on bäş günden gijä goýman, şypahanalarda we dynç alyş öýlerinde, ýatymlaýyn kesel bejeriş edaralarynda, administratiw mejbur ediş ýa-da jenaýat iş ýörediş ätiýaçsyzlandyryş çäresi ulanylýan adamlaryň saklanylýan ýerlerinde, Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalarynyň ýanynda döredilen saýlaw uçastoklarynda bolsa saýlawlaryň, sala salşygyň geçiriljek gününe çenli azyndan bäş gün galanda tanyşmak üçin goýulýar.

Sanawa girizilmändigi, nädogry girizilendigi ýa-da sanawdan aýrylandygy barada, şeýle hem sanawda saýlawçy baradaky maglumatlaryň görkezilişinde ýol berlen nätakyklyklar barada şikaýat etmäge her bir raýat hukuklydyr. Şu meseleler baradaky arza uçastok saýlaw topary seredýär, ol arza iki günden gijä goýman, saýlawlaryň, sala salşygyň öň ýanyndaky we saýlawlar, sala salşygyň güni bolsa haýal etmän seretmäge, zerur düzedişleri sanawa girizmäge ýa-da arzaça arzasynyň kanagatlandyrylmandygy baradaky delillendirilen kararyň nusgasyny bermäge borçludyr.

# SAÝLAW OKRUGLARYNY WE SAÝLAW UÇASTOKLARYNY DÖRETMEK

## Saýlaw okruglaryny döretmek

Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlarynda Türkmenistanyň çägi bir saýlaw okrugydyr.

Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň saýlawlarynda Türkmenistanda saýlawçylaryň sany takmynan deň bolan 125 saýlaw okrugy döredilýär.

Welaýat halk maslahatlarynyň agzalarynyň saýlawlarynda degişli çäkde saýlawçylaryň sany takmynan deň bolan 40 saýlaw okrugy, etrap, şäher halk maslahatlarynyň agzalarynyň saýlawlarynda bolsa degişli çäkde saýlawçylaryň sany takmynan deň bolan 20 saýlaw okrugy döredilýär.

Geňeş agzalarynyň saýlawlarynda degişli çäkde saýlawçylaryň sany takmynan deň bolan 5-15 saýlaw okrugy döredilýär. Şunda 1000-e çenli saýlawçy bolan çäkde 5-6, 1001-den 2000-e çenli saýlawçy bolan çäkde 7-8, 2001-den 4000-e çenli saýlawçy bolan çäkde 9-11, 4000-den köp saýlawçy bolan çäkde bolsa 12-15 saýlaw okrugy döredilýär.

Saýlaw okruglarynyň sany bellenilen möçberleriň çäginde degişli Geňeş tarapyndan kesgitlenilýär. Saýlaw okruglary degişli saýlaw toparlary tarapyndan saýlawlara çenli azyndan altmyş bäş gün galanda döredilýär. Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň saýlawlarynda saýlaw okruglarynyň atlary hem bellenilýär. Saýlaw okruglarynyň araçäkleri görkezilen sanaw ilatyň dykgatyna ýetirilýär.

## Saýlaw uçastoklary

Saýlawlarda, sala salşykda ses bermegi geçirmek üçin şäheriň, şäherçäniň, obanyň çägi saýlaw uçastoklaryna bölünýär. Saýlaw uçastoklary degişli etrap, şäher saýlaw topary tarapyndan yzygiderli tertip boýunça belgilenip döredilýär. Saýlaw uçastoklary saýlawçylaryň ses bermäge gatnaşmagyna amatly bolar ýaly tertipde döredilýär.

Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň teklipnamasy boýunça Merkezi saýlaw topary tarapyndan Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalarynyň ýanynda hem saýlaw uçastoklary döredilip bilner. Olar Merkezi saýlaw toparynyň kesgitlän etrabynyň ýa-da şäheriniň saýlaw uçastoklarynyň düzümine girizilýär.

## Saýlaw uçastoklaryny döretmegiň tertibi

Saýlaw uçastoklary saýlawlara, sala salşygyň geçiriljek gününe çenli azyndan kyrk bäş gün galanda döredilýär. Harby bölümlerde, uzak we barmasy kyn ýerlerde, şypahanalarda we dynç alyş öýlerinde, ýatymlaýyn kesel bejeriş edaralarynda, administratiw mejbur ediş ýa-da jenaýat iş ýörediş ätiýaçsyzlandyryş çäresi ulanylýan adamlaryň saklanylýan ýerlerinde, Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalarynyň ýanynda saýlaw uçastoklary saýlawlar gününe çenli azyndan bäş gün galanda hem döredilip bilner.

Saýlaw uçastoklary ýigrimiden iki müňe çenli saýlawçy sany bilen döredilýär, käbir halatlarda saýlawçy sany ýigrimiden az bolan saýlaw uçastoklary hem döredilip bilner.

Etrap, şäher, etrapdaky şäher, şäherçe, geňeşlik saýlaw topary uçastok saýlaw toparynyň we ses bermegiň geçiriljek jaýynyň ýerleşýän ýerini görkezmek bilen her bir saýlaw uçastogynyň araçägi hakyndaky habary ilatyň dykgatyna ýetirýär.

## SAÝLAW TOPARLARYNYŇ GURLUŞY, SAÝLAW TOPARLARYNY DÖRETMEK

Saýlaw toparlary öz işini Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, Türkmenistanyň Saýlaw kodeksine we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda guraýarlar.

Saýlaw toparlarynyň düzümine wekiller syýasy partiýalaryň, jemgyýetçilik birleşikleriniň welaýat, etrap, şäher guramalarynyň mejlislerinde, olaryň ilkinji guramalarynyň, raýatlaryň toparlarynyň ýygnaklarynda hödürlenilýär.

Merkezi saýlaw toparynyň düzümine wekiller Türkmenistanyň Prezidenti, syýasy partiýalar we jemgyýetçilik birleşikleri tarapyndan hödürlenilýär. Merkezi saýlaw topary Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan Türkmenistanyň raýatlarynyň hataryndan başlykdan, başlygyň orunbasaryndan, kätipden we on iki agzadan ybarat düzümde döredilýär. Merkezi saýlaw toparynyň başlygy Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan tassyklanylýar.

Welaýat saýlaw toparlary Merkezi saýlaw topary tarapyndan 9 – 13 agzadan ybarat düzümde döredilýär.

Etrap, şäher saýlaw toparlary degişli welaýat saýlaw topary tarapyndan 11–15 agzadan ybarat düzümde döredilýär.

Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň saýlawlarynda okrug saýlaw toparlary Merkezi saýlaw topary tarapyndan saýlawlara çenli azyndan altmyş gün galanda 9–11 agzadan ybarat düzümde döredilýär.

Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlarynda etrapdaky şäheriň, şäherçäniň, geňeşligiň saýlaw toparlary degişli etrabyň, şäheriň saýlaw topary tarapyndan saýlawlaryň geçiriljek gününe çenli azyndan altmyş gün galanda 7–11 agzadan ybarat düzümde döredilýär.

Uçastok saýlaw toparlary degişli etrap, şäher saýlaw toparlary tarapyndan saýlawlaryň geçiriljek gününe çenli azyndan kyrk gün galanda 5–15 agzadan ybarat düzümde döredilýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň, halk maslahatlarynyň agzalarynyň saýlawlaryndan tapawutlylykda, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň saýlawlarynda okrug saýlaw toparlary döredilýär, Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlarynda bolsa etrapdaky şäher, şäherçe, geňeşlik saýlaw toparlary döredilýär.

Saýlaw toparynyň düzümine girýänleriň islendigi toparyň düzüminden onuň özüniň arzasy boýunça ýa-da saýlaw toparyndaky ygtyýarlyklarynyň ýatyrylmagy, şeýle hem Saýlaw kodeksiniň 48-nji we 52-nji maddalarynda görkezilen ýagdaýlaryň ýüze çykmagy bilen boşadylýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, halk maslahatlarynyň, Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlaryny, sala salşyklary geçirmegi şu aşakdaky saýlaw toparlary guraýarlar:

5. Sargyt № 2236


TÜRKMENISTANDA SAÝLAWLARY WE SALA SALŞYKLARY GEÇIRMEK BARADAKY MERKEZI TOPAR
Welaýat saýlaw toparlary
Etrap, şäher saýlaw toparlary
Okrug saýlaw toparlary
Etrapdaky şäher, şäherçe, geňeşlik saýlaw toparlary
Uçastok saýlaw toparlary

# MERKEZI SAÝLAW TOPARYNYŇ ÝANYNDA DÖREDILÝÄN IŞ TOPARLARY

Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 26-njy maddasynyň 31-nji bendine laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, halk maslahatlarynyň, Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlaryny guramaçylyk, hukuk we tehniki taýdan üpjün etmek maksady bilen Merkezi saýlaw toparynyň ýanynda iş toparlary döredilýär.

Merkezi saýlaw toparynyň ýanynda gözegçilik-derňew topary we arza-şikaýatlar bilen işlemek; köpçülikleýin habar beriş serişdeleri bilen işlemek we milli synçylar bilen işlemek; halkara guramalary bilen işlemek boýunça iş toparlary hereket edýär. Iş toparlarynyň düzümine Merkezi saýlaw toparynyň edarasynyň, syýasy partiýalaryň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, maliýe, hukuk goraýjy we beýleki döwlet edaralarynyň hünärmenleri çekilip bilner.

Degişli edaralar hünärmenleri Merkezi saýlaw toparynyň ygtyýaryna onuň talapnamasy boýunça iş sapary bilen ibermäge borçludyrlar.

Iş toparlary Merkezi saýlaw topary tarapyndan döredilýär we olaryň agzalaryna degişli şahsyýetnama gowşurylýar.

Iş toparlarynyň agzalary Merkezi saýlaw toparynyň mejlislerine gatnaşýarlar we özleriniň alyp barýan işleri barada hasabat berýärler.

# Merkezi saýlaw toparynyň ýanynda döredilýän iş toparlarynyň gurluşy



# DALAŞGÄRLERI HÖDÜRLEMEK WE BELLIGE ALMAK

## Dalaşgärleri hödürlemegiň tertibi

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda dalaşgärleri hödürlemek hukugy saýlawlaryň bellenen gününe çenli bellige alnan syýasy partiýalara, jemgyýetçilik birleşiklerine, şeýle hem raýatlaryň toparlaryna degişlidir.

Türkmenistanda doglan, ýaşy kyrkdan pes bolmadyk we ýetmişden uly bolmadyk, döwlet dilini bilýän, soňky on bäş ýylyň dowamynda Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan hem-de döwlet edaralarynda, jemgyýetçilik birleşiklerinde, kärhanalarda, edaralarda, guramalarda işläp gelýän Türkmenistanyň raýaty Türkmenistanyň Prezidentligine dalaşgär hödürlenilip bilner.

Saýlawlar gününe çenli ýigrimi bäş ýaşy dolan we soňky on ýylyň dowamynda Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan Türkmenistanyň raýaty Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlygyna dalaşgär hödürlenilip bilner.

Saýlawlar gününe çenli ýigrimi bir ýaşy dolan we degişli çäkde ýaşaýan Türkmenistanyň raýaty halk maslahatynyň, Geňeşiň agzalygyna dalaşgär hödürlenilip bilner.

Hödürlenilen wagtyna çenli iş kesilenlik aýyby öz-özünden aýrylmadyk ýa-da kanunda bellenilen tertipde aýrylmadyk adam dalaşgärlige hödürlenilip bilinmez.

Dalaşgärleri hödürlemek saýlawlara altmyş gün galanda başlanyp, otuz gün galanda tamamlanýar.

## Syýasy partiýalar, jemgyýetçilik birleşikleri tarapyndan dalaşgärleri hödürlemegiň tertibi

Türkmenistanyň Prezidentligine dalaşgärleri syýasy partiýalar, jemgyýetçilik birleşikleri özleriniň merkezi guramalarynyň mejlislerinde (gurultaýlarynda, konferensiýalarynda, umumy ýygnaklarynda) hödürleýärler.

Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlygyna dalaşgärleri syýasy partiýalar, jemgyýetçilik birleşikleri özleriniň merkezi, welaýat, etrap, şäher guramalarynyň mejlislerinde (gurultaýlarynda, konferensiýalarynda, umumy ýygnaklarynda) hödürleýärler.

Halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgärleri syýasy partiýalaryň, jemgyýetçilik birleşikleriniň welaýat, etrap, şäher guramalarynyň mejlislerinde hödürleýärler.

Geňeş agzalygyna dalaşgärleri syýasy partiýalaryň, jemgyýetçilik birleşikleriniň ilkinji guramalarynyň ýygnaklarynda hödürleýärler.

Eger syýasy partiýalaryň, jemgyýetçilik birleşikleriniň degişli guramasynyň mejlisine, olaryň ilkinji guramasynyň ýygnagyna gatnaşýanlaryň ýarysyndan köpüsi dalaşgärlige hödürlenilýäniň tarapyna ses berse, ol dalaşgär hödürlenilen diýlip hasap edilýär.

## Raýatlar toparlary tarapyndan Türkmenistanyň Prezidentligine dalaşgärleri hödürlemegiň tertibi

Raýatlar toparlary tarapyndan Türkmenistanyň Prezidentligine dalaşgär hödürlenilende, ol saýlawçylaryň azyndan on müňüsiniň goly bilen goldanylmalydyr. Şunda Türk-

menistandaky etraplaryň we etrap hukukly şäherleriň üçden biriniň her birinden gollaryň sany azyndan üç ýüz bolmalydyr.

Gollary ýygnamak hödürlenilýän dalaşgäriň teklipçi topary tarapyndan guralýar. Teklipçi toparyň düzümi Türkmenistanyň saýlaw hukugy bolan raýatlarynyň ellisinden az bolmaly däldir.

Merkezi saýlaw topary teklipçi toparyň ýolbaşçysy we agzalary tarapyndan gol çekilen we olaryň familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi, ýaşaýan ýeri, şeýle hem toparyň ýerleşýän ýeri görkezilen bellige almak baradaky arzasynyň gelip gowşan gününden başlap üç günden gijä galman bu topary bellige alýar we onuň her bir agzasyna degişli şahsyýetnama berýär.

Gollar diňe Türkmenistanyň saýlaw hukukly raýatlarynyň arasyndan ýygnalyp bilner. Saýlawçylaryň gollaryny ýygnamak saýlawçylaryň işleýän, gulluk edýän, okaýan, ýaşaýan ýerlerinde, saýlawlaryň öň ýanynda geçirilýän çärelerde, şeýle hem gollaryň ýygnalmagy kanun bilen gadagan edilmedik beýleki ýerlerde geçirilýär.

Saýlawçylaryň gollaryny ýygnamak hukugy dalaşgäri hödürleýän teklipçi toparyň agzalaryna degişlidir.

Dalaşgäri goldamak üçin gol çekilýän kagyzçada saýlawçynyň familiýasy, ady we atasynyň ady, ýaşaýan ýeriniň salgysy, doglan ýyly (on sekiz ýaşdaky – muňa goşmaça edip doglan güni we aýy), gol çeken senesi görkezilýär. Saýlawçy diňe bir dalaşgäri goldap gol çekmäge haklydyr.

Gol çekilýän kagyzçalaryň blanklary Merkezi saýlaw topary tarapyndan bellenilen nusga laýyklykda taýýarlanylýar. Merkezi saýlaw topary teklipçi toparyň resmi ýüztutmasyna görä iki günüň dowamynda gol çekilýän kagyzçalaryň blanklaryny teklipçi toparyň wekiline berýär.

Teklipçi topar gol çekilen kagyzçalary dalaşgäri goldamak üçin gollary ýygnamak boýunça kitapça görnüşinde tikilen we sahypalary belgilenip doldurylan gol çekilýän kagyzçalary jemläp, saýlawlar gününe çenli otuz günden gijä galman Merkezi saýlaw toparyna berýär. Merkezi saýlaw topary gol çekilýän kagyzçalary kabul edende olary öz möhüri bilen tassyklaýar we saýlawçylaryň gollarynyň sanyny, kabul edilen senesini we wagtyny görkezmek bilen, gol çekilýän kagyzçalaryň kabul edilendigi hakynda tassyknama berýär. Tassyknamada Merkezi saýlaw toparynyň we teklipçi toparyň wekilleri gol çekýärler.

Eger gollaryň hakykylygynyň barlagynyň netijesinde ýygnalan gollaryň iki göteriminden köpüsiniň hakyky däldigi ýüze çykarylsa, dalaşgär hödürlenilýäni bellige almakdan ýüz dönderilýär.

## Raýatlar toparlary tarapyndan Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlygyna, halk maslahatynyň, Geňeşiň agzalygyna dalaşgärleri hödürlemegiň tertibi

Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlygyna, welaýat halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgärleri hödürlemek boýunça raýatlaryň toparynyň ýygnagyna degişli saýlaw

okrugynyň çäginde ýaşaýan saýlawçylaryň azyndan iki ýüzüsi, etrap, şäher halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgärleri hödürlemek boýunça raýatlaryň toparynyň ýygnagyna degişli saýlaw okrugynyň çäginde ýaşaýan saýlawçylaryň azyndan bir ýüzüsi, Geňeşiň agzalygyna dalaşgärleri hödürlemek boýunça raýatlaryň toparynyň ýygnagyna bolsa degişli saýlaw okrugynyň çäginde ýaşaýan saýlawçylaryň azyndan ellisi gatnaşsa, ol ygtyýarly hasap edilýär.

Her bir saýlawçy raýatlaryň toparynyň diňe bir ýygnagyna gatnaşyp biler, bu düzgün şol bir derejedäki wekilçilikli edara agzalyga dalaşgär hödürlemek boýunça geçirilýän ýygnaklara degişlidir.

Ýygnaga gatnaşýanlar bellige alynmaga degişlidir, bellige alyş sanawynda her bir saýlawçynyň familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi, ýaşaýan ýeri görkezilýär. Her bir saýlawçy bellige alyş sanawynda gol çekýär.

Raýatlaryň toparynyň ýygnagyna gatnaşýanlaryň ýarysyndan köpüsi dalaşgärlige hödürlenilýäniň tarapyna ses berse, ol dalaşgär hödürlenilen diýlip hasap edilýär.

## Dalaşgärleri bellige almak

Türkmenistanyň Prezidentligine dalaşgärleri Merkezi saýlaw topary, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlygyna dalaşgärleri – degişli okrug saýlaw topary, halk maslahatyna agzalyga dalaşgärleri degişli welaýatyň, etrabyň, şäheriň, Geňeş agzalygyna dalaşgärleri bolsa etrapdaky şäheriň, şäherçäniň, geňeşligiň saýlaw topary bellige alýar. Bellige

almak saýlawlara elli gün galanda başlanýar we saýlawlara ýigrimi bäş gün galanda tamamlanýar.

Dalaşgärleri bellige almak hakyndaky karar mejlisleriň, ýygnaklaryň dalaşgärleri hödürlemek baradaky teswirnamalary we dalaşgärleriň sese goýulmaga razydygy baradaky arzalary bar bolan mahalynda kabul edilýär.

Merkezi saýlaw topary, okrugyň, welaýatyň, etrabyň, şäheriň, etrapdaky şäheriň, şäherçäniň, geňeşligiň saýlaw topary degişli dalaşgärleriň bellige alnandygy hakynda teswirnama düzýär.

Bellige almakdan ýüz dönderilendigi barada ýokarda durýan saýlaw toparyna ýa-da kazyýete üç gün möhletde şikaýat edilip bilner, şikaýata üç günden gijä goýulman seredilmelidir.

Dalaşgärlige hödürlenilen her bir adam diňe bir saýlaw okrugynda dalaşgärlige bellige alnyp bilner. Dalaşgäre degişli şahsyýetnama berilýär.

Dalaşgär haýsydyr bir saýlaw toparynyň düzümine girýän ýa-da synçy bolsa, ol bellige alnan pursadyndan toparyň düzüminden çykarylan ýa-da synçynyň ygtyýarlyklary bes edilen diýlip hasap edilýär.

Degişli saýlaw topary dalaşgärleriň bellige alnandygy hakyndaky habary olar bellige alnandan soň bäşilenji günden gijä goýman ilatyň dykgatyna ýetirýär, habarda dalaşgärleriň her biriniň familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan ýyly we ýeri, işleýän ýeri, eýeleýän wezipesi (käri) we ýaşaýan ýeri görkezilýär.

# SAÝLAWLARYŇ ÖŇ ÝANYNDAKY WAGYZ IŞLERINI GEÇIRMEK

## Saýlawçylaryň habarly edilmegi

Saýlawlaryň maglumat üpjünçiligi saýlawçylary habarly etmegi we wagyz işlerini öz içine alýar. Saýlawçylary habarly etmegi Türkmenistanyň Saýlaw kodeksine we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda saýlaw toparlary, döwlet häkimiýet, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri, ýuridik we fiziki şahslar amala aşyrýarlar. Köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde ýerleşdirilýän ýa-da beýleki usullar bilen ýaýradylýan habarlaýyn maglumatlaryň mazmuny dogruçyl, hakyky bolmalydyr, dalaşgärleriň deňligini bozmaly däldir, olarda haýsydyr bir dalaşgär ileri tutulmaly däldir.




**3-nji surat**

Şonuň ýaly-da saýlaw okruglary boýunça bellige alnan dalaşgärleriň terjimehallary we suratlary saýlawçylaryň tanşyp bilmekleri üçin köpçüligiň barýan ýerlerinde goýulmalydyr *(3-nji suratdaky görnüşde).*

## Wagyz işlerini geçirmek

Saýlawlar geçirilende syýasy partiýalara, jemgyýetçilik birleşiklerine, Türkmenistanyň raýatlaryna, dalaşgärlere, dalaşgärleriň ynanylan adamlaryna, teklipçi toparlara Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda wagyz işlerini erkin geçirmek üpjün edilýär.

Syýasy partiýalaryň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, Türkmenistanyň raýatlarynyň, dalaşgärleriň, dalaşgärleriň ynanylan adamlarynyň, teklipçi toparlaryň kanun tarapyndan gadagan edilmedik görnüşlerde we usullarda saýlawçylary saýlawlara işjeň gatnaşmaga ündeýän wagyz işlerini geçirmäge, dalaşgärleriň saýlawlaryň öň ýanyndaky maksatnamalaryny, olaryň syýasy, iş başarjaňlyk, şahsy sypatlaryny, öz mejlislerinde, ýygnaklarynda, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde erkin we hemme taraplaýyn ara alyp maslahatlaşmaga hukuklary bardyr.

Dalaşgär, teklipçi topar köpçülikleýin habar beriş serişdeleri arkaly wagyz işlerini geçirmegiň görnüşini we häsiýetini özbaşdak kesgitlemäge hukuklydyr.

Saýlawlar geçirilende wagyz işlerine gatnaşmaga, şol sanda islendik wagyz maglumatlaryny çykarmaga saýlaw toparlarynyň agzalarynyň, synçylaryň, kazylaryň, haýyr--sahawat guramalarynyň, dini guramalaryň agzalarynyň we wekilleriniň, hukuk goraýjy edaralarynyň işgärleriniň

hukugy ýokdur, bu görkezilen şahslaryň dalaşgärler, şeýle hem dalaşgärleriň ynanylan adamlary hökmünde bellige alnan halatlary muňa girmeýär.

Şeýle-de wagyz işlerine on sekiz ýaşyna ýetmedik raýatlaryň, daşary ýurt raýatlarynyň, daşary ýurt döwletleriniň we guramalarynyň, halkara guramalarynyň we halkara jemgyýetçilik hereketleriniň gatnaşmaklaryna ýol berilmeýär.

### Wagyz işlerini geçirmegiň möhletleri

Wagyz işleri dalaşgäriň bellige alnan gününden başlanýar we saýlawlaryň geçiriljek gününden bir gün öň bes edilýär. Saýlaw toparlarynyň jaýlaryndan daşarda ýerleşdirilen wagyz metbugat maglumatlary (listowkalar, ündewsuratlar we beýlekiler) ses berilýän güni öňki ýerlerinde saklanylyp galdyrylýar.

## SAÝLAWLARDA SES BERMEK

### Ses bermegi geçirmek

Her bir saýlawçynyň özi ses berýär, başga adamlaryň ýerine ses berilmegine ýol berilmeýär. Uçastok saýlaw topary saýlawça saýlaw býulletenini saýlawçylaryň sanawy esasynda pasportyny ýa-da şahsyýetini tassyklaýan başga resminamasyny görkezende berýär.

Saýlaw býulletenini alan saýlawçy saýlawçylaryň sanawynda gol çekýär.

Saýlawçy saýlaw býulletenini kabinada doldurýar. Saýlaw býulleteni doldurylanda kabinada ses berýänden başga adamlaryň bolmagy gadagandyr. Saýlaw býulletenini özbaşdak doldurmaga mümkinçiligi bolmadyk saýlawçynyň öz islegine görä, saýlaw toparynyň agzalaryndan, synçylardan, dalaşgärleriň ynanylan adamlaryndan, teklipçi toparyň agzalaryndan başga adamy kabina çagyrmaga hukugy bardyr.

Saýlawlarda saýlawçy dalaşgärleriň haýsysynyň tarapyna ses berýän bolsa, saýlaw býulleteninde şonuň familiýasynyň deňinde bellik edýär.

Saýlawçy doldurylan saýlaw býulletenini eplenen görnüşde saýlaw gutusyna atýar *(4-nji suratdaky görnüşde)*.




**4-nji surat**

Saýlawçynyň haýyşy boýunça zaýalanan saýlaw býulleteniniň deregine oňa täze saýlaw býulleteni berlip bilner. Zaýalanan saýlaw býulletenleri hasaba alynmaga, ulanylmaz ýaly edilmäge we aýratyn saklanylmaga degişlidir.

## Saýlawlar gününden öň ses bermek

Saýlawlar güni öz ýaşaýan ýerinde bolup bilmejek saýlawçy saýlaw uçastogynda öňünden ses bermäge hukuklydyr. Öňünden ses bermek saýlawlar gününe çenli on gün galandan başlap saýlaw uçastogynda we Türkmenistanyň Saýlaw kodeksinde bellenilen tertibe laýyklykda geçirilýär. Öňünden ses bermek uçastok saýlaw toparynyň agzalarynyň azyndan ikisiniň gatnaşmagynda geçirilýär.

Ses beren saýlawçy, doldurylan saýlaw býulletenini öňünden möhürlenen saýlaw gutusyna atýar.

## Ses berilýän jaýdan daşarda ses bermegiň tertibi

Uçastok saýlaw topary şol saýlaw uçastogynda saýlawçylaryň sanawyna girizilen we ses berilýän jaýa sebäpli (saglyk ýagdaýy, maýyplygy boýunça) özbaşdak gelip bilmeýän saýlawçylaryň ses bermäge gatnaşmak mümkinçiligini üpjün etmäge borçludyr.

Ses berilýän jaýdan daşarda ses bermek diňe saýlawlar güni we saýlawçynyň ýüztutmasy esasynda geçirilýär. Uçastok saýlaw topary gelen ýüztutmalary ýörite sanawda bellige alýar.

Saýlaw toparynyň agzalary saýlawçynyň ýanyna baranda dilden ýüztutma ýazmaça arza bilen tassyklanylýar.

Ýüztutmada saýlawçynyň ses berilýän jaýa gelip bilmeýänliginiň sebäbi görkezilmelidir.

Ýüztutmalar saýlawlaryň geçiriljek güni ses bermegiň wagtynyň tamamlanmazyndan alty sagatdan gijä galman berilmelidir.

Uçastok saýlaw topary saýlawçynyň ses berilýän jaýa özbaşdak gelip bilmeýänliginiň sebäbini esassyz diýip ykrar edip we şol esasda saýlawça ses berilýän jaýdan daşarda ses bermegi geçirmekden ýüz dönderip biler.

Ses berilýän jaýdan daşarda ses bermegi geçirmekden ýüz dönderilende bu barada uçastok saýlaw topary saýlawça tizden-tiz habar berýär.

Ses berilýän jaýdan daşarda ses bermek Türkmenistanyň Saýlaw kodeksinde bellenilen tertibe laýyklykda geçirilýär.

Saýlaw uçastogy gurnalanda, gizlin ses berilýän kabinalar, saýlaw gutulary, uçastok saýlaw toparynyň agzalary, milli we halkara synçylar, dalaşgärleriň ynanylan adamlary aşakdaky *(5-nji suratdaky)* mysaly görnüşdäki tertipde ýerleşdirilýär.

Ses berilýän jaýdan daşarda ses bermegi geçirýän uçastok saýlaw toparynyň agzalary saýlaw býulletenlerini diňe ýüztutmalary bellige alnan saýlawçylara bermäge hukuklydyrlar.




**SAÝLAW UÇASTOGYNYŇ ÝERLEŞIŞ TEBTIBI:**

**A**-Uçastok saýlaw toparynyň agzalary.
**B**-Uçastok saýlaw toparynyň başlygy, orunbasary we kätibi.
**Ç**-Synçylar, dalaşgärleriň ynanylan adamlary.

**SAÝLAWÇYNYŇ SES BERMEGINIŇ HEREKETLERI:**

**1**-Saýlawçynyň resminamasyny barlamak, bellik etmek we býulleten bermek.
**2**-Kabinada ses bermek.
**3**-Býulleteni saýlaw gutusyna atmak.
**4**-Saýlaw uçastogyndan çykmak.

**5-nji surat**

# SESLERI SANAMAK WE SAÝLAWLARYŇ JEMLERINI KESGITLEMEK HEM-DE YGLAN ETMEK

## Saýlaw uçastogynda sesleri sanamak

Saýlaw gutularyny, şol sanda öňünden ses bermek, ses berilýän jaýdan daşarda ses bermek üçin goýlan saýlaw gutularyny uçastok saýlaw toparynyň başlygy ses bermek tamamlandy diýip yglan edeninden soň, şol saýlaw topary açýar. Ses bermek tamamlanmanka saýlaw gutularyny açmak gadagandyr. Saýlaw gutularynyň açylmagynyň öň ýanynda uçastok saýlaw topary peýdalanylmadyk saýlaw býulletenleriniň ählisini sanaýar we ulanylmaz ýaly edýär.

Saýlaw uçastogynda sesler her bir saýlaw okrugynda dalaşgärleriň her biri boýunça aýratynlykda sanalýar *(6-njy suratdaky görnüşde)*.



**6-njy surat**

Saýlawlarda uçastok saýlaw topary saýlawçylaryň sanawy esasynda saýlaw uçastogynda her bir okrug boýunça saýlawçylaryň umumy sanyny, şeýle hem saýlaw býulletenini alan saýlawçylaryň sanyny takyklaýar. Topar: saýlaw gutularyndaky saýlaw býulletenleriniň esasynda okrugda ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň umumy sanyny, şol sanda öňünden ses beren saýlawçylaryň we ses berilýän jaýdan daşarda ses beren saýlawçylaryň sanyny; dalaşgärleriň her biriniň tarapyna berlen sesleriň sanyny; hakyky däl diýlip ykrar edilen saýlaw býulletenleriniň sanyny; ulanylmaz ýaly edilen saýlaw býulletenleriniň sanyny takyklaýar.

Bellenilen nusgada bolmadyk ýa-da saýlaw býulleteninde birden köp dalaşgäriň familiýasynyň deňinde bellik edilen bolsa ýa-da hiç hili bellik edilmedik bolsa, şeýle hem saýlaw býulleteninde saýlawlar gününe çenli çykyp giden dalaşgärler üçin ses berlen ýa-da goşmaça familiýa ýazylan bolsa, onda ol saýlaw býulleteni hakyky däl diýlip hasap edilýär.

Sesleri sanamagyň netijesine uçastok saýlaw toparynyň mejlisinde seredilýär we saýlawlarda ol her saýlaw okrugy boýunça düzülýän teswirnama girizilýär. Teswirnama uçastok saýlaw toparynyň başlygy, başlygynyň orunbasary, kätibi we agzalary gol çekýärler hem-de teswirnama toparyň başlygy ýa-da onuň orunbasary tarapyndan yglan edilýär, soňra haýal edilmän ýokarda durýan degişli saýlaw toparyna iberilýär. Teswirnamanyň ýanyna uçastok saýlaw toparynyň agzalarynyň bar bolan aýratyn pikirleri,

ses bermegiň barşynda ýa-da sesler sanalanda ýol berlen düzgün bozulmalar hakynda uçastok saýlaw toparyna gelip gowşan arzalar we şikaýatlar goşulýar. Uçastok saýlaw toparynyň teswirnamanyň nusgasy saýlaw uçastogynyň jaýynda hemmeleriň tanyşmagy üçin goýulýar.

Uçastok saýlaw toparynyň teswirnamasynyň tassyklanylan nusgasyny dalaşgäriň ýa-da onuň ynanylan adamynyň, synçynyň almaga hukugy bardyr.

## Saýlawlaryň jemini kesgitlemek

Saýlawlarda saýlaw okruglary (okrugy) boýunça saýlawlaryň jemini uçastok saýlaw toparlarynyň teswirnamalarynyň esasynda Merkezi saýlaw topary, welaýatyň, etrabyň, şäheriň, etrapdaky şäheriň, şäherçäniň, geňeşligiň, okrugyň saýlaw topary öz mejlisinde kesgitleýär.

Saýlawlarda degişli saýlaw topary her saýlaw okrugy boýunça saýlawlaryň netijesi hakynda teswirnama düzýär, oňa saýlaw toparynyň başlygy, başlygynyň orunbasary, kätibi we agzalary gol çekýärler. Saýlaw topary teswirnama düzülenden soň, saýlawlaryň netijesini yglan edýär. Teswirnamanyň nusgalary saýlaw toparynyň jaýynda hemmeleriň tanyşmagy üçin goýulýar. Okrug boýunça ses bermegiň jemleri hakynda degişli saýlaw toparynyň teswirnamasynyň tassyklanylan nusgasyny dalaşgäriň ýa-da onuň ynanylan adamynyň, synçynyň almaga hukugy bardyr.

Saýlawlarda ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň sesleriniň ýarysyndan köpüsini alan dalaşgär saýlanylan diýlip hasap edilýär.

## Saýlanylanlary bellige almak

Degişli saýlaw topary saýlanylan Türkmenistanyň Prezidentini, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlaryny, halk maslahatynyň, Geňeşiň agzalaryny bellige alýar.

## Saýlawlaryň jemini yglan etmek

Degişli saýlaw topary saýlawlaryň jemi baradaky habary saýlawlar gününden soň ýedi günden gijä goýman ilatyň dykgatyna ýetirýär.

Saýlawlaryň jemi baradaky habarda saýlawçylaryň sanawlaryna girizilen saýlawçylaryň umumy sany; ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň sany; her bir dalaşgäriň tarapyna berlen sesleriň sany; hakyky däl diýlip ykrar edilen saýlaw býulletenleriniň sany; saýlanylanlaryň familiýasy, ady, atasynyň ady, işleýän ýeri, wezipesi (käri) we ýaşaýan ýeri görkezilýär.

## Milli synçylar

Ýurdumyzda geçirilýän saýlawlary kanuna laýyklykda, türkmen halkyna gadymdan bäri mahsus bolan milli demokratiýamyzdan ugur alyp, saýlaw hukugynyň halkara derejesinde ykrar edilen we saýlawlary demokratik esaslarda geçirmekligiň bellenen ýörelgeleri hasaplanylýan ählumumy saýlaw hukugy, deň saýlaw hukugy, göni saýlaw hukugy, saýlawlaryň gizlinligi we saýlawlaryň erkinligi esasynda geçirmekde milli synçylaryň ähmiýeti örän wajypdyr.

Ýurdumyzda saýlaw ulgamynyň has-da kämilleşdirilmegi bilen, saýlawlaryň geçirilişine syn etmeklik we şonuň bilen birlikde saýlawlaryň demokratik esaslarda geçirilmeginde we raýat hukuklarynyň goralmagynda milli synçylaryň uly ýardam berýändiklerini bellemek gerek. Saýlawlar jemgyýetçilik durmuşynda demokratiýanyň ýüze çykmagynyň esasy çeşmesi bolup durýar.

Halkara synçylaryň bardygyna garamazdan, ýerli milli synçylaryň wajyplygynyň ykrar edilmegi has-da dabaralanýar. Şonuň netijesinde-de saýlawçylaryň öz erk-isleglerini erkin beýan etmekleri, erkin ýagdaýda dalaşgärleriň hödürlenilmegi, ýygnaklary geçirmek hukugynyň peýdalanylmagy gazanylýar. Milli synçylar toparlarynyň döredilmegi saýlaw möwsüminde ýüze çykýan düzgün bozulmalary düzetmekde, saýlaw möwsüminiň adalatly alnyp barylýandygyna ynamy berkitmekde, raýatlaryň işjeňligini ösdürmekde özüniň oňyn netijesini berýär.

Ýerli synçylar bilen usuly okuw maslahatlary geçirilýär. Şol okuw maslahatlarynyň halkara bilermenleriň alyp barmagynda geçirilmegi, saýlawlary synlamagyň halkara tejribeleri bilen tanyşmakda, bu tejribeleri ýerli kanunçylygymyz bilen sazlaşykly ulanmakda goşmaça goldaw berýär.

Halkara tejribelerinde saýlawlara syn etmekligiň uzak möhletleýin we gysga möhletleýin görnüşleri bardyr.

Uzakmöhletleýin syn etmek – saýlaw möwsümi başlanandan tä saýlawlaryň jemlerini yglan etmek döwrüni öz içine alýar.

Gysga möhletleýin syn etmek – ses bermegiň barşyny we ses bermegiň netijelerini kesgitlemek işlerini öz içine alýar.

## Milli synçylary bellemek hukugy

Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 6-njy maddasyna laýyklykda, milli synçylary bellemek hukugy syýasy partiýalara, jemgyýetçilik birleşiklerine we raýatlaryň teklipçi toparlaryna degişlidir.

Milli synçylary bellemegi syýasy partiýalar, jemgyýetçilik birleşikleri öz ýerli guramalarynyň mejlislerinde, raýatlar toparlary öz ýygnaklarynda amala aşyrýarlar.

Milli synçy bellemek boýunça raýatlar toparynyň ýygnagyna saýlaw hukukly raýatlaryň azyndan otuzysy gatnaşsa, ol ygtyýarlydyr.

Milli synçylar Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlarynda Merkezi saýlaw toparynda, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, halk maslahatlarynyň, Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlarynda – degişli welaýat saýlaw toparlarynda bellige alynýar. Olaryň ygtyýarlyklary bellenilen nusgadaky şahsyýetnama bilen tassyklanylýar.

Synçylaryň saýlaw toparlarynyň mejlislerinde, saýlawlara taýýarlyk görmegiň we olary geçirmegiň barşynda, saýlaw gutulary möhürlenilende, öňünden ses berlende, ses berilýän jaýdan daşarda ses berlende, saýlawlar güni saýlaw uçastogynda ses berlende, sesler sanalanda, saýlawlaryň netijeleri kesgitlenilende hem-de saýlawlaryň umumy jemi jemlenilende bolmaga, saýlaw kanunçylygynyň we saýlawlar güni ses bermegiň tertibiniň berjaý edilişini synlamaga hukuklary bardyr.

Döwlet häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylaryndan, kazylardan, prokurorlardan,

saýlaw toparlarynyň agzalaryndan, dalaşgärlerden başga saýlaw hukugy bar bolan Türkmenistanyň raýaty milli synçy bolup biler.

## KÖPÇÜLIKLEÝIN HABAR BERIŞ SERIŞDELERINIŇ WEKILLERI

Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleriniň saýlaw möwsüminiň aýanlykda, demokratik esaslarda geçirilmeginde, saýlaw möwsümi bilen baglanyşykly geçirilýän çäreleriň saýlawçylaryň dykgatyna öz wagtynda we dogruçyl ýetirilip durulmagynda uly ähmiýeti bardyr. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri Döwlet derejesindäki, saýlawlar boýunça saýlawçylaryň ähli maglumatlar bilen tanşyp bilmeklerini üpjün edýärler.

Şonuň esasynda-da saýlawçylaryň arasynda, saýlawlaryň aýanlykda, dogruçyl geçirilendigi baradaky ynamy gazanýarlar.

Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri saýlaw toparlarynyň düzümine wekil hödürlemek boýunça mejlislere we ýygnaklara, saýlaw toparlarynyň mejlislerine, dalaşgärleri hödürlemek boýunça syýasy partiýalaryň, jemgyýetçilik birleşikleriniň mejlislerine, raýatlaryň toparlarynyň ýygnaklaryna, dalaşgärleriň saýlawçylar bilen duşuşyklaryna, ses bermäge başlanylmazdan ozal saýlaw gutulary möhürlenende, ses bermegiň barşynda, saýlaw uçastogynda sesler sanalanda, okrug boýunça saýlawlaryň netijeleri takyklanylanda hem-de saýlawlaryň umumy jemi jemlenilende bolmaga hukuklydyrlar.

Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri saýlawlar bilen baglanyşykly işlerinde, esasan, olar saýlawlar baradaky maglumatlary kanunalaýyklykda we dogruçyl beýan etmeli, haýsydyr bir teleýaýlymyň, radioýaýlymyň, gazetiň ýa-da žurnalyň haýsam bolsa bir syýasy partiýanyň, jemgyýetçilik birleşiginiň, raýatlaryň teklipçi toparynyň ýa-da dalaşgäriň tarapyna aýratyn ýykgyn etmegine ýol berilmeýär, olaryň hemmesi üçin wagyz işlerini deň şertlerde alyp barmalydyrlar.

Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri saýlawlar bilen baglanyşykly wagyz işlerini geçirmegiň hereketleriniň kanunda bellenilen düzgünlerini içgin öwrenmelidirler. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň işiniň düzgünleri barada Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň IX bölüminde beýan edilýär.

Türkmenistanda merkezi teleradioýaýlymlaryň bardygyny nazara alyp, olaryň işine Merkezi saýlaw toparynyň ýanynda döredilen Milli synçylar bilen işlemek boýunça iş topary syn edip biler. Türkmenistanda merkezi gazetlerden başga welaýat gazetleriniň bardygyny nazara alyp, olaryň işine welaýat saýlaw toparynyň ýanynda döredilen Milli synçylar bilen işlemek boýunça iş topary syn edip biler.

Gazet-žurnallarda çap edilen wagyz maglumatlarynyň deň şertlerdedigi olaryň tutýan meýdany, ölçegi (kwadraty, santimetri) esasynda kesgitlenilýär. Teleradioýaýlymlarda goýberilýän çykyşlaryň ölçegi onuň dowamlylygy (minudy, sekundy) esasynda kesgitlenilýär.

Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekillerine haýbat atmak ýa-da güýç ulanmak ýaly hereketleri ulanmak gadagandyr.

**Ýerli köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri** Merkezi saýlaw toparynda bellige alynýar we bellenilen nusgadaky şahsyýetnama berilýär.

Ýerli köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wagyz işleri Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi topar tarapyndan saýlaw möwsüminiň yglan edilen gününden başlanýar we saýlawlaryň jemleri resmi yglan edilenden soň tamamlanýar.

**Daşary ýurt köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleriniň** saýlawlara taýýarlyk görmegiň we olary geçirmegiň gidişini beýan etmek ygtyýarlyklary Merkezi saýlaw toparynda resmi taýdan bellige alnan gününden başlanýar we saýlawlaryň netijeleriniň resmi taýdan çap edilen gününden tamamlanýar.

Merkezi saýlaw topary daşary ýurt köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekiline bellenilen nusgadaky şahsyýetnamany berýär. Synçylary, dalaşgärleriň ynanylan adamlaryny, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekillerini bellemegiň we bellige almagyň tertibini Merkezi saýlaw topary belleýär.

## VII. SAÝLAW ULGAMYNYŇ HALKARA TEJRIBELERI

### Russiýa Federasiýasynyň saýlaw ulgamy

Russiýa Federasiýasynda garyşyk saýlaw ulgamy ulanylýar. Russiýa Federasiýasynda hem saýlaw ulgamy özüniň aýratynlygy bilen tapawutlanýar. Russiýa Federasiýasynyň

saýlaw ulgamynyň esasy aýratynlyklarynyň biri, ýagny saýlawlary geçirmegiň tertibi Konstitusiýa we Federal kanun esasynda düzgünleşdirilýär.

Russiýa Federasiýasynyň saýlaw ulgamynyň esasy aýratynlyklarynyň ýene biri-de, Konstitusiýada saýlawlar (saýlaw ulgamy) barada aýratyn bölümiň ýoklugydyr.

**Russiýa Federasiýasynda 5 görnüşli saýlawlar:**

– Russiýa Federasiýasynyň Prezidentiniň saýlawlary;

– Döwlet Dumasynyň deputatlarynyň saýlawlary;

– Russiýa Federasiýasynyň subýektleriniň ýolbaşçylarynyň saýlawlary;

– Russiýa Federasiýasynyň subýektleriniň kanun çykaryjy edaralarynyň deputatlarynyň saýlawlary;

– Ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň saýlawlary geçirilýär.

Russiýa Federasiýasynyň iň ýokary wekilçilikli edarasynyň deputatlarynyň ýarysy, ýagny, 225 sanysy mažoritar saýlaw ulgamy boýunça gös-göni dalaşgäriň tarapyna ses bermek arkaly saýlanylýar, galan 225 sanysy bolsa proporsional saýlaw ulgamy esasynda dalaşgärleriň sanawnamasynyň ýa-da syýasy partiýalaryň tarapyna ses bermek arkaly saýlanylýar.

Proporsional saýlaw ulgamy esasynda saýlawlar geçirilende, ses bermegiň netijelerine laýyklykda ýurt boýunça saýlawçylaryň azyndan 7% seslerini alyp bilen syýasy partiýalar okruglar boýunça mandat almaga hukuk gazanyp bilýärler.




Russiýa Federasiýasynyň saýlaw hukukly raýatlarynyň ses bermäge gatnaşmak hukuklary erkin we meýletindir, munuň özi saýlawçyny ses bermäge gatnaşmaga ýa-da gatnaşmazlyga mejbur edilmegine ýol berilmeýändigini we onuň erk-islegini beýan etmegine gytaklaýyn täsir edip bolmaýandygyny aňladýar.

Saýlawçylaryň sanawy her saýlaw uçastogy boýunça aýratynlykda ýerli administrasiýa (Geňeş) tarapyndan berilýän maglumatlara laýyklykda düzülýär. Saýlawçylaryň sanawyny ýöretmek işleri ýerli administrasiýanyň ýolbaşçysy tarapyndan amala aşyrylýar we ýylda iki gezek – 1-nji ýanwarda we 1-nji iýulda täzeden seljerilýär.

Ýeke-täk federal saýlaw okrugy Russiýa Federasiýasynyň bütin çägini öz içine alýar we bu saýlaw okrugy boýunça Döwlet Dumasynyň deputatlarynyň saýlawlary geçirilýär. Bir mandatly saýlaw okrugyndan diňe bir adam we köp mandatly saýlaw okrugyndan birnäçe adam saýlanylýar.

Saýlaw okrugy boýunça dalaşgärler ýa-da syýasy partiýalar, jemgyýetçilik birleşikleri sese goýlup bilinýärler.

Ses bermekligi geçirmek we sesleri sanamak üçin saýlaw uçastoklary döredilýär. Saýlaw uçastoklary degişli saýlaw toparynyň razyçylygy esasynda ýerli administrasiýanyň ýolbaşçysy tarapyndan saýlawlar gününe çenli 50 gün galandan gijä goýman 3000-den köp bolmadyk saýlawçy sany bilen döredilýär. Saýlaw uçastoklarynyň sanawy olaryň araçäklerini we merkezlerini görkezmek bilen, saýlawlar gününe çenli 45 gün galandan gijä goýman ýerli metbugatda çap edilip, ilatyň dykgatyna ýetirilýär.

Russiýa Federasiýasynda saýlawlara taýýarlyk görmegi we geçirmegi şu aşakdaky saýlaw toparlary guraýarlar:

– Russiýa Federasiýasynyň Merkezi saýlaw topary;

– Russiýa Federasiýasynyň subýektleriniň (welaýat) saýlaw toparlary;

– okruglaryň saýlaw toparlary;

– ýerli (etrap, şäher we beýleki) saýlaw toparlary;

– uçastok saýlaw toparlary.

Russiýa Federasiýasynyň Merkezi saýlaw topary hemişelik hereket edýän saýlaw toparydyr. Ol saýlawlara taýýarlyk görmekde we geçirmekde hereket edýän saýlaw toparlaryna ýolbaşçylyk edýär. Merkezi saýlaw toparynyň ygtyýarlyk möhleti 4 ýyldyr. Ol 15 agzadan ybaratdyr. Şolaryň bäşisi Döwlet Dumasy, ýene bäşisi Federasiýanyň Geňeşi, galan bäşisi bolsa Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti tarapyndan bellenilýär. Saýlaw toparlary saýlawlara taýýarlyk görmek we sesleri sanamak işlerini synçylaryň gatnaşmagynda açyklyk we aýanlyk esaslarynda alyp

barýarlar, kabul edýän kararlary barada köpçülikleýin habar beriş serişdeleri arkaly ilatyň dykgatyna ýetirýärler.

Saýlawlarda dalaşgärleri hödürlemek şu aşakdaky tertiplerde geçirilýär:

– öz-özüňi hödürlemek – diňe bir mandatly saýlaw okrugy boýunça mümkindir. Öz-özüni bir mandatly saýlaw okrugy boýunça dalaşgärlige hödürlän adam, syýasy partiýalar tarapyndan dalaşgärlige hödürlenilip bilinmeýär. Öz-özüni hödürlemek üçin Russiýa Federasiýasynyň raýaty özüni dalaşgärlige hödürleýändigi baradaky ýazmaça habary we özüniň hödürlenilmegini gollan saýlawçylaryň gollarynyň ýygnalynandygy baradaky teswirnamany okrug saýlaw toparyna iberýär. Ýöne Federal kanunda, dalaşgäriň özüniň hödürlenilmegini gollan saýlawçylaryň gollarynyň ýygnalynandygy baradaky teswirnamany ibermekliginiň zerur däl ýagdaýlary-da göz öňünde tutulandyr:

– syýasy partiýalar, saýlaw bileleşikleri tarapyndan bir mandatly saýlaw okrugy boýunça dalaşgärleri hödürlemek mejlislerde gizlin ses bermek arkaly geçirilýär;

– syýasy partiýalaryň, saýlaw bileleşikleriniň dalaşgärleriniň federal sanawnamasyny hödürlemek, mejlislerde gizlin ses bermek arkaly geçirilýär;

Dalaşgärleri hödürlemek ýa-da dalaşgärleriň sanawnamasyny hödürlemek diňe kanuna laýyklykda hukugy bolan syýasy partiýalara, saýlaw bileleşiklerine degişlidir. Dalaşgärleri we dalaşgärleriň sanawnamasyny gollamak üçin saýlawçylaryň gollary ýygnalýar.

Bir mandatly saýlaw okruglary boýunça dalaşgärler degişli saýlaw okrugy boýunça okrug saýlaw toparynda

bellige alynýarlar. Syýasy partiýalar we bileleşikler bolsa Merkezi saýlaw toparynda bellige alynýarlar.

**Syýasy partiýa** – Russiýanyň raýatlarynyň syýasy isleglerini beýan etmek we kämilleşdirmek arkaly jemgyýetiň syýasy durmuşyna gatnaşmak maksatly, jemgyýetçilik we syýasy aksiýalara, saýlawlara gatnaşmaklary, şeýle-de döwlet häkimiýetiniň we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynda raýatlaryň bähbitlerini görkezmek maksady bilen döredilen jemgyýetçilik birleşigidir.

**Saýlaw bileleşigi** – iki ýa-da üç syýasy partiýalaryň saýlawlara meýletin bilelikde gatnaşmagy bolup, düzgünnamasynda saýlawlara gatnaşmaklyk göz öňünde tutulan jemgyýetçilik guramasy ýa-da jemgyýetçilik hereketi görnüşinde döredilen iki ýa-da bir jemgyýetçilik birleşiginden köp bolmadyk ýagdaýynda bir ýa-da iki syýasy partiýalaryň meýletin bileleşigidir.

Dalaşgärler we syýasy partiýalar bellige alynmaklyk üçin özleriniň gollanýandyklary barada saýlawçylaryň gollaryny ýygnaman we saýlaw toparyna gollary ugratman hem bilýärler, ýöne bu ýagdaýda dalaşgärleri, dalaşgärleriň federal sanawnamasyny bellige almak saýlaw girewini goýmak arkaly amala aşyrylýar.

**Saýlaw girewi** – munuň özi dalaşgär tarapyndan degişli saýlaw toparynyň ýörite hasabyna ýa-da syýasy partiýalar, bileleşikler tarapyndan Russiýa Federasiýasynyň Merkezi saýlaw toparynyň ýörite hasabyna geçirilýän pul serişdesidir.

Ýörite hasaba puluň geçendigi barada barlag geçirilenden soň Merkezi (okrug) saýlaw topary dalaşgärleri,

syýasy partiýalary we bileleşikleri saýlawa gatnaşyjylar hökmünde bellige alýar.

**Saýlawlaryň öň ýanyndaky wagyz işleri** raýatlaryň we jemgyýetçilik birleşikleriniň saýlawçylarda haýsydyr bir dalaşgäriň tarapyna ýa-da garşysyna ses bermäge gatnaşmak duýgularyny oýarmak maksady bilen, maglumatlary ýaýratmak boýunça taýýarlyk işlerini özünde jemleýär.

Saýlawçylary habarly etmek we saýlawlaryň öň ýanyndaky wagyz işleri saýlawlaryň maglumat üpjünçiliginiň jemini düzýär hem-de saýlawlaryň aýanlyk ýörelgeleriniň amala aşyrylmagyny üpjün edýär.

Saýlawlar möwsüminiň dowamynda geçirilýän saýlawlaryň öň ýanyndaky wagyz işleri dalaşgärleriň bellige alnan gününden başlanýar we saýlawlardan bir gün öň bes edilýär.

Wagyz işleri şu aşakdaky görnüşlerde geçirilýär:

→ teleradio ýaýlymlarynda we yzygiderli metbugat çaplarynda;

→ köpçülikleýin çäreleri geçirmek arkaly;

→ çap, audio we beýleki wagyz materiallaryny goýbermek we ýaýratmak arkaly;

→ beýleki kanun esasynda gadagan edilmedik usullarda.

Saýlawlaryň öň ýanyndaky wagyz işleri şu aşakdakylary öz içine alýar:

→ saýlawçylary haýsydyr bir dalaşgäriň, dalaşgärleriň federal sanawnamasynyň tarapyna ýa-da garşysyna ses bermäge çagyrmak;

→ dalaşgäriň, dalaşgärleriň federal sanawnamasynyň saýlanylmagy ýa-da saýlanylmazlygy bilen baglanyşykly bolan netijeleri beýan etmek;

→ dalaşgäriň (esasy gulluk iş wezipesi we ony ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly bolmadyk) hereketleri baradaky maglumatlary ýaýratmak;

→ saýlawçylarda dalaşgäriň, dalaşgärleriň sanawnamasynyň tarapyna ýa-da olaryň garşysyna hem-de dalaşgärleriň ählisiniň garşysyna ses bermegini gazanmak maksatly beýleki hereketler.

Russiýa Federasiýasynyň saýlawlaryny maliýeleşdirmek degişli derejedäki býujetiň serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýar:

● – federal saýlawly edaralaryň saýlawlary – federal býujetiniň serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýar.

● – Russiýa Federasiýasynyň subýektleriniň saýlawly edaralarynyň saýlawlary – Russiýa Federasiýasynyň subýektleriniň býujetiniň serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýar.

Döwlet häkimiýet edaralarynyň saýlawlaryny geçirmegi üpjün edýän pul serişdeleriniň umumy möçberine dalaşgärleriň, syýasy partiýalaryň we bileleşikleriň saýlaw fondlary (maýalary) girýär.

Saýlaw fondlary (maýalary) şu aşakdaky pul serişdelerini öz içine alýar:

7. Sargyt № 2236

→ dalaşgäriň hususy özüne degişli pul serişdeleri (ýöne ol dalaşgäriň saýlaw fondundan goýberilen ähli çykdajylaryň kesgitlenen umumy möçberiniň 50%-inden geçmeli däldir);

→ dalaşgärleri hödürlän syýasy partiýalaryň we bileleşikleriň saýlaw fondundan bölünip berlen pul serişdeleri (ýöne ol dalaşgäriň saýlaw fondundan goýberilen ähli çykdajylaryň kesgitlenen umumy möçberiniň 50%-inden geçmeli däldir);

→ raýatlaryň meýletin berýän haýyr-sahawat pul serişdeleri (ýöne ol dalaşgäriň saýlaw fondundan goýberilen ähli çykdajylaryň kesgitlenen umumy möçberiniň 5%-inden geçmeli däldir) we ýuridiki şahslaryň meýletin berýän pul serişdeleri (umumy çykdajylaryň 50%-inden geçmeli däldir).

Her bir dalaşgäre saýlaw fondunyň serişdeleriniň hasabyna goýberilýän ähli çykdajylaryň bellenen möçberi 6 mln. rubldyr.

**Ses bermek** – munuň özi saýlawlaryň esasy tapgyrynyň biridir. Ses bermek bir ýa-da iki tapgyrda her saýlawçynyň özüniň saýlaw býulletenini alyp, ses bermeginde geçirilýär. Uçastok saýlaw toparlary ses bermegiň wagty we ýeri barada saýlawçylara saýlawlaryň we sala salşygyň geçiriljek gününe çenli azyndan 20 gün galanda köpçülikleýin habar beriş serişdeleri arkaly habar berýärler.

Saýlawlar, sala salşygyň güni öz ýaşaýan ýerinde bolup bilmejek saýlawçy saýlaw uçastogynda öňünden ses bermäge hukuklydyr we öňünden ses bermek saýlawlara, sala salşygyň geçiriljek gününe çenli 15 gün galandan başlap saýlaw uçastogynda geçirilýär.

Saýlawlar güni saýlaw uçastogynda synçylaryň bolmaga hukugy bardyr.

Uçastok saýlaw topary şol saýlaw uçastogynda saýlawçylaryň sanawyna girizilen we ses berilýän jaýa saglyk ýagdaýy sebäpli özbaşdak gelip bilmeýän saýlawçylaryň öz ýaşaýan ýerlerinde ses bermäge gatnaşmak mümkinçiligini üpjün edýär. Saýlawçy doldurylan saýlaw býulletenini (saýlaw toparlarynyň agzalaryna we synçylara görner ýaly oňaýly ýerde goýlan) saýlaw gutusyna atýar.

**Saýlawlaryň netijelerini kesgitlemegiň tertibi** – haýsy saýlaw ulgamy boýunça ses berlendigi bilen bagly bolup durýar. Saýlawlar gününden soň 3 hepdeden gijä galynman, Merkezi saýlaw topary tarapyndan saýlawlaryň jemleri resmi taýdan yglan edilýär.

Ses bermegiň netijeleri hakyndaky teswirnama:

1) saýlawçylaryň;
2) bellige alnan dalaşgärleriň;
3) dalaşgärleriň ynanylan adamlarynyň;
4) bellige alnan dalaşgärleriň ygtyýarly wekiliniň, syýasy partiýalaryň we bileleşikleriň;
5) Russiýa Federasiýasynyň synçylarynyň we daşary ýurt (halkara) synçylarynyň;
6) köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň tanyşmagy üçin goýulýar.

Saýlawlaryň barşynda ýa-da sesler sanalanda kanunyň düzgünleriniň bozulmalaryna ýol berlendigi üçin, saýlawlar Merkezi saýlaw topary tarapyndan hakyky däl diýlip ykrar edilip bilner.

## Germaniýa Federatiw Respublikasynyň saýlaw ulgamy

Germaniýa Federatiw Respublikasynda garyşyk saýlaw ulgamy ulanylýar. Germaniýa dünýäniň iň bir ösen we uly döwletleriniň biridir, durmuş üpjünçiliginiň görkezijilerinde diňe bir Ýewropada däl, eýsem, bütin dünýäde öňdebaryjy orny eýeleýär.

Germaniýa Federatiw Respublikasynyň döwleti dolandyryş görnüşi – parlament respublikasydyr.

Germaniýa döwleti federal başlangyçlar esasynda gurlandyr. Döwlet 10 sany çäkden (ýerden) ybarat bolan görnüşde düzüldi. Häzirki wagtda 16 sany ýerden ybaratdyr. Her ýeriň bolsa biri-birine garaşly bolmadyk özbaşdak býujet binýady bardyr. Şeýle-de her bir ýeriň öz landtagy (kanun çykarmaga hukugy bolan saýlawly organy) we awtonom hukukly hökümeti bardyr.

Kanun çykaryjylyk häkimiýeti iki palatadan ybarat bolan parlamente degişlidir. Ýöne käbir bilermenler GFR-iň parlamentini bir palataly diýip hasap edýärler.

Ýokary palatasy – Bundesrat, aşaky palatasy – Bundestag.

Bundesrat – bu az sanly palata bolup, federasiýanyň subýektleriniň bähbitlerini beýan edýär. Bundesrat ýerleriň wekilçiligi bolup durýar, ýöne olar saýlanylmaýarlar-da, diňe bellenilýär. Ýerleriň wekilçilikleriniň sany, ýerleriň saýlawçylarynyň sany bilen baglanyşykly proporsional däl görnüşde bölünýär. Ses berlende her ýeriň öz wekilçilikleriniň sanyna deň bolan birnäçe sesi bolup bilýär. Ýeriň 2 million ilaty bar bolsa 3 sese eýe bolýar, 2-den 6 milliona çeni ilaty bolsa 4 sese eýe bolýar, 6 milliondan köp bolsa 5 sese eýe

bolýar. Ýöne her ýeriň sesleriniň sany hökmany suratda bellenilen tertipde ylalaşylyp berilýär. Bundesratdaky her ýeriň wekilçilikleri öz ýerli hökümetleriniň düzgünleri boýunça hereket edýärler.

Bundestag – Germaniýanyň ähli halky tarapyndan saýlanylýar. Aktiw saýlaw hukugy boýunça 18 ýaşy dolan Germaniýanyň islendik raýatynyň ses bermäge hukugy bardyr. Passiw saýlaw hukugy boýunça azyndan bir ýyl Germaniýanyň raýaty bolup ýaşaýan we 18 ýaşy dolan raýatlaryň saýlanmaga hukugy bardyr.

Bundestagyň deputatlarynyň ýarysy saýlaw okruglarynda mažoritar saýlaw ulgamy esasynda ses bermegiň otnositel köplügi boýunça saýlanylýar. Galan ýarysy bolsa proporsional saýlaw ulgamy esasynda her ýere aýratynlykda berilýän partiýalaryň sanawy boýunça saýlanylýar. Bundestag dört ýyl möhlet bilen ählumumy, göni, deň, erkin we gizlin ses bermek arkaly saýlanylýar.

GFR-iň her saýlawçysyna şol bir wagtyň özünde iki ses bermäge kanun esasynda hukuk berilýär. Birinjisi – – okruglar boýunça deputatlary saýlamak üçin, ikinjisi – ýer sanawnamasynyň saýlawlary üçin. GFR-de mandat almak üçin partiýalara ses beren saýlawçylaryň umumy sanynyň 5%-inden az bolmadyk saýlawçylaryň sesini almak şerti bellenendir. Ses sanalyşykda ýurt boýunça 5%-den az ses alan partiýalaryň sesleri parlamentiň wekilçiliklerine paýlanylýar. Diýmek, saýlawlarda köp mandat almak üçin esasy saýlawçylaryň "ikinji sesi" wajyp bolup durýar.

GFR-de Bundestagda wekilçilikleri bolmadyk, entek dalaşgär hödürlemedik syýasy partiýalar saýlawlar

möwsüminiň başlanýandygy yglan edilenden soň hem-de şol partiýanyň saýlaw möwsümi boýunça dalaşgär hödürlemek niýetiniň bardygy hakynda saýlawlara gözegçilik edýän edaranyň ýolbaşçysyna mälim edeninden soň öz dalaşgärlerini hödürläp bilýär.

Mundan başga-da parlamente ilkinji gezek dalaşgär hödürleýän partiýalar dalaşgär hödürlejek bir mandatly saýlaw okrugyndan azyndan 200 saýlawçynyň goluny ýygnamalydyr we dalaşgärleriň sanawnamasy hödürlenilýän köp mandatly ýer boýunça-da 1000 saýlawçynyň goluny ýygnamalydyr.



Bundestag parlamentde ýokary derejä eýe bolmak bilen, onuň başlygy, palatanyň býurosy, topary bardyr we onuň deputatlary fraksiýa birleşendirler. Bundesrat bolsa belli bir mahsus bolan esaslara eýedir. Onuň deputatlaryna Bundestagyň deputatlary tarapyndan kabul edilen kanunlaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek ýaly düzgünler degişlidir.

GFR-de 60-njy ýyllaryň başlarynda üç agzaly syýasy partiýalylyk ulgamy döreýär. Onuň esasy aýratynlygy hökmünde, hökümetde dörän syýasy partiýanyň içine iki sany esasy syýasy guramalaryň girýändigini bellemek bolar. Ýagny, Germaniýanyň sosial-demokratik partiýasynyň içine (GSDP) iki sany bileleşik bolan hristian partiýalary – – Hristianlaryň – demokratik bileleşigi (HDB, Bawariýadan başga GFR-iň hemme ýerlerinde bardyr) we Hristianlaryň – sosial bileleşigi (HSB, Bawariýanyň diňe bir ýeriniň çäginde bardyr).

GFR-iň konstitusiýasynda döwletiň kanunlaryny Bundestagyň kabul edýändigi we Bundesratyň kanunlaryň taslamalaryny taýýarlamak hem-de gözegçilik wezipesine eýedigi bellenilýär.

GFR-iň Prezidenti Parlament Respublikasyna mahsus bolşy ýaly, gytaklaýyn saýlawlar esasynda 5 ýyl möhlet bilen saýlanylýar.

Germaniýa Federatiw Respublikasynyň ýokary palatasy bellemek esasynda döreýär, ýagny saýlawly döwlet dolandyryşy ýüze çykmaýar. Şonuň üçinem GFR-iň Parlamentini käbir bilermenler bir palataly diýip hasap edýärler.

Germaniýanyň nusgalyk tejribesinden ugur alyp, soňky ýyllaryň dowamynda garyşyk saýlaw ulgamyny Günbatar ýewropa döwletleriniň 26-sy kabul etdi. Bilermenleriň aýtmagyna görä, bu reforma şol döwletlerde Parlamentiň we jemgyýetiň syýasy gurluşynyň durmuşa geçmegini çaltlandyrmaga mümkinçilik döredýär.

Diýmek, şeýlelikde saýlaw ulgamy wekilçilikli we kanun çykaryjy edaralaryň ähli hereketlerine düýpli täsir edýär. Şonuň üçin käbir döwletlerde mažoritar saýlaw ulgamyny ulanmak däp bolup gidenem bolsa, şoňa garamazdan ony proporsional ulgam bilen birleşdirip ulanmaga meýilleriň we ymtylmalaryň bardygyny görmek bolýar.

Emma, göräýmäge başga bir döwletiň birnäçe ýyllyk tejribesi esasynda ulanýan saýlaw ulgamyny kabul etmek amatly ýaly bolup görünse-de, bu mesele örän oýlanyşykly çemeleşmegi talap edýär. Has dogrusyny aýdanyňda, bir döwletiň ulanýan saýlaw ulgamy başga bir döwlet üçin amatsyz bolup çykaýmagy mümkin. Şonuň üçinem saýlaw ulgamy her döwletiň özüniň aýratynlyklary göz öňünde tutulyp, ýerli tejribeler esasynda onlarça ýyllaryň dowamynda işlenilip düzülýär.

## Belarus Respublikasynyň saýlaw ulgamy

Belarus Respublikasynda mažoritar saýlaw ulgamy ulanylýar, kanuna laýyklykda Belarus Respublikasynyň Prezidenti we ähli derejedäki deputatlary Belarus Respublikasynyň saýlawçylary tarapyndan gös-göni saýlanylýar. Prezidentiň we deputatlaryň saýlawlary erkindir we ählumumy, deň we göni saýlaw hukugy, ses bermegiň gizlinligi esasynda geçirilýär. Belarus Respublikasynyň saýlaw ulgamynyň hukuk esaslaryny 1994-nji ýylda kabul edilen Belarus Respublikasynyň Konstitusiýasy düzýär. 1996-njy ýylda respublikan referendumynda Belarus Respublikasynyň Saýlaw kodeksi kabul edilýär.

2000-nji ýylda kabul edilen Belarus Respublikasynyň Saýlaw kodeksi dört görnüşli saýlawlaryň hukuk kadalaryny, sala salşyklary geçirmegi, deputatlary we Respublikanyň Geňeşiniň agzalaryny çagyrmagy guramagy özünde jemleýär. Kodeks esasy iki bölümden durýar – Umumy we Esasy. Kodeksde jemi 10 bölüm, 29 bap, 156 madda bar.

Umumy bölüm – saýlaw ulgamynyň, sala salşyklaryň, deputatlary yzyna çagyrmagyň, saýlaw okruglaryny we uçastoklaryny döretmegiň tertibiniň, saýlawlarda, sala salşyklarda, deputatlary yzyna çagyrmakda ses berjek raýatlaryň sanawyny düzmegiň esasy ýörelgelerini düzgünleşdirýär. Mundan başga-da umumy bölümde Belarus Respublikasynyň Prezidentiniň we döwlet edaralarynyň saýlawlary, sala salşyklary, deputatlary, Respublikanyň Geňeşiniň agzasyny yzyna çagyrmagy guramaga taýýarlyk görmek bilen baglanyşykly ygtyýarlyklary bar. Şeýle-de bu bölümde Prezidentiň, deputatlaryň saýlawlarynda, referendumda, deputatlary yzyna çagyrmak boýunça ses bermegi taýýarlaýan we geçirýän saýlaw toparlarynyň ulgamy, ýagny olary döretmegiň tertibi, ygtyýarlyklary we olaryň işini guramagyň düzgünleri kesgitlenilýär.

Esasy bölümde bolsa Prezidentiň, wekiller palatasynyň deputatlarynyň, ýerli Geňeşiň deputatlarynyň, Respublikanyň Geňeşiniň agzalarynyň saýlawlary bilen baglanyşykly ähli işler yzygiderlilikde beýan edilýär. Saýlawçylar Belarus Respublikasynyň 18 ýaşy dolan raýatlary bolup durýarlar. Saýlawlara kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen raýatlar, azat

lykdan mahrum ediliş ýerlerinde jeza çekýän adamlar gatnaşmaýarlar. Şeýle-de administratiw mejbur ediş ýa-da jenaýat iş ýörediş ätiýaçsyzlandyryş çäresi ulanylan adamlaryň saklanylýan ýerlerinde bolýan adamlar ses bermäge gatnaşmaýarlar.

Döwlet baştutany – Belarus Respublikasynyň Prezidenti 5 ýyl möhlet bilen saýlanylýar. Belarus Respublikasynda doglan, ýaşy 35-den pes bolmadyk, soňky 10 ýylyň dowamynda Belarus Respublikasynda ýaşaýan saýlaw hukugy bolan raýat Prezidentlige dalaşgär hödürlenilip bilinýär. Belarus Respublikasynyň Prezidentligine şol bir öňki adam saýlanylyp bilinýär, kanun esasynda möhletiň sany çäklendirilmeýär.

Belarus Respublikasynyň Parlamenti – Belarus Respublikasynyň Milli ýygnagy iki palatadan durýar.

Parlamentiň aşaky palatasy – wekiller palatasy Belarus Respublikasynyň raýatlary tarapyndan 4 ýyl möhlet bilen saýlanylan 110 deputatdan ybaratdyr, 21 ýaşy dolan, döwletiň çäginde hemişelik ýaşaýan raýatlar Belarus Respublikasynyň Parlamentiniň deputatlygyna dalaşgärlige hödürlenilip bilinýär.

Parlamentiň ýokary palatasy – Respublikanyň Geňeşi territorial wekilçilik bolup durýar we 64 agzadan ybaratdyr. Şolaryň 56 agzasy 4 ýyl möhlet bilen we gytaklaýyn (göni däl) saýlaw hukugy esasynda Belarus Respublikasynyň deputatlarynyň ýerli Geňeşiniň deputatlary tarapyndan alty welaýatdan we Minsk şäherinden saýlanylýar. Respublikanyň Geňeşiniň galan 8 agzasy şol möhlet bilen

Belarus Respublikasynyň Prezidenti tarapyndan bellenilýär. Ýaşy 30-a ýeten we degişli welaýatyň, Minsk şäheriniň çäginde 5 ýyldan az bolmadyk möhletde hemişelik ýaşaýan Belarus Respublikasynyň raýaty Respublikanyň Geňeşiniň agzasy bolup bilýär.




Deputatlaryň ýerli Geňeşiniň deputatlary ýurduň ilaty tarapyndan 4 ýyl möhlet bilen saýlanylýar, passiw saýlaw hukugyna eýe bolan we 18 ýaşy dolan, degişli Geňeşiň çäginde işleýän ýa-da ýaşaýan Belarus Respublikasynyň raýaty deputatlaryň ýerli Geňeşiniň deputatlygyna dalaşgär bolup bilýär. Deputatlaryň ýerli Geňeşiniň deputatlarynyň saýlawlarynda belarus raýatlary bilen deň derejede Russiýa Federasiýasynyň raýatlary hem gatnaşyp bilýärler.

Belarus Respublikasynyň kanunçylygyna laýyklykda, iş kesilenligi zerarly döwlet apparatynda wezipe eýelemäge hukugy bolmadyk raýatlaryň Prezidentlige, deputatlyga,

Respublikanyň Geňeşiniň agzalygyna dalaşgärlige hödürlenilip bilinmeýändigi Belarussiýanyň saýlaw kanunçylygynda göz öňünde tutulandyr.

Saýlawlary geçirmegi Belarus Respublikasynyň Konstitusiýasyna laýyklykda hereket edýän saýlaw toparlary üpjün edýärler. Saýlaw kodeksinde saýlaw toparlarynyň ýokary statusy bellenilendir, ýagny, saýlawlara we sala salşyklara taýýarlyk görmekde we olary geçirmekde saýlaw toparlary öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde döwlet we territorial jemgyýetçilik öz-özüňi dolandyryş edaralaryndan garaşsyzdyrlar.

Saýlaw toparlarynyň ulgamyna Belarus Respublikasynyň saýlawlary we respublikan referendumlary geçirmek baradaky Merkezi topary ýolbaşçylyk edýär. Merkezi topary döretmegiň tertibi Belarus Respublikasynyň Konstitusiýasynda kesgitlenendir. Merkezi topar garaşsyz edara görnüşine eýedir we deňlik başlangyçlarynda Prezident we Respublikanyň Geňeşi tarapyndan 12 agzadan ybarat düzümde 5 ýyl möhlet bilen döredilýär.

Merkezi toparyň düzümine wekiller deputatlaryň welaýat, Minsk şäher Geňeşi we degişli ýerine ýetiriji komitetleriň bilelikde görkezmegi esasynda hödürlenilýär. Eger-de Merkezi toparyň agzasy haýsydyr bir syýasy partiýanyň agzasy bolup durýan bolsa, onuň partiýadaky agzalygy togtadylýar we Merkezi toparyň düzüminde iş alyp barýarka şol partiýanyň işine gatyşmagyna, onuň tabşyryklaryny ýerine ýetirmegine ýol berilmeýär.

Merkezi toparyň (saýlawlaryň görnüşi bilen baglanyşykly saýlaw toparlarynyň dürli ulgamy bolup bilýär), sala

salşyklar boýunça toparlar syýasy partiýalaryň, beýleki jemgyýetçilik birleşikleriniň, zähmetkeş toparlaryň we raýatlaryň wekillerinden arza bermekleri arkaly döredilýär.

Prezidentiň saýlawlaryna taýýarlyk görmegi we geçirmegi oblastlaryň, Minsk şäheriniň, oblastlaryň garamagyndaky etraplaryň, şäherleriň çäklerinde döredilýän territorial saýlaw toparlary we uçastok saýlaw toparlary üpjün edýärler.

Wekiller Palatasynyň deputatlarynyň saýlawlaryny geçirmek okrug we uçastok saýlaw toparlarynyň üstüne ýüklenendir.

Okrug we territorial saýlaw toparlary deputatlaryň degişli ýerli Geňeşleriniň we ýerine ýetiriji komitetleriniň bilelikdäki prezidiumlarynyň çözgüdi boýunça döredilýär. Uçastok we etrapdaky şäher, şäherçe, geňeşlik saýlaw toparlary bolsa ýerine ýetiriji edaralar tarapyndan döredilýär.

Saýlaw kodeksinde ýerli Geňeşiň saýlawlary boýunça döredilýän territorial saýlaw toparynyň ygtyýarlygyny ýerli Geňeşiň täze saýlawlary bellenilýänçä gorap saklamak göz öňünde tutulandyr. Munuň özi, ady agzalan saýlaw toparynyň çykyp giden deputatlaryň ýerine saýlawlary, ýerli Geňeşiň deputatlaryny yzyna çagyrmak barada ses bermegi geçirmäge şert döredýär. Şeýle-de bu toparlaryň üstüne Prezidentiň saýlawlaryny we sala salşyklary geçirmek boýunça saýlaw toparlarynyň ygtyýarlygyny ýüklemäge mümkinçilik döredýär. Şu tertipde hem saýlaw toparlarynyň işiniň yzygiderliligi we toparyň agzalarynyň tejribesini artdyrmak üpjün edilýär.

Belarus Respublikasynyň Saýlaw kodeksi Prezidentlige, deputatlyga, Respublikanyň Geňeşiniň agzalygyna dalaşgärleri demokratik häsiýetde hödürlemegi kepillendirýär.

Deputatlyga dalaşgärler üç usulda hödürlenilýär:

– zähmetkeşleriň köpçüliginden;

– syýasy partiýalardan;

– saýlawçylaryň gollaryny ýygnamak ýoly bilen.

Iň ýönekeý görnüşi bolsa syýasy partiýalar tarapyndan hödürlemekdir. Kanun syýasy partiýalaryň Merkezi edaralaryna Parlamentiň deputatlarynyň saýlawlary boýunça bir gezekde 110 okrugyň hemmesine dalaşgär hödürlemäge hukuk berýär. Ýöne syýasy partiýanyň saýlawlaryň bellenen gününe çenli azyndan alty aý öň Adalat ministrliginde bellige alnan bolmagy hökmany şertdir. Ýerli Geňeşleriň deputatlygyna dalaşgärleri hödürlemegi syýasy partiýalaryň ýerli guramalary amala aşyrýarlar.

Wekiller Palatasynyň deputatlygyna dalaşgär hödürlenmek üçin okrugyň çägindäki saýlawçylaryň 1000-siniň goly bilen gollanylmalydyr, welaýatyň, welaýat hukukly şäheriň deputatlygyna 150 gol, etrabyň, etrap hukukly şäheriň deputatlygyna 75 gol, etrapdaky şäheriň, şäherçäniň, geňeşligiň deputatlygyna bolsa 20 gol bilen gollanylmalydyr.

Wekiller Palatasynyň deputatlygyna dalaşgärleri 300 adamdan az bolmadyk zähmetkeş köpçüligi hödürläp bilýär. Saýlawlar bir mandatly saýlaw okruglary boýunça geçirilýär. Saýlawlaryň deňlik şertini üpjün etmek maksady bilen, her bir okrugyň saýlawçy sanynyň tapawudy beýleki okruglaryňkydan 10%-den geçmeli däldir.

Saýlaw kodeksinde dalaşgärleriň hereketleriniň we hukuklarynyň kepillikleri üpjün edilýär. Dalaşgärleriň hukuklarynyň we borçlarynyň deňligi berkidilýär. Dalaşgärleriň köpçülikleýin habar beriş serişdelerinden peýdalanmak, saýlawlaryň öň ýanyndaky wagyz işlerini geçirmek, ynanylan adamlaryň kömegini peýdalanmak hukuklary düzgünleşdirilýär.

Prezidentlige, Wekiller Palatasynyň deputatlygyna dalaşgärleriň hemmesine döwlet tele we radio ýaýlymlarynda tölegsiz çykyş etmek, şeýle-de özleriniň saýlawlaryň öň ýanyndaky maksatnamalaryny metbugatda tölegsiz çap edip, ilatyň dykgatyna ýetirmek hukugy berlendir. Dalaşgärler baradaky maglumat materiallaryny çap etmegiň çykdajylaryny döwlet öz üstüne alýar hem-de dalaşgärlere saýlawçylar bilen duşuşyk geçirer ýaly jaýlaryň tölegsiz berilmegi üpjün edilýär.

Saýlaw kanunçylygyna laýyklykda dalaşgär hödürlenilende onuň terjimehalyna degişli şahsy maglumatlary degişli saýlaw toparyna berilýär we bu maglumatlar bellenilen möçberde ýa-da göwrümde saýlawçylaryň dykgatyna ýetirilýär. Bu kada saýlawçylaryň maglumat üpjünçiligini doly derejede berjaý etmegiň usuly bolup durýar.

Saýlawlaryň öň ýanyndaky wagyz işleri geçirilende ähli dalaşgärleriň maliýe çykdajylary deň derejededir we saýlaw toparlary döwlet býujetinden bölünip berlen serişdeleri dalaşgärlere birmeňzeş möçberde bölüp berýärler, şonuň esasynda hem dalaşgärler özleriniň saýlawlaryň öň ýanyndaky plakatlaryny taýýarlamaga mümkinçilik alýarlar.

Saýlaw kodeksinde saýlaw möwsüminiň açyklygynyň we aýanlygynyň kepillikleri bellenendir, bu barada saýlaw kodeksiniň 13-nji maddasynda ýörite beýan edilýär. Şu madda laýyklykda saýlaw toparlary, wekilçilikli, ýerine ýetiriji we buýruk çykaryjy edaralar özleriniň saýlawlara, sala salşyklara taýýarlyk görmek we geçirmek boýunça alyp barýan işleri hem-de kabul edýän kararlary barada raýatlary habarly edip durýarlar.

Saýlawlaryň aýanlygyna we saýlaw möwsüminiň saýlaw kanunçylygyna laýyklykda geçirilişine gözegçilik etmek maksady bilen, saýlaw toparlarynyň mejlislerinde, saýlawlar gününden öň ses berlende, saýlawçylar öz ýaşaýan ýerlerinde ses berenlerinde, saýlawlar güni ses berlende, ses bermäge başlanmazdan ozal saýlaw gutulary möhürlenende, saýlaw uçastogynda sesler sanalanda, okrug boýunça saýlawlaryň netijeleri takyklanylanda hem-de saýlawlaryň umumy jemi jemlenilende deputatlaryň, dalaşgärleriň ynanylan adamlarynyň, syýasy partiýalaryň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, raýatlar toparlarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleriniň, halkara guramalarynyň we daşary ýurt döwletleriniň synçylarynyň bolmaga hukugynyň bardygy Saýlaw kodeksinde göz öňünde tutulandyr. Halkara guramalarynyň we daşary ýurt döwletleriniň synçylary Belarus Respublikasynyň Prezidenti, Wekiller Palatasy we Respublikanyň Milli ýygnagynyň Geňeşi, Ministrler Geňeşi, Daşary işler ministrligi hem-de Belarus Respublikasynyň saýlawlary we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi topary tarapyndan çagyrylýar.

Şeýle-de Saýlaw kodeksinde ses bermegi geçirmek üçin saýlaw okruglaryny we uçastoklaryny, saýlaw toparlaryny we olaryň düzümlerini döretmek hakyndaky kararlar barada, bellige alnan dalaşgärler, saýlawlaryň we sala salşyklaryň jemleri barada hökmany şertde ilatyň dykgatyna ýetirilmelidigi göz öňünde tutulandyr. Bularyň hemmesi saýlawlaryň we sala salşyklaryň açyklyk, aýanlyk esasynda geçmegini üpjün edýär. Saýlaw kodeksi saýlawlary we sala salşyklary geçirmegiň halkara kadalaryny berjaý edýär.

Daşary ýurtlarda ýerleşýän raýatlar, Belarus Respublikasynyň diplomatik wekilhanalarynyň ýanynda döredilýän saýlaw uçastoklarynda ses berip bilýärler. Saýlawçylar wagtlaýyn bolýan ýerlerinde, ýagny harby bölümlerde, şypahanalarda we dynç alyş öýlerinde, ýatymlaýyn kesel bejeriş edaralarynda ses bermek üçin döredilýän saýlaw uçastoklarynda-da ses berip bilýärler. Saýlawlar, sala salşygyň güni öz ýaşaýan ýerinde bolup bilmejek saýlawçy saýlaw uçastogynda öňünden ses bermäge hukuklydyr. Öňünden ses bermek saýlawlara, sala salşygyň geçiriljek gününe çenli bäş gün galandan başlap saýlaw uçastogynda geçirilýär.

Hemme saýlaw uçastoklarynda, ses bermäge başlanmazdan ozal saýlaw gutulary möhürlenende, ses bermegiň barşynda, saýlawlaryň umumy jemi jemlenende syncylaryň, şol sanda halkara guramalarynyň we daşary ýurt döwletleriniň synçylarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleriniň bolmaga hukugy bardyr. Saýlaw gutusy goýulanda ses berýänler onuň ýanyna barýarka kabinalaryň üstünden hökman geçer ýaly edilip goýulýar.

Ses bermegiň netijeleri hakynda uçastok saýlaw toparynyň teswirnamasyna gol çekilip bolnandan soň, haýal edilmän teswirnamanyň nusgasy saýlaw uçastogynyň jaýynda hemmeleriň tanyşmagy üçin goýulýar.

Ses bermegiň netijelerini kesgitlemegiň düzgünleri saýlawlar hakynda kanunçylykda anyk görkezilendir. Ýagny, Prezident saýlawlarynyň iki tapgyrynda-da, eger-de, Belarus Respublikasynyň saýlaw hukukly raýatlarynyň ýarysyndan köpüsi ses bermäge gatnaşan bolsa, saýlawlar geçirildi diýlip hasap edilýär. Ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň ýarysyndan köpüsiniň sesini alan dalaşgär Prezidentlige saýlanylan hasap edilýär. Deputatlaryň saýlawlarynda ses bermegiň birinji tapgyrynda onuň netijeleri mažoritar saýlaw ulgamynyň absolýut köplügi esasynda kesgitlenilýär, ikinji tapgyrynda bolsa okrugyň saýlawçylarynyň 25%-imi ses bermäge gatnaşsa, saýlawlar geçirildi diýlip hasap edilýär we sesleriň has köpüsini alan dalaşgär deputatlyga saýlanylan hasap edilýär.

Saýlaw möwsümine gatnaşyjylaryň saýlaw hukuklarynyň goraglylygy ýokarda durýan saýlaw toparyna we kazyýete şikaýat etmek ýoly bilen amala aşyrylýar. Saýlawlar bilen baglanyşykly jedelli meselelere seretmegiň möhletleri birmeňzeş häsiýetdedir, ýagny saýlaw toparynda-da we kazyýetde-de deň derejede seredilmelidir.

Saýlawlara taýýarlyk görmegiň barşynda gelip gowşan şikaýatlar, onuň gelip gowşan pursadyndan beýläk üç gün möhletde, saýlawlaryň öň ýanyndaky günde ýa-da saýlawlar güni bolsa haýal edilmän garalmalydyr. Eger-de saýlawlara taýýarlyk görmegiň barşynda gelip gowşan şikaýatlarda

görkezilen maglumatlar goşmaça barlaglary talap edýän bolsa, olara on gün möhletden gijä goýman garalýar. Saýlaw toparlarynyň hereketi bilen baglanyşykly kazyýete şikaýat edilende raýatlardan döwlet pajyny tölemegiň talap edilmeýändigini hem belläp geçmek gerek. Saýlaw kanunçylygynyň ýerine ýetirilişi bilen baglanyşykly gözegçiligi prokuratura amala aşyrýar.

Belarus Respublikasynyň Saýlaw kodeksi esasynda birnäçe saýlawlar geçirildi. Şonuň netijesinde hem saýlawlaryň guramaçylykly geçirilmegi Belarus Respublikasynyň saýlaw ulgamynyň durmuşy we demokratik esaslardan ugur alýandygynyň aýdyň şaýady bolup durýar.

## Gazagystan Respublikasynyň saýlaw ulgamy

Gazagystan Respublikasynyň saýlaw ulgamy "Gazagystan Respublikasynyň saýlawlary hakynda" konstitusion kanun esasynda düzgünleşdirilýär. Saýlawlarda Gazagystan Respublikasynyň 18 ýaşy dolan raýatlarynyň ses bermäge hukugy bardyr. Prezidentlige dalaşgärleriň 40 ýaşy, deputatlyga dalaşgärleriň 25 ýaşy dolan bolmalydyr. Prezidentlige dalaşgäriň Gazagystanyň döwlet dilinde erkin gürläp bilýän bolmalydygynyň we soňky 15 ýylyň dowamynda Gazagystan Respublikasynda ýaşaýan bolmalydygynyň tertibi Merkezi saýlaw toparynyň kabul edýän karary esasynda düzgünleşdirilýär.

Gazagystan Respublikasynyň saýlawlaryna taýýarlyk görmegi we geçirmegi saýlaw toparlary guraýarlar. Saýlaw toparlarynyň ýeke-täk ulgamyna: Gazagystan Respublikasynyň Merkezi saýlaw topary, territorial saýlaw

toparlary, okrug saýlaw toparlary, uçastok saýlaw toparlary girýärler. Saýlaw toparlarynyň ygtyýarlylyk möhleti bäş ýyldyr.

Ähli saýlaw toparlaryna ýolbaşçylyk edýän Merkezi saýlaw topary hemişelik hereket edýän saýlaw toparydyr. Onuň düzümi başlykdan, başlygyň orunbasaryndan, kätipden we agzalardan ybaratdyr.




Merkezi saýlaw toparyna şu ygtyýarlyklar berlendir: Gazagystan Respublikasynyň çäginde saýlaw kanunçylygynyň birmeňzeş ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär, saýlaw kanunçylygynyň birmeňzeş ulanylmagyny üpjün edýär, saýlawlara we sala salşyklara taýýarlyk görülmegini we geçirilmegini guraýar, Mejlisiň deputatlarynyň saýlawlary boýunça saýlaw okruglaryny döredýär, Prezidentlige dalaşgärleri we olaryň ynanylan adamlaryny, teklipçi toparlary bellige alýar, bellige alnan dalaşgärler baradaky degişli maglumatlary ilatyň dykgatyna ýetirýär,

Prezidentiň, Mejlisiň deputatlarynyň saýlawlarynyň netijelerini takyklaýar, bu barada ilatyň dykgatyna ýetirýär, halk maslahatlarynyň nobatdaky we nobatdan daşary saýlawlaryny belleýär.

Saýlawlaryň öň ýanyndaky wagyz işleri dalaşgärleriň bellige alnan gününden başlanýar we ýerli wagt boýunça saýlawlar gününden bir gün öň sagat 24:00-da tamamlanýar. Saýlawlaryň öň ýanyndaky wagyz işlerini geçirmäge Gazagystan Respublikasynyň aktiw saýlaw hukugy bolan raýatlarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň hukugy bardyr. Saýlawlaryň öň ýanyndaky wagyz işleri dürli ýollar arkaly geçirilýär. Köpçülikleýin habar beriş serişdelerinden peýdalanylýar, saýlawlaryň öň ýanynda saýlawçylar bilen dürli görnüşli ýygnaklar, çekişmeler, "tegelek stollar", duşuşyklar, mitingler, ýörişler, demonstrasiýalar geçirilýär. Saýlawlaryň öň ýanyndaky wagyz işlerini harby bölümlerde, harby edaralarda şeýle-de wagyz işlerini saýlaw toparlarynyň agzalaryna geçirmek gadagan edilýär.

Saýlaw toparynda bellige alnan pursadyndan başlap, dalaşgäriň öz maksatnamasy boýunça köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde wagyz işlerini geçirmäge hukugy bardyr.

Saýlawlaryň öň ýanynda ilatyň öňünde wagyz işlerini geçirmek üçin, degişli saýlaw topary dalaşgärleriň hemmesi üçin deň möçberde bolan pul serişdesini bölüp berýär. Prezidentlige, Mejlisiň deputatlygyna, halk maslahatyna, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň agzalygyna dalaşgärleriň saýlawlaryň öň ýanyndaky wagyz işleri boýunça aýratyn bellenilen talaplar görkezilendir.

Dalaşgärleriň saýlawlaryň öň ýanyndaky wagyz işlerini geçirmäge pul kömegini edýän şahslardan peýdalanmaga hukugy hem bardyr. Saýlaw toparlary saýlawlaryň öň ýanyndaky wagyz işleriniň geçirilişine ýolbaşçylyk edýär hem-de dalaşgärleriň döwlet edaralary, guramalary, jemgyýetçilik birleşikleri, saýlaw toparlary bilen baglanyşykly bähbitlerini göz öňünde tutýarlar.

## Gaýana Respublikasynyň saýlaw ulgamy

(Amerikan kontinenti)

Gaýana Prezident-Parlament Respublikasydyr. Döwletiň özygtyýarlylygyny halk amala aşyrýar. Halk öz häkimiýetini wekilleriň ýa-da Gaýananyň Konstitusiýasyna laýyklykda döredilen wekilçilikli edaralaryň üsti bilen amala aşyrýar. Gaýananyň Parlamenti bir palatalydyr hem-de onuň düzümine Gaýananyň Prezidenti we Milli ýygnagy girýär (Milli ýygnagyň düzümine 65 agza girýär, emma Gaýananyň Prezidenti Milli ýygnagyň düzümine girmeýär, ýöne Prezident Milli ýygnagyň mejlislerine gatnaşmaga hukuklydyr).

Gaýananyň Prezidenti 5 ýyl möhlet bilen ählumumy we göni saýlaw hukugy esasynda saýlanylýar. Dalaşgäriň Gaýananyň Prezidenti wezipesine saýlanylandygy barada Gaýananyň Merkezi saýlaw toparynyň başlygy tarapyndan yglan edilýär.

Eger-de Gaýananyň Prezidenti wezipesine hiç bir dalaşgär saýlanylmadyk bolsa ýa-da has köp ses alan dalaşgärleriň sesleriniň sany deň derejede bolsa, Gaýananyň Merkezi saýlaw toparynyň başlygy Premýer-ministriň,

jemgyýetçiligiň gatnaşmagynda has köp ses alan iki dalaşgäriň arasynda bije atýar we bijesi çykany Gaýananyň saýlanylan Prezidenti diýip yglan edýär.

Milli ýygnagyň agzalarynyň saýlawlary gizlin ses bermek arkaly geçirilýär. Parlament saýlawlary geçirilende her bir syýasy partiýanyň bir dalaşgäri hödürlemäge hukugy bardyr. Beýlekilerden köp ses alan dalaşgär saýlanylan diýlip hasap edilýär.

Parlamentiň düzümine Gaýananyň Prezidenti we 70 deputat girýär, şol deputatlaryň 65-si proporsional saýlaw ulgamy esasynda ählumumy we göni saýlawlar arkaly saýlanylýar we 5 deputat hem bellenilýär.

Proporsional saýlaw ulgamynda ses bermek şu aşakdaky görnüşde geçirilýär:

– saýlawçylar dalaşgärleriň umumymilli sanawnamasynyň tarapyna ses berýärler;

– her bir saýlawçynyň bir sesi bardyr we dalaşgärleriň sanawnamasynyň diňe biriniň tarapyna ses berip bilýär.

Parlamentiň deputatlarynyň ygtyýarlylyk möhleti 5 ýyldyr. Eger-de Gaýana uruş ýagdaýynda bolsa, Gaýananyň Prezidentiniň bir gezekde 12 aýa çenli Milli ýygnagyň agzalarynyň ygtyýarlylyk möhletini uzaltmak barada karar kabul etmäge hukugy bardyr. Ýöne şonda Milli ýygnagyň agzalarynyň ygtyýarlylyk möhletini uzaltmak 5 ýyldan aňryk geçip bilmeýär.

Gaýananyň ýerli derejedäki saýlawlary Milli ýygnagyň deputatlarynyň saýlawlary bilen bir wagtda (bilelikde) geçirilýär.

Gaýananyň saýlawlar hakyndaky kanunçylyklary:

1) Gaýananyň Konstitusiýasy;

2) Halk wekilçilikleri hakynda kanun;

3) Milli hasaba alyş hakynda kanun (saýlawçylaryň sanawyny düzmegiň we üýtgetmegiň tertibini düzgünleşdirýär);

4) Konstitusion düzedişler.

Şol düzediş esasynda bolsa, syýasy wekilçilikleriň deň ölçegde bolmazlygyny aradan aýyrmak we dürli syýasy güýçleriň has ýokary derejedäki wekilçiliklerini üpjün etmek maksady bilen, 2001-nji ýylyň 13-nji fewralynda Gaýananyň Merkezi saýlaw toparyna (zerurlyga görä) Gaýananyň Milli ýygnagynda goşmaça deputatlyk orunlaryny döretmäge ygtyýar berildi.

Gaýanada köp partiýalylyk syýasy ulgam hereket edýär we 13 sany syýasy partiýalar saýlawlara gatnaşýarlar hem-de proporsional saýlaw ulgamynyň dalaşgärleriň ýapyk sanawnamasy esasynda ses bermek görnüşi ulanylýar. Ýagny saýlawçylar birnäçe dalaşgärleriň sanawy boýunça ses bermän, diňe syýasy partiýalaryň tarapyna ses berýärler.

## Ysraýyl Respublikasynyň saýlaw ulgamy

Ysraýyl döwleti, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 1947-nji ýylyň 29-njy noýabryndaky Palestinany ikä – ýewreý we arap döwletine bölmek hakyndaky kararyna laýyklykda, 1948-nji ýylyň 14-nji maýynda Palestinanyň çäginde döredildi. Ysraýyl döwletiniň Konstitusiýasy ýokdur. Iş ýüzünde onuň wezipesini döwlet gurluşyna, raýatlaryň hukuklaryna we azatlyklaryna degişli esasy kanunlaryň jemi ýerine ýetirýär.

Ysraýyl döwleti – Parlament Respublikasydyr. Parlament döwletde ýokary derejä eýe bolmak bilen, hökümet öz hereketlerinde tutuşlygyna Parlamentiň öňünde jogapkärçilik çekýär.

Ysraýyl döwletiniň Baştutany Prezidentdir. Prezidentiň saýlanmagynyň, ygtyýarlylyk möhletiniň, wezipesiniň we borçlarynyň tertibi döwletiň Prezidenti hakyndaky Esasy kanun arkaly kesgitlenilýär.

Prezident gizlin ses bermek arkaly we 7 ýyl möhlet bilen Knesset (Parlament) tarapyndan saýlanylýar. Ysraýyl döwletiniň Prezidentiniň ikinji möhlete saýlanmaga hukugy ýokdur. Ysraýylyň islendik raýaty (ýurduň ýaşaýjysy bolsa) Prezident wezipesine dalaşgär bolup bilýär.

Prezidente doly derejede eldegrilmesizlik hukugy berlendir we nähilidigine garamazdan, ol günä çekilmekden boşadylandyr. Hökümet hakynda Esasy kanuna laýyklykda, Prezident premýer-ministri belleýär. Şeýle-de Prezident hökümeti wezipeden boşatmagy kabul etmäge we Parlamentiň ygtyýarlygyny ýatyrmak hakynda karar kabul etmäge hukuklydyr. Prezident degişli haty ugratmak bilen, Parlamentiň başlygygny wezipesinden boşadyp bilýär.

Ysraýylyň iň ýokary kanun çykaryjy edarasy Knessetdir (Parlamentdir). Knessetiň palatasy ählumumy we gizlin ses bermek arkaly hem-de proporsional saýlaw ulgamy esasynda 4 ýyl möhlet bilen saýlanylýan 120 wekilden ybaratdyr. Deputatlyga dalaşgärler partiýalaryň sanawnamasy boýunça goýulýar.

Hökümetiň baştutany – premýer ministr ählumumy we göni saýlawlar esasynda saýlanylýar. Premýer-ministr Knessetiň agzasy bolmalydyr.

Proporsional saýlaw ulgamy boýunça Knessetde (Parlamentde) deputatlyk orunlar dalaşgärleriň sanawnamasynyň tarapyna berlen sesler boýunça bölünýär. Dalaşgärleriň sanawnamasy ýurt boýunça umumy saýlawçylaryň sesleriniň 50%-ini alan bolsa, Knessetdäki jemi deputatlyk orunlarynyň hem 50%-ini alýar.

Ysraýylyň saýlawlary ähluмумydyr we kanunda bellenilen tertibe laýyklykda ses bermäge hukugy bolmadyk adamlardan başga 18 ýaşy dolan hemme raýatlar saýlawlara gatnaşýarlar. Sesler sanalanda döwletiň tutuş çägi bir saýlaw uçastogy diýlip hasap edilýär. Saýlanmaklyk ses bermegiň netijeleri boýunça göni kesgitlenilýär. Ses bermeklik saýlawçynyň nähili ses berendigini özünden başga hiç kim bilmez ýaly derejede gizlinlikde geçirilýär.

Ysraýylda umumy döwlet derejesinde proporsional (deň ölçeglilik) ýörelgelere esaslanýan saýlaw ulgamy kabul edilendir. Ýagny, deputatlyk mandatlarynyň sany her partiýanyň alan sesi boýunça paýlanylýar. Bu ýagdaýda saýlawçylar belli bir dalaşgäriň tarapyna däl-de, dalaşgärleriň sanawnamasynyň tarapyna ses berýärler. Saýlawlarda ýurt boýunça umumy saýlawçylaryň sesleriniň 1,5 %-inden az ses alan dalaşgärleriň sanawnamasy hakyky däl diýlip hasap edilýär we ol syýasy partiýalar Knessete girip bilmeýärler.

Knessetiň saýlawlary dört ýyldan bir gezek geçirilýär, ýöne Knessetiň özi ýa-da premýer-ministr saýlawlary has ir möhlete süýşürmek hakynda karar kabul edip bilýär. Emma aýratyn ýagdaýlar ýüze çykanda Knessetiň ygtyýarlygyny dört ýyldan uzaga hem çekdirilip bilinýär.

Saýlawlara kanun esasynda bellige alnan syýasy partiýalar gatnaşýarlar we dalaşgärleriniň sanawnamasyny berip bilýärler. Ysraýylyň saýlawlary iki sany esasy kanun boýunça geçirilýär: “Knesset hakynda Esasy kanun” we “Knessetiň saýlawlary hakynda kanun”.

Knessetiň saýlawlarynyň ählumumydygy, hemme ýerlilikdigi, gönüdigi, deňdigi, gizlindigi we proporsionaldygy “Knesset hakynda Esasy kanun” boýunça 4-nji paragrafda kesgitlenilýär. Bu tertip deputatlaryň azyndan 61-siniň razyçylygy boýunça üýtgedilip bilinýär. Ysraýylyň 18 ýaşy dolan raýatlarynyň saýlamaga we 21 ýaşy dolan raýatlarynyň bolsa saýlanmaga hukugy bardyr.

Ýöne muňa garamazdan, “Knesset hakynda Esasy kanun” eger-de zerurlyk ýüze çykan halatynda ýa-da üýtgetmeklik hökmany diýlip pikir edilende, raýatlaryň saýlamaga we saýlanmaga bolan hukuklaryny başgaça ýaşlar boýunça çäklendirmäge-de kanun çykaryja ygtyýar berilýär. Emma häzirki güne çenli Knesset bu ygtyýarlykdan ýeke gezek hem peýdalanyp görmedi.

Saýlawlarda dalaşgärlige bellige alnyp bilinmeýän wezipeleriň sanawy kanunda jikme-jik bellenilendir: ýagny olar – ýurduň Prezidenti, döwlet kontrolýory (barlagçysy), kazylar, harby serkerdeler, ýokary wezipeli döwlet işgärleri. Bu wezipeli adamlar dalaşgärlige hödürlenmek hukugyna eýe bolmak üçin, olar kanuna laýyklykda saýlawlara azyndan 100 gün galanda ýa-da 6 aý galanda eýeleýän wezipelerinden doly boşamalydyrlar.

Saýlawlaryň “hemme ýerlilik” ýörelgesi, Ysraýyl döwletiniň saýlawlarda ýeke-täk territoriýadygyny aňladýar.

“Göni saýlawlar” bolanda, saýlawçylaryň Knessetiň deputatlaryny saýlaýançylar toparynyň üsti bilen däl-de, göni saýlaýandygyny aňladýar. “Deň saýlawlar” bolsa her bir saýlawçynyň beren sesiniň deň derejededigini aňladýar. Bu ýagdaý diňe bir saýlawçylar üçin däl-de, eýsem, saýlawlara gatnaşýan syýasy partiýalar üçin hem şeýledir. Ýagny her partiýa saýlawlara gatnaşmak üçin, umumy saýlawçylaryň sesleriniň azyndan 1,5 %-ini almaly ýa-da kim näçe göterim ses alan bolsa, şonça-da deputatlyk mandaty berilmeli. “Gizlin ses bermek” ýörelgesi saýlawlaryň adalatlylygyny goramaklygy, saýlawçynyň kimiň tarapyna ses berýändiginiň bilinmezligini, saýlawçylara zorluk ulanmak, haýbat atmak ýagdaýlaryny aradan aýyrmaklygy aňladýar. “Proporsionallyk” ýörelgesinde, syýasy partiýalara öz alan seslerine görä Knessetden deputatlyk orunlarynyň berilmegini aňladýar.

Ysraýyl döwletiniň garşysyna göni ýa-da gytaklaýyn hereket edýän we jynsparazlyga çagyrýan sanawnamalar saýlawlara gatnaşdyrylmaýar.

Bellenilen tertibe laýyklykda, Knessete partiýanyň sanawnamasyna girizilen dalaşgärler girýärler. Belli bir partiýa 10 orunlyk derejede ýeterlik ses alan ýagdaýynda, sanawnamadaky onunjy sana çenli duran dalaşgärler Knessete girýärler. Eger-de şol partiýanyň Knessetdäki deputatlarynyň biri ýogalan ýa-da Knessetiň agzalygyndan çykan ýagdaýynda, onuň ornuny belläp geçen sanawnamamyzdaky onunjy sandan soň (on birinji) kim duran bolsa, şol eýeleýär.

## Saýlaw möwsümine zenanlaryň gatnaşmagy

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan 1965-nji ýylyň 21-nji dekabrynda Nýu-Ýork şäherinde kabul edilen Jynsy kemsitmäniň ähli görnüşlerini ýok etmek hakyndaky halkara Konwensiýasyna laýyklykda, Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasy her bir adama mahsus bolan mertebe we deňlik ýörelgelerine esaslanýar we Guramanyň agza döwletleriniň ählisi Birleşen Milletler Guramasynyň maksatlarynyň biriniň – adamyň hukuklarynyň we esasy azatlyklarynyň jynsy, aýal-erkekligi, dili ýa-da dini boýunça tapawutlandyrmazdan, hemmeler üçin ählumumy hormatlanylmagyny we berjaý edilmegini höweslendirmek we ösdürmek maksadynyň hasyl bolmagyny gazanmak üçin Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlyk edip, bilelikdäki we özbaşdak hereketleri amala aşyrmaga borçlanýandyr.

Adamyň hukuklarynyň halkara jarnamasy ähli adamlaryň öz mertebesinde we hukuklarynda azat we deň dogulýandygyny hem-de her bir adamyň onda yglan edilen ähli hukuklara we azatlyklara haýsydyr bir tapawutlandyrmasyz, hususan-da, jynsy, derisiniň reňki ýa-da milleti boýunça tapawutlandyrmasyz eýe bolmalydygyny yglan edýär.

Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasyna gatnaşyjy döwletleriň hemmesi, erkekleriň we zenanlaryň deň hukukly bolmaklarynyň adalatly we demokratik jemgyýetiň esasy alamatydygyny ykrar edýärler. Bu döwletler ähli jähtden zenanlaryň syýasy we jemgyýetçilik durmuşyna has-da giňişleýin we işjeň gatnaşmaklary üçin ähli zerur bolan çäreleri görmekligi özlerine borçnama

edinip aldylar. Bu ýagdaý beýleki dünýewi döwletleriň aglabasyna hem degişlidir.

ÝHHG-ä gatnaşyjy döwletleriň saýlawlar bilen baglanyşykly esasy borçnamalaryny 1990-njy ýylyň 29-njy iýunynda (Kopengagen şäherinde) kabul edilen Kopengagen maslahatynyň resminamasy özünde jemleýär.

ÝHHG-niň zenanlaryň deň hukuklary bilen baglanyşykly esasy standartlary bolsa 1991-nji ýylyň 3-nji oktýabrynda (Moskwa şäherinde) kabul edilen Moskwa maslahatynyň resminamasyna we 1999-njy ýylyň 19-njy noýabrynda (Stambul şäherinde) kabul edilen Ýewropa howpsuzlygy hartiýasyna girizilendir.

Mundan başga-da, zenanlaryň erkekler bilen deň hukuklydygy döwletiň öz Konstitusiýasyndaky maddalarda hem beýan edilmelidir. Mysal üçin, Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 20-nji maddasynda: “Türkmenistanda erkekler bilen aýallar deň raýatlyk hukuklaryna eýedirler. Deňhukuklylygyň jyns alamaty boýunça bozulmagy kanun esasynda jogapkärçilige getirýär” diýlip bellenilýär.

Ýöne käbir halatlarda halklar öz arasynda olaryň syýasy we medeni däp-dessurlary bilen tapawutlanýarlar. Şonuň esasynda hem zenanlaryň ýaşaýyş durmuşyndaky däp-dessurlar boýunça hakykat ýüzündäki hukuklary kanun esasynda berkidilen hukuklaryndan ýörgünli bolýan ýagdaýlary ýüze çykýar.

Zenanlaryň saýlaw möwsümine deň şertlerde gatnaşmak hukuklary diňe bir Konstitusiýadaky maddalarda beýan edilmek bilen çäklenmän, eýsem saýlawlar hakynda kanunçylykda-da berkidilmelidir.

Mysal üçin, Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 3-nji maddasynda: “Türkmenistanyň raýatlarynyň haýsy millete degişlidigine, teniniň reňkine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk hem wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, dine garaýşyna, syýasy ygtykadyna, haýsy partiýa degişlidigine ýa-da hiç partiýa degişli däldigine garamazdan, olaryň saýlamaga, saýlanmaga we sala salşyklara gatnaşmaga hukuklaryny göni ýa-da gytaklaýyn çäklendirmek gadagan edilýär” diýlip bellenilýär.

Şol bir wagtda hem olaryň hukuklarynyň kanun esasynda berkidilmegi bilen oňaýmaly däl-de, şol hukuklaryň durmuşa ornaşdyrylmagyna giň mümkinçilik döredilmelidir. Şonda zenanlaryň saýlaw möwsümine işjeň gatnaşmak hukuklary doly derejede amala aşýar diýip hasap edip bolar.

Zenanlaryň saýlaw möwsümine işjeň gatnaşmagyny – saýlaw toparlarynyň agzalarynyň, saýlawçylaryň näçesiniň zenandygyny, saýlawlar boýunça bellige alnan we saýlanylan zenanlaryň, şol sanda halkara (daşary ýurt) synçylarynyň hem-de milli synçylaryň sanynyň näçedigini kesgitlemek arkaly anyklanylýar. Zenanlaryň döwlet derejesindäki işjeňligine, ýokarda bellenilip geçilenler bilen bir hatarda döwlet edaralarynda, syýasy partiýalarda, jemgyýetçilik birleşiklerinde ýolbaşçylyk ediji wezipeli orunlaryň näçesiniň zenanlardan durýandygyny anyklamak arkaly göz ýetirmek bolýar.

Halkara tejribelerinde ÝHHG-ä gatnaşyjy döwletleriň parlamentlerinde zenanlaryň wekilçiligi (deputatlygy) ortaça hasap bilen 15%-e barabardyr, ýöne bu görkezijiniň dünýä derejesinde 13%-e deňdigine seredeniňde ondan ujypsyzja kändigini görmek bolýar.

Şeýle-de halkara tejribelerinde zenanlaryň ýolbaşçylyk ediji wezipeli orunlary iň az sanda eýeleýändigi, häkimiýetiň ýerine ýetiriji pudaklaryna mahsusdyr. Bu görkeziji bary-ýogy 7%-e deňdir.

Türkmenistan döwletimizde hem zenanlar saýlawlara işjeň gatnaşýarlar. Ýurdumyzda geçirilýän saýlawlar boýunça Türkmenistanyň Zenanlar guramasy tarapyndan saýlaw toparlarynyň düzümine wekiller, dalaşgärler hödürlenilýär we milli synçylar bellenilýär. Ýurdumyzyň zenanlarynyň saýlaw möwsümine gatnaşmaklarynyň, wekilçilikli edaralara saýlanmaklarynyň ýokary görkezijilere eýedigini aýtmak bolar.

Mysal üçin: 2012-nji ýylyň 20-nji awgustynda geçirilen Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlarynda Türkmenistan boýunça döredilen etrapdaky şäher, şäherçe, geňeşlik saýlaw toparlarynyň agzalarynyň 34%-iniň, uçastok saýlaw toparlarynyň agzalarynyň 36%-iniň, bellige alnan dalaşgärleriň 24%-iniň, saýlanan Geňeş agzalarynyň 19%-iniň, milli synçylaryň 52%-iniň zenanlarymyzdan ybarat bolandygyny aýtmak bolar.

## Saýlaw möwsümine ýaşlaryň gatnaşmagy

Saýlawlarda ýaşlaryň işjeň ýagdaýda ses bermäge gatnaşmagy birinjiden olaryň döwleti dolandyrmakda öz tutýan orunlarynyň ähmiýetine düşünmekleri üçin bähbitli bolsa, ikinji tarapdan olaryň saýlaw kanunçylygy esasynda öz syýasy hukuklaryna doly düşünmekleri, ýagny diňe bir saýlamaga däl-de, eýsem bellenen ýaşa ýetenlerinde saýlanmaga bolan hukuklaryna-da düşünmekleri we geljekde

eýýäm muňa doly taýyn adamlar bolmaklary üçin öz oňaýly täsirini ýetirýär.

Şonuň netijesinde bolsa olaryň eýýämden syýasy çärelere bolan gatnaşyklaryna höweslenmeklerine, özlerinde işjeňligiň artmagyna uly ýardam berýär.

Elbetde, ýaşlaryň bu işlere düşünmekleri üçin olara has irki döwürlerden – mekdep ýyllaryndan saýlawlar hakyndaky kanunçylygy düşündirmek zerur bolup durýar. Mundan başga-da ýaşlaryň arasynda çäreleri guramak – kanunçylyk barada bäsleşikleri geçirmek arkaly hem düşündiriş işlerini ýaýbaňlandyrmak bolar.

Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasy tarapyndan öwrenilen maglumatlara görä 15-25 ýaşdaky adamlar Ýer şarynyň ilatynyň bäşden bir bölegini tutýar.

Ýaşlaryň saýlaw möwsümine işjeň gatnaşmaklary olara ýokary bolmadyk ýaşlar bellenilse, has oňyn täsirini ýetirýär. Dünýäniň köp döwletlerinde 18 ýaşdan ses bermäge hukuk berilýär. Ýöne birnäçe döwletlerde halkara tejribelerinde kanunçylykda olara ses bermäge – saýlamaga gatnaşmaga dürlüçe ýaşlar bellenendir.

Mysal üçin: Argentinada, Awstriýada, Braziliýada, Kubada, Nikaraguada, Ekwadorda – 16 ýaş;

Indoneziýada, Timor-Leştide – 17 ýaş;

Koreýa Respublikasynda – 19 ýaş;

Bahreýnde, Kamerunda, Hauruda, Ýaponiýada – 20 ýaş;

Kuweýtde, Liwanda, Omanda, Malaýziýada, Birleşen Arap Emirliklerinde, Päkistanda, Singapurda – 21 ýaş bellenendir.

Mundan başga-da, ses bermäge bolan hukuklaryň başga aýratynlyklaryny – Bosniýa we Gersegowinada, Serbiýa

hem-de Çernogoriýada, eger-de işleýän bolsa, raýatlara 16 ýaşdan ses bermäge hukugynyň bardygyny bellemek bolar.

Raýatlaryň saýlanmaga bolan hukuklary boýunça dünýäniň üçden bir döwletinde Parlamente saýlanmaklyk üçin 25 ýaş bellenilendir. Halkara tejribelerinde munuň dürli görnüşlerini görmek bolýar.

**Bir (ýa-da aşaky) palataly Parlament üçin:**

Afrikada – 22,1 ýaş, Demirgazyk we Günorta Amerikada – 21,8 ýaş, Ýewropada – 20,5 ýaş, Ýakyn Gündogarda we Demirgazyk Afrikada – 25,5 ýaş aýratynlyklary bellenendir.

**Ýokary palata (ýa-da) Senat üçin:** Afrikada – 29,7 ýaş, Demirgazyk we Günorta Amerikada – 27,5 ýaş, Ýewropada – 25,1 ýaş, Ýakyn Gündogarda we Demirgazyk Afrikada – 36,7 ýaş aýratynlyklary bellenendir.

Ýaşlaryň saýlamaga we saýlanmaga bolan hukuklarynyň ýaş aýratynlyklary näçe ýokary bolsa, şonça-da olaryň syýasy durmuşa ir uýgunlaşmagyna bökdençlik döräp bilýär.

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan 1989-njy ýylyň 20-nji noýabrynda kabul edilen Çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýanyň 12-nji maddasynda, BMG-ä gatnaşyjy döwletleriň 18 ýaşa çenli bolan çagalaryň hukuklaryny goramak baradaky borçnamalarynyň aşakdaky düzgünleri bellenilýär:

1. Gatnaşyjy döwletler öz garaýyşlaryny kesgitlemäge ukyply bolan çaga şol garaýyşlary çaga degişli meseleleriň ählisi boýunça erkin beýan etmek hukugyny üpjün edýär,

özü-de çaganyň garaýyşlaryna, çaganyň ýaşyna we kämilligine görä degişli üns berilýär.

2. Şu maksat bilen, çaga, hususan-da, özüne degişli bolan islendik kazyýet ýa-da dolandyryş seljermesiniň barşynda pikiriniň gönüden ýa-da wekiliň, ýa bolmasa degişli edaranyň üsti bilen milli kanunlaryň amal kadalaryna laýyk tertipde diňlenilmegine mümkinçilik berilýär.

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň alyp barýan demokratik döwlet syýasaty netijesinde we Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzda ýaşlara aýratyn üns we goldaw berilýär. Olaryň halkara derejesinde kämil bilim almaklary, sagdyn bedenli bolmaklary, şadyýan we eşretli durmuşda ýaşamaklary üçin ähli mümkinçilikler döredilýär. Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasy tarapyndan ýaşlaryň arasynda dürli çäreler guralýar.

Şonuň bilen bir hatarda Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň saýlaw möwsümine hem işjeň gatnaşýandygyny aýtmak bolar. Ýurdumyzda geçirilýän saýlawlar boýunça Ýaşlar guramasy tarapyndan saýlaw toparlarynyň düzümine wekiller, dalaşgärler hödürlenilýär we milli synçylar bellenilýär. Saýlaw kanunçylygyna laýyklykda, Ýaşlar guramasy tarapyndan hödürlenilen wekilleriň saýlaw toparlarynyň düzüminde agza bolmaklary, dalaşgärleriň bolsa dürli wekilçilikli edaralara saýlanmaklary, bellenen milli synçylaryň bolsa saýlaw möwsüminiň geçirilişine syn etmekleri, ýurdumyzyň ýaşlarynyň saýlaw möwsümine işjeň gatnaşýandygynyň, syýasy işjeňlik babatda ýaşlara uly ähmiýet we üns berilýändiginiň aýdyň subutnamasy bolup durýar.

# PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. Türkmenistanyň Konstitusiýasy – Aşgabat, 2008.
2. Türkmenistanyň Saýlaw кodeksi – Aşgabat, 2013.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň Beýik Galkynyş eýýamynyň Konstitusiýasy hakynda. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.
4. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Umumymilli “Galkynyş” Hereketiniň we Türkmenistanyn Demokratik partiýasynyň nobatdan daşary V gurultaýlarynyň bilelikdäki mejlisinde sözlän sözi. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.
5. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlary bilen duşuşygynda eden çykyşy //“Türkmenistan” gazeti. №16. 2013-nji ýylyň 15-nji ýanwary.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň VII gurultaýynda sözlän sözi //“Türkmenistan” gazeti. №240. 2013-nji ýylyň 19-njy awgusty.
7. Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasy – Aşgabat, 2012.
8. Jynsy kemsitmäniň ähli görnüşlerini ýok etmek hakyndaky halkara Konwensiýasy – Aşgabat, 2012.
9. Çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýa – Aşgabat, 2012.
10. Mehmet Saraý “Türkmen taryhy” atly ylmy eser. – Aşgabat, 1994.
11. Sentralnaýa izbiratelnaýa komissiýa Rossiýskoý Federasii. “Izbiratelnoýe zakonodatelstwo i wybory w sowremennom mire” -wypusk wtoroý, Amerikanskiý kontinent. – Moskwa, 2010.

12. Sentralnaýa izbiratelnaýa komissiýa Rossiýskoý Federasii. “Meždunarodnoýe nablýudeniýe za wyborami i referendumami” Sbornik dokumentow i materialow – Moskwa, 2011.
13. Sowmestnyý proýekt Medžlisa Turkmenistana i PROON “Programma po podderžke razwitiýa Parlamenta”. Informasionnyýe materialy “Zakonodatelswo w oblasti izbiratelnyh sistem: opyt i nasionalnaýa praktika” – Turkmenistan, 2011.
14. “Rukowodstwo po monitoringu uçastiýa ženşşin w wyborah” OBSE-BDIPÇ, – Warşawa, 2005.
15. “Rasşireniýe politiçeskogo uçastiýa molodýoži na wseh etapah elektoralnogo sikla” PROON – Nýu-Ýork, 2013.
16. Internet saýt: “Webarhimed.ru”.

# MAZMUNY

Giriş....................................................................................7
I. Saýlaw ulgamy barada düşünje..........................................................11
II. Saýlawlaryň halkara hukuk esaslary..................................................12
III. Saýlaw hukugynyň esaslary barada düşünje....................................27
IV. Saýlaw ulgamynyň görnüşleri.........................................................32
1. Mažoritar saýlaw ulgamy....................................................................33
2. Proporsional saýlaw ulgamy...............................................................39
2.1. Ýarym proporsional saýlaw ulgamy.................................................41
2.2. Artykmaç sesleri başga dalaşgäre bermek
saýlaw ulgamy........................................................................................44
3. Garyşyk saýlaw ulgamy......................................................................45
V. Saýlaw ulgamynyň ösüş taryhy..........................................................47
VI. Türkmenistanyň saýlaw ulgamy........................................................54
Saýlawlaryň umumy düzgünleri..............................................................55
Saýlawlary we sala salşyklary bellemek..................................................58
**Saýlawçylaryň sanawlary**
Saýlawçylaryň sanawlary we olary düzmegiň tertibi...............................59
Raýatlary saýlawçylaryň sanawyna girizmegiň tertibi.............................60
Raýatlary saýlawçylaryň sanawy bilen tanyşdyrmak...............................61
**Saýlaw okruglaryny we saýlaw uçastoklaryny döretmek**
Saýlaw okruglaryny döretmek.................................................................62
Saýlaw uçastoklary..................................................................................63
Saýlaw uçastoklaryny döretmegiň tertibi.................................................63
Saýlaw toparlarynyň gurluşy, saýlaw
toparlaryny döretmek...............................................................................64
Merkezi saýlaw toparynyň ýanynda döredilýän
iş toparlary..............................................................................................67
**Dalaşgärleri hödürlemek we bellige almak**
Dalaşgärleri hödürlemegiň tertibi............................................................69
Syýasy partiýalar, jemgyýetçilik birleşikleri tarapyndan
dalaşgärleri hödürlemegiň tertibi.............................................................70
Raýatlar toparlary tarapyndan Türkmenistanyň Prezidentligine
dalaşgärleri hödürlemegiň tertibi.............................................................70

Raýatlar toparlary tarapyndan Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlygyna, halk maslahatynyň, Geňeşiň agzalygyna dalaşgärleri hödürlemegiň tertibi..........72
Dalaşgärleri bellige almak..........73
**Saýlawlaryň öň ýanyndaky wagyz işlerini geçirmek**
Saýlawçylaryň habarly edilmegi..........75
Wagyz işlerini geçirmek..........76
Wagyz işlerini geçirmegiň möhletleri..........77
**Saýlawlarda ses bermek**
Ses bermegi geçirmek..........77
Saýlawlar gününden öň ses bermek..........79
Ses berilýän jaýdan daşarda ses bermegiň tertibi..........79
**Sesleri sanamak we saýlawlaryň jemlerini kesgitlemek hem-de yglan etmek**
Saýlaw uçastogynda sesleri sanamak..........82
Saýlawlaryň jemini kesgitlemek..........84
Saýlanylanlary bellige almak..........85
Saýlawlaryň jemini yglan etmek..........85
Milli synçylar..........85
Milli synçylary bellemek hukugy..........87
Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri..........88
**VII. Saýlaw ulgamynyň halkara tejribeleri**
Russiýa Federasiýasynyň saýlaw ulgamy..........90
Germaniýa Federatiw Respublikasynyň saýlaw ulgamy..........100
Belarus Respublikasynyň saýlaw ulgamy..........104
Gazagystan Respublikasynyň saýlaw ulgamy..........115
Gaýana Respublikasynyň saýlaw ulgamy..........118
Ysraýyl Respublikasynyň saýlaw ulgamy..........120
Saýlaw möwsümine zenanlaryň gatnaşmagy..........125
Saýlaw möwsümine ýaşlaryň gatnaşmagy..........128
Peýdalanylan edebiýatlar..........132

UOK 342.8
S 24

**S 24 Saýlaw ulgamynyň esaslary.** Gollanma. – Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2013.

TDKP № 304, 2013 KBK 67.99 (2) ýa 05

---

SAÝLAW ULGAMYNYŇ ESASLARY

Merkezi saýlaw toparynyň başlygy
**O.Nyýazlyýewiň** ýolbaşçylygynda
düzüldi we çapa taýýarlanyldy

Redaktorlar *B.Orazdurdyýewa,*
*K. Gurbanow*
Teh.redaktor *O. Nurýagdyýewa*

© Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary
geçirmek baradaky Merkezi topar, 2013.

Çap etmäge rugsat edildi 03.10.2013. Ölçegi 60x84 1/16.
Edebi garniturasy. Şertli çap listi 7,91. Şertli reňkli ottiski 31,87.
Hasap-neşir listi 5,04. Çap listi 8,5. Sargyt 2236. Sany 10 000.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.